**Rubrika: Nusgawy eserler**
**Gerbert UELLS,**
**iňlis ýazyjysy**

# GAÝYP

## Hyýaly roman

## I Bap

## Nätanşyň peýda bolmagy

Nätanyş fewralyň başynda peýda boldy; şol aýazly gün güýçli ýel bilen gar guduz açana dönüpdi — ol şu ýylky iň soňky syrgyndy; nätanyş Bremblherst demir ýol menzilinden paýupyýada ýöräp gelipdi; galyň ellik çekilen elinde çaklaňja gara sanajy bardy. Ol depesinden dabanyna çenli dolanandy, etekleri giňden berk, gataňsy şlýapasy tutuş ýüzüni basyryp durdy, diňe burnunyň uçjagazy ýalpyldap görünýärdi; gerdenleridir döşi, elindäki sanajyna çenli gara basyrylandy. Ol aňzakdyr argynlykdan ýaňa zordan aýaklaryny süýräp, «Paýtunçy hemde ýabylar» traktirine[1] girdi hemde sanajyny ýere taşlady.
— Çoýnar ýaly ot ýakyň! — diýip, ol walalaýlady. — Allaň hatyrasyna gaýrat ediň! Boş otag tapyp beriň hemde ýylnar ýaly ot ýakyň!
Ol üstbaşynyň garyny kakyşdyryp, bäriniň şertleri bilen ylalaşmak üçin hanym Holluň yzy bilen kabulhana tarap gitdi. Gürrüň uzaga çekmedi. Nätanyş oňa iki soweren[2] taşlap, traktirde ýerleşdi.
Hanym Holl diwar pejinde ot ýakyp, oňa öz eli bilen nahar taýýarlamak üçin bärden gyssanmaç çykyp gitdi. Gyşyň güni Aýpingde myhmanyň düşlemegi, üstesinede, hakheşdegi babatda söwdalaşyp durmaýanyň düşlemegi bagtyň daş ýarany bilen desdeňdi. Aşygy alçy gopan hanym Holl muňa mynasyp jogap bermegiň kararyna geldi.
Doňuz eti gowrulansoň, hemişe oýalyukuly hyzmatkär gyz Milliniňem dogumlanary, gyssanary, etini gataldary ýaly, iňirdiden ýüki ýetirilensoň, hanym Holl gonagyň otagyna saçak, gapgaçdyr bulgurlary eltdi, şundan soňam aýratyn neşe bilen desterhany bezemäge başlady. Diwar peçdäki ot şatyrdap ýanýardy, ýöne, gaty geň görülsede, myhman henize deňiç şlýapadyr possunyny aýyrmandy; ol penjireden ýere torgaýlap inýän gara nazaryny dikip, öý bikesine ýeňsesini öwrüp durdy. Özem entegem elliklidi, elleride arkasyndady, üstesine, nämedir bir babatda çuňňur oýa batana ogşaýardy. Öý bikesiniň onuň eginlerindäki garyň eräp, indem halynyň üstüne syrygyp ugrandygyna gözi kaklyşdy.
— Jenap, possundyr şlýapaňyzy bärik beriň — diýip, ol gonaga ýüzlendi. — Olary aşhana äkidip, gurary ýaly asyp goýaýyn.

[1] Traktir — restoranly myhmanhana (ter. bel.).
[2] Soweren — bir funt sterlinge barabar iňlis altyn şaýysy (ter. bel.).

— Hökman däl — diýip, ol yzyna gaňrylman jogap berdi.
Öý bikesi öte eşidendirin öýdüp, ýaňky sowalyny ikilenjem gaýtalamaga hyýallandy. Ýöne şol pursat nätanyş kellesini öwürdi hemde oňa egnaşyr seretdi.
— Men olary çykarmanymy gowy görýän — diýip, ol düşündirdi.
Şu aralykda öý bikesi onuň gözünde tegelek gök äýnegiň, ýüzüni ýapyp duran gür sakgal sapysynyň bardygyny görüp galdy.
— Ýagşy, jenap — diýip, ol sözüniň üstüni ýetirdi. — Gözel göwnüňiz. Otag bahym gyzar.
Nätanyş ýagşydanýamandan dil ýarmady hemde ýene oňa tarap arkasyny öwürdi. Gürrüňiň ugrugybermeýänine göz ýetiren hanym Holl alňasaklyk bilen desterhany ýazyp otagdan çykdy. Hanym gaýdyp gelen mahaly ol henizem, misli, daş heýkel kimin, küýkerilip, ýakasy ýokaryk galdyrylgy, ýüzüdir gulaklary saýgarmaz derejede şlýapasynyň etekleri aşak çümrülgi ýagdaýda — şol ozalkysy ýaly penjiräniň öňünde durdy. Öý bikesi heýgenekli doňuz etini saçagyň üstüne goýup, tas gygyryp diýen ýaly gürledi:
— Jenap, ertirlik şamy taýýar!
— Köp sag boluň — diýip, ol derhal jogap gaýtardy, ýöne tä öý bikesi gapyny daşyndan ýapynça ýerindenem gozganmady. Gapy ýapylan badyna bolsa, hyrra yzyna öwrülip, desterhanyň başyna geçdi.
— Häý, saçy kesilmiş gyz! — deiýip, hanym Holl jibrindi. — Ony unudaýan bolsam nätjek! Hallyňsallyň haýran diýsä! — Öý bikesi ajy hurşy özi taýýarlamaga durup, Milliniň haýalýagallygy, äwmezekligi üçin oňa şerebeli sözlerini paýratdy. Onuň özi doňuz etli heýgenegi gowurmaga, desterhany ýazmaga, zerur zatlaryň barysyny bitirmäge ýetişipdi, Milli welin — päheý, şonuň kömekçi bolaýşyny! — myhmany ajy hurşsuz galdyrypdy. Gonak ýapýaňy gelipdi ahyry, megerem, bärde ýaşajakdyram. Hanym Holl hüňürdäp, ajy hurşuň gabyny doldurdy hemde dabara bilen diýen ýaly, ony zer çaýylan gara mejimäniň üstünde goýup, myhmanyň otagyna alyp gitdi.
Zenan gapyny kakdy hemde şonuň yzysüresi içerik girdi. Nätanyş çakgan hereket etdi, öý bikesem diňe stoluň aşagynda nähilidir bir apak zadyň gaýmalap gidenini zordan saýgaryp ýetişdi. Çaky, gonak ýerden nämedir bir zady ýygnan borly. Zenan ajy hurşy desterhanyň üstünde goýdy, şol aralykdada myhmanyň possundyr şlýapasynyň diwar pejiň ýanyndaky oturgyjyň üstünde ýatandygyny, polat gözenegiň üstündede bir jübüt öl paşmagyň duranyny gördi. Elbetde, gözenegiň pos atjagy ikuçsuz. Hanym Holl aýgyt bilen diwar pejiniň ýanyna golaý bardy hemde hiç hili gaňryşyna gaýdylmajak äheňde çürtkesik gürledi:
— Indihä zatlaňňyzy äkidip, gurudaýmaly bolupdyr öýdýän.
— Şlýapadan öňňesini alaýyň — diýip, myhman gyryk ses bilen gürledi. Zenan yzyna öwrülende onuň gösgöni oturanyny hemde özüne bakan tiňkesini dikip duranyny gördi.
Öý bikesi bir dakyka töweregi haýran galmakdan ýaňa dili tutulyp, gözlerini petredip alasarmyk halda doňup galdy.
Ýüzüniň aşak etegini ýany bilen getiren nähilidir bir ak zat, megerem, nahardan soň elagyz süpürilýän ýaglyjak bilen ýapypdyr, şeýle bolansoň, agzy-da, äňide

görnenokdy. Sesiniň boguk, ölügsi çykmagyda şonuň üçin bolmaly. Ýöne ony serpmeden gaýdana dönderen bütünleý başga zatdy. Nätanşyň maňlaýy gök äýneginiň gösgöni ujundan ak hasa bilen saralandy, beýleki bir ak hasada gulaklaryny örtýärdi, şondan ötri diňe gyzyl jüýk burny açyk galýardy. Nätanşyň ilki gelen mahalyndakysy ýaly onuň burny häzirem gypgyzyldy hemde ýalpyldap durdy. Ol goňur mahmal keltekçe geýnipdir; ak mata çekilen uzyn garamtyl ýakasy galdyrylgydy. Gür gara saçy, atanaklaýyn çekilen ak hasalaryň astynda, tertipsiz çaşyşyp, hüžžerişip durdy hemde nätanşa iňňän üýtgeşik, geňenaýy görnüş berýärdi. Onuň bürelen hemde ak hasa çekilen kellesi hanym Holly şeýlebir haýrana goýdy welin, ol öwelmekden ýaňa gazyk ýuwdana dönäýdi.

Gonak ýaglyjagy ýüzünden aýraýyn diýmedi, ony henizem goňur ellikli eli bilen saklap, aňyrsy görünmeýän gök äýneginiň astyndan öý bikesine jiňkerilýärdi.

— Şlýapany goýaweriň — diýip, ol ýumşak kagyzyň astyndan ýenede garjaşyk madyrdady.

Hanym Holl, gorkudan aýňalyp, şlýapany alan ýerinde — oturgyjyň üstünde goýdy.

— Jenap, men bilmändirinem... — diýip, zenan gürrüňe başlady. — Siz... — Aljyramakdan ýaňada yzyny aýdyp bilmän dymdy.

— Taňryýalkasyn — diýip, gonak sowuksala gürläp, köpmanylylyk bilen gapa äňetdi.

— Häzir barysyny guradaryn — diýip, ol geýimi ýany bilen alyp gitdi. Gapynyň agzyna ýetendede ýene bir ýola onuň ak hasa saralan kellesine hemde gök äýnegine seretdi; ol henizem agzyny ýaglyjak bilen ýapyp durdy. Öý bikesi sandyraklapsandyraklap gapyny ýapdy, onuň halys dowla düşenini ýüzünden okap oturmalydy. — Ömrümiň durkuna... — diýip, ol pyşyrdady. — Bäýbä, eý, Taňrym! — Zenan ýuwaşlyk bilen aşhana dolanyp geldi hemde hatda Milliden şo taýda nämä gydyrdanyp ýöreninide soramady.

Şu aralykda nätanyş öý bikesiniň daşlaşyp barýan aýak sesine dykgat bilen diň salýardy. Ýaglyjagy aýryp, ýenede tagamyň başyna geçmezden burun, ol penjirä tarap çiňerilip seretdi. Bir dogramçany bokurdagyndan ötüribem, indi penjirä şübhe bilen äňetdi, soňra ör turdy, ýaglyjagy elinde saklap durşuna, perdäni penjiräniň aşaky bölegini örtüp duran ak tuta deňiç goýberdi. Otagy alagaraňkylyk gaplap aldy. Ol biraz ynjalyp, desterhanyň başyna geçdi hemde ertirlik şamyny dowam etdirdi.

— Görgüsi ýaman betbagt, ýykylypsürşüpdir öýdýän. Ýaha dogtorlar operasiýa edipdir, ýada başga bir şoňa meňzeş zat — diýip, hanym Holl içini çekdi. — Durşy bilen ak hasa saralan, hatda hopukman sereder ýalam däl.

Zenan pejiň içine kömür saldy, egineşik guradylýan diregi süýşürdi hemde onuň üstünde gonagyň possunyny serdi.

— Äýnegi dagy näteňet? Adam dälde, agynjak bir guwwasyň barda. — Ol şarfy diregden asdy. — Ýüzünem ýaglyjak bilen örtýä! Şoň aňyrsyndanam gürleýä!.. Belki, agzynam ýaralandyr? — Şu pillede ol yzyna öwrüldi, çaky birden nämedir bir zat ýadyna düşen borly. — Ýa ýaradan Biribar! — diýip, ol haýkyrdy. — Milli! Ýukajyk hamyrly tagamymyz entegem bişenokmyka?

Hanym Holl desterhanyň üstündäki aňrybärileri ýygnaşdyrmak üçin myhman otagyna baranynda, çaklamasynyň üstüne täze bir tassyknama goşuldy, gonagyň agzy

nähilidir bir betbagtçylyk zerarly haraplanypdyr ýada erbet şikes ýetirilipdir: zenan otagda mahaly ol ýüzüniň aşak tarapyna saralan ýüpek ýaglygy ýeke saparam aýyrmady. Myhman burçda, aşak goýberilen perdä arkasyny öwrüp otyrdy; garbanyp aňyrsyna bir zat atansoň hemde ýylnansoň, megerem, özüni dürsän borly, indi ozalkysy ýaly, üzlemsaplam, kejigip gürlänokdy. Ataşyň gyzylymtyl öwüşgünine onuň ullakan äýnegi jan girene meňzeýärdi.
— Brenblherst menzilinde — diýip, ol gürrüňiniň yzyny ýetirdi. — Meň ojagazbujagaz goşum galdy. Şo taýyk adam iberip bolmazmy? — Ol jogaby diňläp, ak hasa saralan kellesini salyhatlylyk bilen aşak egdi. — Diýmek, diňe ertir gidip bolýada? — diýip, biraz üşerildi. — Eýsem, häzir ugradyp bolanokmy? — Öý bikesi mümkin däl diýensoňa, ol gaty gynandy. — Mümkin dälmi? — diýibem, gaýtalap sorady. — Belkide, herhal, araba bilen menzile gidipgelip biläýjek kimdir biri tapylar?
Hanym Holl ähli sowala höwes bilen jogap berýärdi, şeýtmek bilenem ony gürrüňçilige çekerin öýdüp umyt bildirýärdi.
— Menzile barýan ýol kertkert — diýip, zenan jogap berdi, gürrüňiň hörpüne göräde sözüne şuny goşdy. — Geçen ýyl şo ýolda paýtun agdaryldy. Paýtunda barýanam, paýtunçam janyndan jyda düşdi. Belaň körüginiň nireden geljegini biler ýaly däldä? Ýekeje dakyka — barysy tamam, dogry dälmi, jenap?
Ýöne gonagy gürrüňe çekmek dagdan mumyýa tüpeňländen enaýy däldi.
— Dogry — diýip, ol aňyrsy görünmeýän äýneginiň astyndan oňa parahat seredip durşuna ylalaşdy.
— Soňam haçan gutuljagyň belli däl, hakykat ahyry şol? Ynha, ýegenim Tom şoňa janly şaýat, ol aňňala elini kesdirdi, birden büdredide, kesdiräýdi. Ynanmarsyňyz, üç aýlap eli saralgy gezdi. Şondan bäri aňňal gördügim myrtar gorky basýa.
— Muny geň görüp oturmaly däl — diýip, gonak jogap berdi.
— Hatda bir döwürde oňa operasiýa etmeli bormuka öýdübem pikir etdik, sebäbi şo wagt ýagdaýy gaty pesdi.
Myhman, misli, it üýrýän dek, üzlemsaplam güldi.
— Oň ýagdaýy beýle agyrdymy? — diýip, ol gaýtalap sorady.
— Hawa, jenap. Aladasyny edýänler üçinä bütinleý gülkünç bolmady. Ynha, jenap, hut maňada şoň hossasy ýetdi, çünki uýama körpe çagajyklaryda iş bolýady. Bar işim onuň elini daňmak, daňysyny täzelemek bolaýdy, şondan ötri, eger ejaza berseňiz...
— Baş üstüne, maňa otluçöp berseňizläň — diýip, ol duýdansyz ýerden onuň sözüni böldi. — Şybygym öçüp gidipdir.
Hanym Holl tapba sesini kesdi. Şeýdip sözüniň bölünmegi, gürrüňsiz, gödeksiräk çykypdy. Zenan biraz oňa gaharlyrak seredip durdy, emma iki soweren ýadyna düşensoň, otluçöp getirmäge gitdi.
— Minnetdar — diýip, öý bikesi otluçöpi stoluň üstüne goýan mahaly ol gysgaça jogap berdi. Soňra ýeňsesini oňa tarap öwrüp, ýene penjirä äňetdi. Çaky ak hasalardyr operasiýa baradaky gürrüň oňa ýakmadyk borly. Zenan gaýdyp bu gürrüňe dolanmazlygy makul tapdy. Nätanşyň bigadyrlygy onuň myrryhyny tutdurdy. Şunlukda, ol ahmyryny Milliden çykardy.

Ötegçi myhman otagynda sagat dörde çenli oturdy, ýanyna girmägede hiç hili sebäp döretmedi. Şol wagtyň tutuş dowamynda diýen ýaly, onuň otagyndan sesselem çykmady, megerem, ol sönüp barýan diwar pejiniň ýanynda oturandyr, belkide, keýpine meýmirändir.
Ýöne beýewbar kimdir biri üns berip diň salanlygynda, onuň kömri dörjeleýşini, yzyndanam otagda birsellem eýläkbeýläk ýöräp, özözi bilen gürleşişini eşiderdi. Soňra ol ýene oturdy, şonda aşagyndaky kürsi jygyldap gitdi.

## II Bap

## Jenap Teddi Henfriniň ilkinji täsirleri

Sagat dört bitende, iňrik garalyp ugraberende hanym Holl ýüregini bire baglap gonagyň halyndan habar almaga hemde ondan çaý içmek meýliniň bardygyny soramaga hyýallanan mahaly traktire sagat ussasy Teddi Henfri giräýdi.
— Beýle-de bir ýakymsyz howa bor oguşýa, hanym Holl! — diýip, ol jibrindi. — Menem, walla, ýeňiljek aýakgap geýäýipdirin.
Daşarda welin gar gitdigiçe telpekläp ýagýardy.
Hanym Hollam howanyň ýaramazdygyndan zeýrendi, içi guralIy çemedanjygy görensoňam, ýüzi ýagtylyp gitdi.
— Näme diýseňizläň, jenap Henfri, geleniňiz gowy bolaýdy, haýyş edýän, myhman otagyndaky sagada seredip beräýiňdä. Ýöräbem dur, zaňam işleýä, ýöne sagadyň dili altyda doňup galdy, indem duran ýerinden teý gymyldasy gelenok.
Öý bikesi sagat ussasyny myhman jaýynyň gapysyna çenli eltip, gapyny kakdy hem içerik girdi.
Zenan gapyny açan badyna şeýle ahwalata gözi kaklyşdy: ötegçi diwar pejiň ýanyndaky kürsüde oturyşyna irkiläýen ýalydy. Onuň ak hasa saralan kellesi egnine tarap gyşarypdy. Otagy alawyň gyzylymtyl öwüşgini yşyklandyrýardy; äýneginiň gözleri demir ýolundaky duýduryş çyrasy ýaly ýylpyldaýardy, ýüzi bolsa kölegelenip durdy; gyş gününiň iň soňky şöhleleri çalarak açyk gapynyň arasyndan içerik zowwam geçýärdi. Hanym Holla ähli zat gyzylymtyl, geňenaýy hemde öçügsi görünýärdi. Üstesine, çyranyň ýagtysyda onuň gözüni gamaşdyrypdy, ol çyrany ýapýaňy dikdurma ýürekse edilýän ýerdäki söýegiň üstünde ýakypdy. Bir dakykalyk pursatda oňa gonagyň eýmenç, hatap deýin açyk agzy tutuş ýüzüni kesip geçýän ýaly göründi. Bu göz açypýumasy salymyň içinde bolup geçipdi — ak hasa bilen saralan kelle, gözlere derek äpet äýnek, göreçleriniň aşagyndada pallaýan şekildäki giň agyz. Ýöne, ynha, ymyzganyp ýatan gozganjyrady, kürsiniň üstünde göneldi hemde elini göterdi. Hanym Holl gapyny doly açdy, şonda otag birneme ýagtylyp gitdi; indi öý bikesi ony öňküden mazalyrak synlap bildi, onuň ýüzi häzirem örtgülidi, başda ýaglyjak bar bolan bolsa, indi oňa derek şarf bardy. Zenan bularyň baryny gözüne görnen, kölegeleriň oýny hasaplady.
— Jenap, ussa geldi welin, şoňa sagada seretmäge rugsat bermersiňizmi? — diýip, ol özüni dürsänden soň sorady.

— Sagat görmelimi? — diýip, ol oýalyukuly halda daştöweregine garanjaklady. Soňam aýňalan ýaly, sözüniň yzyny sugşurdy. — Baş üstüne!
Hanym Holl çyrany getirmäge gitdi, gonagam kürsüden turup, gerinjiredi. Çyrada geldi, jenap Teddi Henfrem otaga girip, kellesi hasa saralgy kişi bilen ýüzbeýüz boldy. Ussanyň özüniň aýtmagyna görä, şonda tas diňarkan gaýdan eken.
— Giç ýagşy — diýip, nätanyş onuň ýüzüne tiňkesini dikdi. Gonagyň şol wagtky mysalasy, Teddiniň soňra ýaňzytmagyna görä, leňňeji ýatladypdy. Beýle deňeşdirme getirmegine, megerem, onuň gögümtil äýnegi sebäp bolandyr.
— Hernä sizi biynjalyk etmerindä? — diýip, jenap Henfri sypaýyçylyk etdi.
— Azary bolmaz — diýip, ötegçi jogap berdi. — Aslyndaha... — diýibem, ol hanym Holla ýüzlenip, sözüniň üstüni ýetirdi. — Şu otag diňe özüm üçin niýetlenendir öýdüpdim.
— Jenap! — diýip, öý bikesi dillendi. — Garşy bolup durmarsyňyz diýip hasapladym, eger sagat...
Zenan «bejerilse» diýip üstüne goşmak isledi, emma sägindi.
— Elbetde — diýip, ol onuň sözüni böldi. — Çynymy aýtsam, aslynda ýekeligi gowy görýän, ynjalykdan gaçyryp dursalaram, halap baramok. Ýöne sagat bejerilse, hoş bordum — diýip, jenap Henfriniň ýaýdanyp duranyny görensoň, sözüni dowam etdirdi. Ussa ötünç sorap, çykyp gidermen bolupdy, ýöne ötegçiniň soňky sözleri ony ynjaltdy.
Gonak diwar peje tarap ýeňsesini öwürdi hemde ellerini arkasyna gowşurdy.
— Sagat bejerilenden soň, çaý içäýsem diýýän — diýip, ol haýyş etdi. — Ýöne şondan öň içjek däldirin.
Hanym Holl eýýäm otagdan çykmaga hyýallanypdy — bu sapar gürrüň açmaga synanyşjak bolup durmady, çünki jenap Henfriniň ýanynda özüniň ýüzüniň alynmagyny isläp baranokdy. Emma nätanyş oslagsyz ýerden ondan özüniň ýüküniň getirilmeginiň aladasyny edipetmänini soraýdy. Zenan bu meselede hat gatnadyjy bilen gürleşip goýandygyny, ýüküňem ertir irden getiriljekdigini aýtdy.
— Şondan öň ýüki getirip bolmajagy çynda onda? — diýip, myhman sorady.
— Çyn — diýip, zenan juda sowuksala jogap berdi.
— Özümiň näjüre adamdygymy size badabat aýtmalydym, ýöne halys üşänim hemde sütünim süýnenim üçin dilim zordan aýlandy. Men, görşüňiz ýaly, tejribe, synag geçiriji alym.
— Wiý, şeýlemidi asyl — diýip, hanym Holl janykdy. Myhmanyň bu sözleri oňa gaty uly täsir etdi.
— Meň ýüküm her dürli enjamlardan hemde gurallardan ybarat.
— Olaňňyza gaty haýyrly zatlar eken! — diýip, hanym Holl pikirini mälim etdi.
— Menem, onsoň, öz barlaglammy dowam etdirmek mümkinçiligine sabyrsyzlyk bilen garaşýan.
— Jenap, ýagdaýyňyza gowy düşünýän.
— Aýpinge gelenimiň sebäbi... — diýip, ol görnüşinden çak ursaň, her sözüni saldarlapsaldarlap, haýaljakdan gürleýärdi. — Hmm... gönüläp aýdamda, asuda hem rahatja ýere ymtylmagym. Tejribe geçirýän mahalym bimaza edilmezligini isleýän. Mundan başgada, betbagtçylykly ýagdaý...

«Şeýledir öýdüp pikirem etdimle» — diýip, hanym Holl öz ýanyndan düwünçegine düwüp goýdy.
— ...meni özbaşyma galmaga mejbur edýä. Muňňam sebäbi aramaram gözlem şeýlebir kütelýä hemde sogrulyp barýan derejede agyryp ugraýa welin, garaňky otagda tutuş sagatlap içinden gurup oturmaly bolýa. Beýle ahwalat wagtalwagtal bolup dur. Häzir, Hudaýa şükür, ýagşy. Ýöne möwjän çagy welin, çala azar berildigi, keseki adamyň görünmegi jebir baryny çekdirýä... Şuny size öňünden duýduryp goýsam, gowy bor diýip hasapladym.
— Dagy näme, jenap — diýip, hanym Holl makullady. — Ýogsada, sizden soramaga het edip bilerinmi...
— Size aýtjak zatlammyň barysy şular — diýip, ötegçi gaňryşyna gaýdylmajak äheňde onuň sözüni kesdi.
Hanym Holl dymdy hemde sowallarydyr duýgudaşlyk bildirmegini has amatly pursada goýmagyň kararyna geldi.
Öý bikesi çykyp gitdi, gonagam sagat bejerip duran jenap Henfrä otlukly nazaryny dikip, şol öňküsi ýaly, diwar pejiň ýanynda durdy (garazhaý, şeýle diýip muny Henfriniň özi soňra aýdypdy). Ussa çyrany ýanynda goýdy, çyranyň ýaşyl telpeginden çykýan ýiti ýagtysy onuň eline hemde sagadyň şaýlaryna düşüp, tas tutuş otagy diýen ýaly kölegede goýýardy. Ussa kellesini galdyranynda gözüniň öňünde dürli reňkdäki tegmiller gaýmalaşýardy. Tebigy ýasawy boýunça bilesigeliji adam bolansoň, jenap Henfri bütinleý zeruryýeti bolmadyk şaýy çykardy, şeýtmek bilen işi uzaklaşdyrmaga, kim bilýär, belkide, hatda nätanşy gürrüňe çekmäge umyt edýärdi. Emma ol ýerinden gozganman, sessizüýnsüz durdy. Içinde jany ýok deýin bütinleý jyňky çykmansoň, munuň özi, jenap Henfriniň degnasyna degip ugrady. Hatda, göwnüne bolmasa, otagda ýeke özi ýaly bolup göründi, ýöne gabagyny galdyryp, gözüniň öňünde ýaşyl menekler gaýmalaşan mahaly, ol alagaraňkylykda kellesine hasa saralan, güberçekläp duran gök äýnekli gabarany gördi. Munuň özi şeýlebir eýmendirijidi welin, jenap Henfri nätanşa gözlerini çerreldip, bir dakyka dagy sarsman durdy. Soňam nazaryny sowdy. Birhili tagaşyksyz ýagdaý! Nämedir bir zatdan gürrüň açmak gerek. Howa öňki ýyllara garanyňda sowuk geldi diýip gepbaşy ediläýse niçik borka?
Ol gürrüňe çemelenip, ýene gabagyny galdyrdy.
— Howa... — diýip, ol gürrüňe başlaberjek boldy.
— Işiňizi gutarma hyýalyňyz ýokmy? — diýip, ýere sokulan gazyk deýin duran adam, megerem, dyňzap gelen gaharyny zordan ýuwdup gürledi. — Ahow, sagadyň dilini baryýogy okuna berkitdigiňiz bes, bar iş gutarýa ahyry, siz welin bärde nahak ýere kösenip, başagaý bolup ýörsüňiz.
— Häzir jenap... ýekeje dakyka... Men gözden salaýypdyryn... — Jenap Henfri işi çalasyn tamamlady, ýöne gaty janyýangynly çykyp gitdi.
— Al kakmyş! — Henfri öljümek garyň arasyndan ýöräp barşyna öz ýanyndan hüňürdeýärdi. — Sagat barlamak nä görüňe gerekdi diýsene... Ahow, oň ýüzüne sereder ýaly dälä. Alamatmy, musallatmy? Biler ýaly däl! Hamala, özüni polisiýa agtarýan ýaly, hasa baryna çolanypdyr hemde bürenipdir.

Ol burça ýeten mahaly nätanşyň düşlän ýeri bolan «Paýtunçy hemde ýabylar» traktiriniň öý bikesine golaýda öýlenen Holla sataşdy. Holl Sidderbrij menzilinden gaýdyp gelýärdi, ol şo taýyk tötänden duşan ýolagçylary Aýpingiň köp orunly paýtunynda alyp gidipdi. Onuň paýtun sürşünden çen tutsaň, Holluň Sidderbrijde azowlak «gulkudandygy» köre hasady.

— Teddi, halahwallar niçik? — diýip, ol Henfri bilen deňleşende, oňa habar gatdy.

— Siziňkide nähilidir bir gümürtik, ygtybarsyz kişi düşläpdir — diýip, Teddi wazzywuzzy etdi.

Gep goşmaga adam tapylanyna begenen Holl jylawy çekdi.

— Nämenäme diýdiň? — diýip, ol çintgäp sowal berdi.

— Traktiriňizde nahilidir bir şübheli adam düşläpdir — diýip, Teddi täzeden gaýtalady. — Duz bar... — Şundan soň ol geňenaýy gonagy jikmejigi bilen suratlandyrmaga başlady. — Artdyrybam aýdamok, kemeldibem aýdamok, sypaty dagy näteňet, görer ýaly däl. Beýewbar öz öýüm bolanlygynda, düşlän adamynyň kimdigini bilmezden, aýagynam sekdirmezdim — diýip, ol gürrüňiniň yzyny dowam etdirdi. — Keseki erkek kişä gezek gelende zenanlar gaty ynanjaň. Holl, ol siziňkide düşläpdir, özem hatda adynam aýtmandyr.

— Beýle bolmaga haky ýok — diýip, çalt oýlanmaga gezek gelende duran ýeri bolan Holl janykdy.

— Şola şeýle — diýip, Teddi tassyklady. — Ol bir hepdäň hakyny öňünden töläpdir. Diýmek, kim bolanlygynda-da, bir hepdesiz ondan dynyp bilmersiňiz. Özem birgiden ýüküm bar diýýä, onam ertir getirjekler. Hernä içi daşdan doly gapyrjak däldirdä.

Şu ýerdede ol Gastingsde haýsydyr bir näbelli ötegçiniň içi boş çemedany bilen özüniň daýzasyny ters aýlandyryp goýberişi barada gürrüň berdi. Umuman, Teddi bilen bolan gürrüňçilik Hollda nähilidir bir bulaşyk şübhe oýardy.

— Baýtaljygym, hany, ýöre bakaly! — diýip, Holl ýabysyna gykylyklady. — Görýän welin, tertibe salmaly zat tapylaýan ýalyla.

Mazaly ýüregini egsen Teddi bolsa, indi keýpi durlanyp, öz ýoly bilen gidiberdi.

Ýöne tertibe salmaga derek, Holl öýüne dolanyp gelen mahaly, Sidderbrijde gaty uzak egleneni üçin igenç baryny eşitmeli boldy, özüniň täze gonak baradaky çekineçekine beren sowallarynada kesgin, ýöne sypjyk, ikuçly jogap aldy. Ýöne, herhal, sagatçynyň kalbyna oklan şübhe tohumy şineläpdi.

— Siz heleýleň düşünýän zady ýok — diýip, jenap Holl, ilkinji amatly ýagdaý döränden gonagyň kimdigini anygrak bilmegiň kararyna geldi.

Myhman özüniň dynç alynýan otagyna gidenden soň — şol wagt onuň ýary töweregidi — jenap Holl aşa eýemsiräp, myhman otagyna bardy hemde bärde otegçiniň dälde, eýsem, özüniň hojaýyndygyny görkezmek niýeti bilen içeridäki kürsüdir stoly hemde gaýrylary dykgat bilen synlamaga başlady; gonagyň galdyran matematika amal belgili ak kagyzyna seňrigini ýygryp äňetdi. Jenap Holl gyşarjak mahaly keýwanysyna ertir myhmana getirilip beriljek ýüki ilikdüwme gözden geçirmegi maslahat berdi.

— Ýuwulmadyk çemçe mysaly herki zada burnuňy sokup ýörme! — diýip, hanym Holl onuň alpetinden aldy. — Ilki özüňi oňar, sensizem baş alyp çykaryn.

Zenanyň adamsyna girrelmegi «Durnanyň üstüne urna» bolupdy, gonak, hakykatdanam, üýtgeşikdi, geňtaňdy, öý bikesiniň özem dowla düşmän durmandy. Gije düýşündede şalgama meňzeş okara ýaly gözli uzyn boýunly kelläniň özüne tarap gelýänini görüp, hopugyp oýandy. Ýöne akyllybaşly aýal bolansoň, özüniň gorkyürküsini basyp, beýleki tarapyna öwrüldi hemde ýene uka gitdi.

## III BAP

### Müň bir çüýşe

Şunlukda, dokuzynjy fewralda, ýaňybir maýylganlyk aralaşan mahaly, Aýpingde niredendir bir ýerden täsin gelmişek peýda boldy. Şol günüň ertesi çalpawlykdyr lüýgüň içinde onuň ýüküni traktire getirdiler. Ol bütinleý ýönekeý ýüke ogşamaýardy. Dogry, çemedanlaryň, ikiside köplenç syýahatçylaryň göterýän çemedanlaryndan hiç hili tapawutlanmaýardy; ýöne olardan başga içi kitaply gapyrjagam geldi — ullakan, galyň kitaplar, özem çap edilen däldide, juda düşnüksiz hat bilen ýazylandy. Ýene onki ýa şondanam köp sebet, gapyrjak hemde guty bardy, olaryň içindede sypala dolanan nähilidir bir zatlar ýatyrdy; sypaly dörjelemegi garalla bilmedik Holl olaryň çüýşedigini güman etdi. Holl Firensaýda, paýtunça goşlary öýe çekmäge kömekleşmek üçin şowhun turzup lakgyldaşyp duran mahaly bosagada şlýapasyny çümre geýen, possunly, ellikli hemde şarfly nätanyş göründi. Ol öýden çykanda hatda ýaltalyk bilen Holluň aýagyny ysgaşdyryp duran Firensaýdyň itine seredeýinem diýmedi.
— Gapyrjaklary otaga eltiň — diýip, ötegçi olara ýüzlendi. — Onsuzam şolara garaşypgaraşyp, garaşmaz boldum.
Şu sözleri aýdybam, bosagadan düşdi, çaklaňja sebedi öz eli bilen alyp gitmek üçinem, arabanyň syrtyna bardy.
Ony gören Firensaýdyň iti gaharly hyňrandy hemde tüýüni hüžžertdi; gonak bosagadan düşüp ugran mahaly it ylgap baryp, onuň elinden aslyşdy.
— Jüt! — diýip, Holl tisginip gygyrdy, sebäbi itlerden öler ýaly eýmenýärdi, Firensaýd bolsa arlap gygyrdy:
— Ýat ýeriňde! — diýibem, gamçysyna ýapyşdy.
Ikiside itiň dişleriniň myhmanyň elinden typyp gidenini gördi, depgi sesini eşitdi; it bökägetdin, nätanşyň aýagyndan hatylatdy, şondan soňam balagyň jatyrdap ýyrtylan sesi geldi. Şol pursadam Firensaýdyň gamçysynyň ujy itiň yzyndan ýetdi, onsoň, janawar öýkekineden hemde agyrydan çyňsap, arabanyň aşagynda gizlendi. Bularyň bary göz açypýumasy salymyň içinde bolup geçdi. Hiç kim gürlänokdy, barysy gygyrýardy. Nätanyş çalasynlyk bilen ýyrtylan elligidir balagyna äňetdi, hamala, egiljek bolýan mysaly, hereket etdi, soňam yzyna öwrüldi hemde ylgawyny ýazdyrman bosaga çykdy. Ol otagara insizje geçelge bilen howlukmaç ýöräp gitdi, otaga tarap alyp barýan agaç basgançakda-da köwşüniň dükürdisi eşidildi.
— Häý, sen mahlugyň biri! — diýip, Firensaýd eli gamçyly aşak düşüp durşuna sögünjiredi, it bolsa, şol wagt, tigirleriň arasyndan eýesiniň her bir hereketini

hüşgärlik bilen yzarlaýardy. — Bärik gel — diýip, Firensaýd gygyrdy. — Ýogsa, almytyňy alarsyň!
Holl agzyny öweldip, aljyraňňy halda durdy.
— It ony dalady — diýip, ol gürrüňe başlady. — Gideýinde, näme bolanyny göreýin.
— Şeýle diýibem nätanşyň yzysüre gadam urdy. Otagara geçelgede aýaly gabat gelendede, oňa şeýle diýdi: — Firensaýdyň iti gonagy dalady.
Ol basgançak bilen galdy. Nätanşyň gapysy çalarak açykdy, Holl duýgudaşlyk bildirmäge howlugyp, känbir sypaýyçylygy beýlekini saklap durmazdan, otaga girdi.
Perde goýberilendi, otagyň içem alagaraňkydy. Holl görlüpeşidilmedik üýtgeşik bir zady saýgaryp ýetişdi: depesinden inen goşarsyz ele meňzeýärdi, apak görnüşdäki ýüzide üç sany ullakan nämälim tegmilden ybaratdy, olar solgun bägüljiklere gaty çalymdaşdy. Soňra döşüne degen güýçli urgy ony daşyna zyňyp taşlady, edil burnunyň öňündede gapy jarkyldap ýapyldy, şonuň yzyndanam gulpuň içindäki açaryň şarkyldanyny eşitdi. Bularyň bary gaty çalt bolup geçensoň, Holl nämäniňnämediginede düşünmän aňalyp galdy. Nähilidir bir bulaşyk kölegeler, zarply urgy, döşündäki agyry. Ine, indem ol gapynyň öňündäki garaňky ýerde näme gördümkäm diýip özözüne sowal berip durdy.
Birneme soňurrak ol traktiriň öňünde ýygnanan märekäniň gürmegine goşuldy. Firensaýdam bärde eken. Ol tutuş wakany indi ikilenç gaýtalap gürrüň berýärdi, hanym Holl bolsa, onuň itiniň öz gonaklaryny dalamaga hiç hili hukugynyň ýokdugyny tekrarlaýardy; göni garşydaky dükanyň eýesi Hakstersem şu ýerde durdy, ol bolup geçen wakany gulaklaryny gerip diňleýärdi, demirçi ussa Sendi Uojers bolsa, Firensaýdyň aýdýanlaryna üns bilen dykgat edýärdi. Aýalebtatdyr çagalaram sürlenişip geldi, her biride samsyklaç gürrüň tapyp, agyzlarynyň hezilini görşüp, şeýle diýýärdi: «Hany, şol it menem bir dişlejek bolup görsündä», «Heý, beýle itlerem beri saklap bormy?» hemde şoňa meňzeşler.
Jenap Holl bulara bosagadan garap durşuna, gürrüňlerine diň salýardy, şu ýerdede indi oňa ýokarda hiç hili üýtgeşik bir zadyň üstünden barmadyk ýaly bolup göründi. Dogrusy, özünde galan täsirleri suratlandyrmaga sözem tapyp biljek däldi.
— Myhman özüne hiç zadyň derkar däldigini aýtdy. — Keýwanysynyň sowalyna bar aýdanam şu boldy. — Meger, ýüki eltäýmeli öýdýän.
— Iň gowusyha ýarany haýalçyratman, oda daglamak gerek — diýip, jenap Haksters maslahat berdi. — Aýratynam pakgaran ýagdaýynda.
— Menä şol iti atardym — diýip, bir zenan janykdy.
Birdenem it ýene hyňrandy.
— Goşlary çekiň ahyry — diýip, bosagada peýda bolan nätanyş gaharly gürledi, ol mazaly bürenipdi, ýakasy galdyrylgydy, şlýapasy çümrülendi. Olary näçe çalt getirdigiňizçe, şonçada gowy — diýibem, sözüni jemledi. Gözi bilen görenleriň aýtmagyna görä, ol ellikdir jalbaryny çalyşmaga ýetişipdir.
— Jenap, it sizi gaty daladymy? — diýip, Firensaýd sorady — gaty gelşiksiz boldy, meň itimiň...
— Bolgusyz zatla — diýip, nätanyş jogap berdi. — Hatda hiç hili yzam galmandyr. Gowusy, ýüki tizleşdiriň!
Şu ýerdede ol, jenap Holluň tassyklamagyna görä, eşidilereşidilmez sögünipdir.

Onuň görkezmesi boýunça birinji sebedi ýaňybir myhman jaýyna elten mahallary, gonak hiç bir uýalmazdan, sypallary hanym Holluň halysyna dökänsaçan edişdirip, kanagatsyzlyk bilen ony açyşdyrmaga başlady. Ol sebediň içinden çüýşeleri — içi külkeli kiçijik pökgi çüýşejikleri, her dürli reňklere boýalan ýada içi görnüp duran suwuklykdan doly çaklaňja insiz çüýşejikleri, ýüzüne «awy» diýlip ýazylan egri çüýşe gapjagazlary, bokurdagy inçejik togalak çüýşejikleri, ýaşyl hemde ak aýnadan ýasalan gabarasy uly çüýşejikleri, aýnadan ýasalan dykyly hem-de ýüzüne ýazgy basylan çüýşeleri, ýylmanyp jebislenen dykyly çüýşeleri, agaçdan ýasalan dykyly çüýşeleri, şerbetdir zeýtun ýagyndan boşan çüýşeleri çykarmaga durdy. Ol bu çüýşeleriň hemmesini pessejik yşgabyň, diwar pejiň tagtasynda, stoluň üstünde, sekirtmekde, ýeriň üstünde, münbermünber yşgabyň üstünde — mahlasy, çem gelen ýerde seteran goýuşdyrdy. Walla, Bremblherst dermanhanasyndanam munça çüýşäniň ýarysyda tapdyrmazdy. Tomaşa kemi galmady. Ol sebet yzyna sebet açyşdyrýardy, ählisindede diňe çüýşe bardy. Ahyry ähli gapyrjakdyr sebet boşady, stoluň üsti bolsa, sypalyň derdinden harmana döndi; sebetleriň içinde çüýşelerden daşgaryn birgiden ýukajyk çüýşe turbajyklar hemde mazaly gaplanyp dolanan terezi bardy.
Sebetleri açyşdyranyndan soň, nätanyş penjiräniň ýanyna bardy hemde ne sypal üýşmegine, ne ody sowaşyp ugran diwar peje, ne köçede galan içi kitaply gapyrjaga, nede eýýäm ýokaryk getirilen çemedandyr beýleki goşlara birjikde üns bermezden, derhal işe girişdi.
Hanym Holl günortan şamyny getiren mahaly ol düýrmegi bilen işine berlipdi. Şol işem şundan ybaratdy: ol çüýşelerdäki suwuklyklary ýukajyk çüýşe turbajyklaryň içine damdyrypdamdyryp guýýardy, başagaý bolup ýörşüne öý bikesiniň geleninem aňşyrmandy. Diňe zenan sypaly aýryp, stoluň üstüne mejimäni goýan mahaly — belkide, adatdakylaryndan biraz gatyrak şakyrdadandyr, çünki halynyň gözgülban ýagdaýy öý bikesini ynjalykdan gaçyryp, gozgalaňa salypdy — ol çalasynlyk bilen zenana tarap seretdi hemde şo bada ýene aňyrsyna öwrüldi. Zenan onuň äýneksizdigini görüp ýetişdi: äýnegi ýanynda, stoluň üstündedi, öý bikesine onuň göz owasy gaty çökgün göründi. Ol äýnegini ötürdi hemde zenanyň ýüzüne äňetdi. Öý bikesi ýeriň üstünde dagap ýatan sypal üçin nägileligini syzdyrmakçy bolandyram welin, gonak öňürdip, duýduryş berdi:
— Gapyny kakmazdan ötri içerik girmezligiňizi haýyş edýän — diýip, ol herrelip gürledi, çaky onuň sähel zat üçin ganyny gyzdyrmasy aňsat borly.
— Gapyny kakypdym, ýöne, megerem...
— Belki, kakansyňyzam. Emma barlag geçirýän döwrüm — adatdan daşary wajyp hemde zerur derňewler — sähelçede biynjalyk etmek bolmaýa. Hatda gapyň jygyldysam... Sizden haýyş etmek isleýän...
— Elbetde, jenap. Keýpiňiz kelläňizde, bardygeldi gapyny içinden gurmak isleseňiz — baş üstüne. Islän wagtyňyz şeýdip bilersiňiz.
— Şunyňyza gaty laýyk pikir — diýip, nätanyş makullady.
— Ýöne, jenap, ynha, şu sypal... Muny aýtman durup bilemok...
— Aýdyp oturmaň! Beýewbar bar mesele sypalda bolsa, onda ony hasaba goşaýyň.
— Şeýle diýibem ol, öz ýanyndan, sögünje juda meňzeş nämedir bir zatlary hüňürdedi.

Ol öý bikesiniň öňünde bir eli çüýşeli, beýleki eli ýukajyk çüýşe turbajykly yzgytsyz hemde janagyryly görnüşde durdy, onuň sypaty şeýlebir geňenaýydy, üýtgeşikdi welin, hanym Holl basga galman durup bilmedi. Ýöne ol tutan ýerini goparmagy başarýan maşgalalaryň hilindendi.
— Eger oň ýaly bolsa — diýip, ol gürrüňi aýdyňlaşdyrmak isledi. — Men siziň näçeräk nemetjegiňizi bilesim gelýä...
— Şilling. Bir şilling goýaýyň. Meň pikirimçe, şu ýeterlik bor-la?
— Ýagşy, şeýle bolsun — diýip, hanym Holl stoluň üstüne tagam goýuşdyrdy. — Elbetde, eger siz razy bolsaňyz...
Nätanyş beýlesine öwrüldi hemde oňa ýeňsesini öwrüp oturdy.
Hanym Holluň ynandyrmagyna görä, ol tä iňrik garalýança, gapyny içinden gurup, doly asudalykda diýen ýaly, işläpdir. Diňe ýekeje ýola, hamala, kimdir biri stoly iteklän hemde çüýşäni bat bilen ýere zyňyp goýberen ýaly ses eşidilipdir, soňam halynyň üstünden alňasak ädim ädilýän ses eşidilipdir. Nähilidir bir bolmasy iş bolan bolaýmasyn diýen howatyr bilen öý bikesi gapynyň agzyna baryp, kakman zat etmän, diň salmaga başlapdyr.
— Hiç başa baranok! — diýip, ol gazaba münüp gygyrýardy. — Eý görmüş, teý başa baranok! Üç ýüz müň, dört ýüz müň! Bu ummasyz köp! Ýalňyşypdyryn! Muňa tutuş ömür gitjek! Çydamaly, sabyrly bolmaly! Diliňde aňsat! Sammygyň biri, sammyk!
Şo pille kimdir biri traktire girdi, agyragyr ädim sesleri eşidildi, onsoň, hanym Holl, isleseislemese, gürrüňi doly diňlemän, gapynyň agzyndan gitmeli boldy.
Ol yzyna öwrülip gelen mahaly, otag ýene bütinleý asuda diýen ýalydy, diňe kürsi çalaja jygyldaýardy hemde käwagt bir çüýşeler şakyrdaýardy.
Diýmek, nätanyş ýene işe girişipdir.
Öý bikesi çaý getiren mahaly otagyň burçunda, gözginiň aşagynda çüýşe döwüklerini hemde tellipelli süpürilen zer öwüşginli tegmili gördi. Zenan beýle ýagdaýa üns bermän durup bilmedi.
— Bulaň baryny hasaba goşuň — diýip, ol azgyryldy. — Onsoňam, Taňryň haky üçin, maňa päsgel bermäň. Eger sizi nähilidir bir çykdaja goýan bolsam, hasaba goşuň. — Şeýle diýibem, ýene öňünde ýatan depdere bellikler etmäge başlady...

— Size üýtgeşik bir zat aýdasym gelýä! Niçik, gulak goýýaňyzmy? — diýip, Firensaýd syrlysyrly gürledi. Gürrüň şol günüň agşamy çaýhanada bolup geçdi.
— Ýeriýeri, o nämäň üýtgeşik gürrüňi? — diýip, Teddi Henfri sorady.
— Hol meň itimiň dalan adamy bara... Ynha, şo däninim — ol gara tenli. Juda bolmanda, aýaklaryha gapgara. Men şeýledigini itim onuň jalbaryny hemde elligini ýyrtanda gördüm. Deşigiň aňyrsyndan gyzgylt ten görnäýjek ýaly, dogry dälmi şo walla? Hakykatda welin, egereger, beýle däl. Diňe garalyp dur. Çypbakaýçynym: ol edil şlýapam ýaly, gapgara.
— Hudaý saklasyn! — diýip, Henfri haýkyrdy. — Al saňa gerek bolsa! O tükiň burny welin gyzylymtylyňamgyzylymtyly.
— Şeýleligine şeýlele — diýip, Firensaýd janykdy. — Ol hakykat. Ýöne, Teddi, men saňa şuny aýtjak. Bujagaz ýigit alamula: bir ýeri gara, ýene bir ýeri ak, menekmenek.

Ynha, olam şondan uýalýa. Ol haýsydyr bir gatyşyk tohumdan, reňkleride garyşyp gitmäge derek, menekmenek bolupdyr. Şeýle ýagdaý atlarda hälişindi gabat gelýä — kimden sorasaň, hä diýer.

## IV BAP

## Jenap Kass nätanyş bilen hemsöhbet bolýar

Men nätanşyň Aýpinge gelmegini jikme-jigi bilen suratlandyrdym. Şeýtmegimiň gapdal heňi bar. Onuň bärde peýda bolmagy ähli kişiniň gonjuna gor guýdy. Adamlaryň agzyny aňkardan ýagdaý indi okyjylara-da düşnükli bolan bolsa gerek. Ýerli klub baýramçylygynyň bellenilýän gününiň öňüsyrasyna çenli şo taýda, iki sany geň-enaýy waka diýäýmeseň, onuň bilen baglanyşykly başga agyz dolduryp aýdaýar ýaly zat ýok diýerlikdir. Aram-aram hanym Holl ikisiniň arasynda hojalyk meselesi zerarly darkaş döreýärdi, ýöne gonak şolardan hemişe ýeňiji bolup çykýardy. Ol derhal goşmaça muzd teklip edýärdi, şunuň bilenem mesele çözülýärdi, şeýle ýagdaý tä onuň gallaç galany duýlup ugranyna çenli — apreliň ahyryna çenli dowam etdi.
Jenap Holluň-a ony ini söýmeýärdi, çemi gelen mahaly-da ondan dynmak gerek diýip gaýtalaýardy. Ýöne sulhy almazlyk, esasan, gonak bilen, mümkingadar, ýüzbe-ýüz duşuşmakdan gaça durmak bilen çäklenýärdi.
— Tomsa çenli gaýrat et — diýip, hanym Holl ony yrmaga çalyşýardy. — Suratkeşler gelşip ugrar, ana, şonda görübiris. Jedel etme hyýalym ýok, ol, elbetde, bihaýa adam, ýöne hasap-hesibin-ä dürs ýöredýä, eýläk ýatsaňam, beýläk ýatsaňam, şoňa-ha jür.
Myhman kilisä gatnamaýardy, dynç günleri bilen iş günleriniň arasynda hiç hili parh goýmaýardy, mydama-da şol bir eginbaşdady. Hanym Holluň aýtmagyna görä, ol bütinleý birsydyrgyn işlemeýärdi. Kägün myhman otagyna düşüp, ertirden agşama deňiç uzak wagtlap gydyrdanardy. Başga bir gün giç örerdi, otagyň içinde iki-baka gatnardy, tutuş sagatlap gaty-gaty hüňürdärdi ýa-da diwar pejiň ýanyndaky kürsüde ymyzganardy. Daşarky dünýä bilen hiç hili gatnaşygy ýokdy. Keýpem henizem birsyhly üýtgäp durdy: galaba halatda aşa gyzmalyk edýärdi, birnäçe sapar-a guduz açana dönüp, kakyny tutdy, şonda eline ilen çem gelen zady tüýtmeleýärdi, döwüp taşlaýardy. Hemişe göçgünli ýagdaýda bolýana meňzeýärdi. Köplenjem öz-özi bilen eşidiler-eşidilmez gürleşýärdi, hanym Holl hernäçe jan çekip diň salsa-da, hiç zat düşünip bilmeýärdi.
Gündizlerine gaty seýrek öýden çykardy, ýöne iňrik garalan çagynda welin, daşarda sowuk bolsun ýa-da maýyl bolsun, parhy ýok, barybir, özüni görmezleri ýaly, dolanyp-bürenip, gezim edýärdi. Gezelenç üçinem daragtlaryň kölegeledip duran ýa-da gum depejikleri bilen germelen iň bir çola ýodajyklary saýlaýardy. Onuň goýy gögümtil äýnegi hem-de giň erňekli şlýapasynyň astyndaky ak hasa saralan aýylganç ýüzi garaňkyda öýlerine dolanyp gelýän işçileri kädaýym gorkuzýardy. Teddi Henfri bolsa, günlerde bir gün «Gyzyl jiltge» traktirinden agşamara onuň ýarynda yranyp gelýän mahaly nätanşyň kelleçanaga meňzeş kellesini görüp, gorkusyna tas zähresi ýarylypdy (şol wagt ol şlýapasyny eline alyp gezmeläp ýördi). Iňrik garalan çagy ony

gören çagalar myrtar-myrtar düýş görýärdi. Oglanjyklaryň ýek ýigreneni şoldy, onuňam gaçgyny çagalardy; haýsy tarapyň birek-biregi beter sulhunyň almazlygyny takyk aýtmak kyn, ýöne, herhal, iki tarapyňam — seňrik ýygyrmasy çensiz-çaksyzdy.
Daş keşbi şeýle üýtgeşik hem-de öte täsin häsiýetli adamynyň Aýpingiň ilatyna gürrüň barynyň döremegine sebäp bolýanyny geň görüp oturasy iş ýok. Onuň näme pişe bilen meşgullanýandygy baradaky pikirler biri-birine çapraz gelýärdi. Şu meselede hanym Holl gaty ynjykdy. Onuň näme bilen meşgullanýanyny soranlarynda, adatça, zenan «ol synag-tejribeler bilen meşgullanýa» diýip juda dabaralylyk bilen jogap bererdi. Öý bikesi, misli ýalňyşaýmakdan ätiýaç edýän ýaly, bu sözleri örän haýal hem-de seresaply aýdýardy. Zenandan munuň näme aňladýandygyny soran mahallary ol «bu bir her öňýeten düşünjeli kişi üçin mälim zat» diýip ilden artyk bilýän äheňde-de düşündirýärdi: «Ol her dürli açyş edýä». Zenan özüniňkide düşläniň başyna betbagtlyk inendigini ýaňzydyp, onuň eliniň, ýüzüniň tebigy reňkini ýitirendigini, gonagynyňam gaty ynjyk, syzgyr adam bolanyndan ötri, şeýle ýagdaýda ile görünmezlige çalyşýandygyny aýdýardy.
Ýöne hanym Holluň ýeňsesinden onuň gonagynyň adyl kazyýetden gizlenýän jenaýatçydygy hem-de özüniň üýtgeşik, geň-taň egin-eşigi arkaly polisiýany aňňalak gapdyrmaga çalyşýandygy baradaky üznüksiz myş-myşlar ýaýraýardy. Şeýle müňkürlik ilki bilen jenap Teddi Henfiniň kellesine geldi. Dogrusy, soňky hepdeleriň dowamynda haýsydyr bir agyr jenaýatyň bolup geçeni barada hiç hili gep-gürrüň ýokdy. Şondan ötri mekdep mugallymy jenap Gould bu çaklamany biraz üýtgetdi: onuň pikiriçe, hanym Holluň gonagy partlaýjy zatlary ýasamak bilen meşgullanýan başbozar, onsoň, ol boş wagty nätanşy yzarlamagyň kararyna geldi. Yzarlamak, esasan, şundan ybaratdy: jenap Gould nätanyş bilen sataşan mahaly çiňerilip seredýärdi hem-de ondan özüni hiç haçan görmedik adamlary barada soraşdyrýardy. Her näçe içginsirese-de, jenap Goulda hiç zadyň magadyna ýetmek başartmady.
Nätanyş alabeder ýa-da nähilidir bir şoňa çalymdaş zat diýip Firensaýdyň öňe süren çaklamasynyň tarapdarlary has köpdi. Ynha, Saýlas Dergan eger nätanyş özüni bazarlarda görkezmegi makul bilsedi, onda pul köküni toplardy diýip häli-şindi gürleýärdi, şonda hatda öz zehininiň köküne öz eli bilen palta uran adam bilen baglanyşykly mukaddes kitapdaky waka-da salgylanýardy. Başga birleri nätanşa ýuwaş, sessiz däli diýýärdi. Şu garaýşyň artykmaç tarapy-da birbada barysyna düşündiriş berýärdi.
Aýpingdäkileriň şu esasy umumy pikir akymynyň durnukly tarapdarlaryndan başga-da, ikirjiňlenýän hem-de göwünlerini bölmäge tarap ugrugaýjak adamlaram bardy.
Sasseks graflygynyň jemagaty yrym-ýoruma beýle bir ynanyp baranok, nätanşyň adaty bolmadyk tebigy gurluşy baradaky ilkinji çaklamalar diňe apreldäki wakalardan soň dile getirildi, oňa-da, dogrusy, diňe zenanlar ynanypdy.
Aýpingiň aýry-aýry ýaşaýjysynyň pikirleri nähili bolanlygynda-da, oňa ýakymsyz garaýyş umumydy, birmeňzeşdi. Akyl zähmeti bilen meşgullanýan şäherli onuň gyzmalygyna düşünse-de, beýle ýagdaý sabyr-takatly sasseksli ýaşaýjylary otdan alyp, suwa sokýardy. Gaharly yşaratlar, ýorgalap ýöräp gitmek, iň bir çola ýerlerde garaňkynyň içinde burçdan duýdansyz zompa çykylýan gijeki gezelençler, gep

goşmaga synanyşylýan mahaly zoňtarlyk bilen gapbilinden üzülmegi, gapyny içinden gurup, garaňka gaplanmak duýgusy, perdeleri düşürmegi, şemdir çyralary öçürmegi — şunuň bilen kim ylalaşyp biler? Nätanyş köçeden ötüp barýarka, ýüzbe-ýüz gabat gelýänler onuň öňünden sowulýardy, oýun-henegi halaýanlaram possunlarynyň ýakasyny galdyryp hem-de şlýapalaryny mazaly çümrüp, onuň gozgalaň tapyp ýöreýşine hem-de syrly häsiýetine ýeňsesinden öýkünýärdiler. Şol döwürde «Adam-alamat» diýen aýdym ýörgünlidi. Hanym Stetçel bu aýdymy mekdep konsertinde ýerine ýetiripdi. Şondan üýşen pula-da kilise üçin çyra satyn alnypdy; ine, şondan soňam, nätanyş köçede görnen badyna, kimdir biri derhal şujagaz aýdymyň äheňine gatyrak ýa-da çalarak sykylyk atardy. Hatda agşamara gijigip öýlerine howlugyp barýan oglanjyklara çenli onuň yzyndan: «Adam-alamat» diýşip gygyryşýardylar hem-de gorkudyr täsin galmadan ýaňa howsala düşüşip, zut jyrralyp gidýärdiler.
Ýerli lukman Kass bilesigelijilikden ýaňa halys oda-köze düşüp barýardy. Hasa bilen saralan kelle ony kärine mahsus gyzyklandyrýardy; müň-de bir çüýşe baradaky myş-myşlar bolsa onda gözügidijilik duýgusyny oýarýardy. Ol tutuş apreldir maý aýlary nätanyş bilen gürleşip görmegiň ýoluny agtaryp gezdi. Ahyry sabyr käsesi pürepürlendi hem-de dini baýramçylygyň öňüsyrasy ýerli hassahananyň kiçi lukmanynyň tarapyny tutýan gol çekilmeli hat-petegiň bahanasyny arap, onuň ýanyna gitmegiň kararyna geldi. Ol hanym Holluň özüniňkide düşlän gonagyň adyny bilmeýänini eşidip, haýranlar galdy.
— Adyny-ha aýdypdy — diýip, hanym Holl diňşirgendi (onuň bu tassyklamasynyň aňyrsynda hiç hili delil-tutaryk ýokdy). — Ýöne men doly eşitmän galypdyryn.
Ol myhmanyň adyny aýtmagyň pikirinem etmändigini boýun almagy gelşiksiz hasaplady.
Kass myhman otagynyň gapysyny kakdy hem-de içerik girdi. O taýdan düşnüksiz sögünç sesleri eşidildi.
— Sorag-idegsiz ýanyňyza girýänim üçin günämi öteweriň — diýip, Kassyň dillenenem şoldy welin, gapy ýapyldy, şondan soňky gürrüňi hanym Holl eýýäm eşitmän galdy.
On dakykanyň dowamynda onuň gulagyna diňe düşnüksiz wagyrdy sesleri ildi; şonuň yzysüresi ör-gökden gelýän ses, aýaklaryň takyrdysy, zyňlan oturgyjyň şakyrdysy, üzlem-saplam hikirdi, çakgan ädilýän ädimler eşidildi, soňam bosagada ýüzi ak tam, gözleri peträp duran Kass peýda boldy. Ol gapyny ýapman, öý bikesine nazar aýlaman otagara inçejik ýol bilen ýöräp gitdi, basganҫakdan aşak düşübem, köçeden çalt-çalt ädimläp gitdi. Onuň şlýapasy elindedi. Hanym Holl açyk gapynyň aňyrsyndan gonagyň otagyna jyklamak üçin söýegiň aňyrsyna bardy. Zenan çalarak hikirdini, yzyndanam aýak seslerini eşitdi. Ol häzirki duran ýerinden gonagyň ýüzüni görüp biljek däldi. Soňra myhman otagynyň gapysy ýapyldy, ses-selem tapba kesildi.
Kass gös-göni ruhany Bantingiň ýanyna ugrady.
— Men akylymdan azaşan-a däldirin-dä hernä? — diýip, ol ruhanynyň sadaja otagyna gire-girmäşe sakyna-sakyna gürledi. — Telbä meňzeýän ýerim barmy?

— Näme boldy? — diýip, ruhany özüniň nobatdaky okajak wagyz tagtalaryny sorguçly basgyç aýlanan esbabyň ornuny tutýan gutujygyň üstüne goýup durşuna sorady.
— Bü otüki, Hollaň gonagy...
— Ýeri-ýeri?
— Maňa içer ýaly nämedir bir zat berseňizläň — diýip, Kass özüni oturgyja goýberdi.
Bokurdagyny ölläninden soň, biraz ynjalan Kass özüniň nätanyş bilen bolan duşuşygy barada gürrüň bermäge durdy:
— Içerik girdim — diýip, ol daljygyp, sözüniň yzyny sugşyrdy. — Onsoň, kiçi lukmanyň tarapyny tutup, gol goýmagyny haýyş etdim. Otaga giren badyma ol ellerini jübüsine sokup, lampa kürsiniň üstünde oturdy. «Eşidişime görä, siz ylym bilen gyzyklanýan ýaly-la» diýip, gürrüňe ýol arçadym. «Hawa» — diýip, ol jogap berdi-de, pyşgyrdy. Zol-zol pyşgyrdy durdy. Çaky dümewlän borly. Rast, şeýdip bürenip ýören bolsa, geň görüp oturasy iş ýok. Men kiçi lukman babatda jikme-jigräk gürrüňe geçdim, özüm welin, daş-töweregime ýaltaklaýadym. Dumly-duşda çüýşeler, himiýa barlaglary. Terezem şo taýda, ýukajyk çüýşe turbajyklaram, otagdanam gijeki benewşe gülli otlaň ysy kükeýä. «Gol goýmak meýliňiz barmy?» diýip soraýan. «Oýlanyşyp göreýin» diýip, jogap berýä. Şu ýerde-de ondan özüniň ylmy derňewler bilen meşgullanýanyny-meşgullanmaýanyny gönüläp soradym. «Hawa» diýýä. «Uzak derňewlermi?» Megerem, jykyrjygy tutandyr-da. «Uzak kemi ýok!» — diýip, girrelip gürledi. «Bä, şeýlemi?» diýdim. Ynha, şu ýerde-de başlady. Ol ozalam ganyny gaçyryp durdy, meň sowalymam onuň oduny ölçerdi. Kimdir birinden resept — ylmy maglumat alypdyr — gaty gymmatly ylmy maglumat; näme maksat üçindigini aýdasy gelmedi. «Medisina ugrundanmy?» diýip soradym. «Al kakmyş! Size näme dahyly bar?» diýýä. Men ötünç soradym. Ol geçirimlilik bilen pyşgyrdy, üsgürinjiredi-de, gürrüňini dowam etdirdi. Ylmy maglumaty — resepti okady. Bäş sany garyndy düzüm bölegi. Ony stoluň üstünde goýup, ýeňsesine öwrüldi. Birden şygyrdy eşidildi: kagyz bölejigini zowwam şemal alyp göterdi. Diwar pejiň öňi açyk durdy. Ýalyn tutaşyp gitdi, ol beýlesine gaňrylyp ýetişmänkä resept ýanyp, onuň küli sowruldy. Diwar pejiň ýanyna okduryldy — ýöne ýetişmedi. Ine, şeýle! Şu ýerde-de ol ahmyr bilen elini salgap goýberdi.
— Ýeri-ýeri?
— Ahow, oň eli ýog-a — boş ýeň. «Eý, Taňrym! — diýip, öz ýanymdan oýlandym. — Golak oguşýa. Ýasama — oturtma eli bolup, onam aýran bora çemeli. Herhal — diýip, ýene pikire çümdüm. — Bärde bir heňe gelmeýän düşnüksiz zad-a bar. Beýewbar ýeňiň içi boş bolsa, onda ýeň nädip asylyp durup bilýäkä?». Eger çynym, ýeňiň içinde hiç zat ýokdy. Ýeňiň içi tä tirsegine çenli boşdy. Ýeňiň bütinleý boşdugyny hakyt gözüm bilen gördüm, üstesine, deşik parran ýagty saçýady. «Ýa Ýaradan Biribar!» diýip haýkyrdym. Şonda ol lak boldy. Gök äýnegi bilen ilki maňa, soňam boş ýeňine äňetdi.
— Ýeri, onsoň?
— Bolany. Agzyndan ýeke söz gaçyrman, diňe maňa nazaryny dikip, çalasynlyk bilen ýeňini jübüsine dykdy. «Men resept ýanan mahaly dymaýdym öýdýän?» Ol

soragly äheňde üsgürinjiredi. «Al kakmyş, siz nädip boş ýeňi hereketlendirip bilýäňiz?» diýip soradym. «Boş ýeň bilen diýýäňizmi?» — «Hawa — diýip, sözümiň yzyny sugşurdym. — Boş ýeň bilen». — «Siziň pikiriňizçe, ol boş ýeňmi? Siz onuň boşdugyny gördüňizmi?» Ol kürsüden galdy. Menem turdum. Şonda ol haýaljakdan üç ädim ätdi. Ýanyma gelip, degäýsem-degäýsem diýip durdy. Içýakgyç pyşgyrdy. Men sarsmadymam, ýöne, duz bar, bu tegelek äýnekli ak hasa saralan betnyşan islendik adamyň zähresini ýarjakdy.

«Siz ýeňiň içi boş diýýäňizmi? — diýip, ol sorady.

«Dagy näme!» diýip, men jogap berdim. Ana, şonda bu imansyz ýene-de äýnegini maňa tarap dikdi. Soňam howlukman ýeňini jübüsinden çykaryp, hamala, şony ýene görkezmek isleýän ýaly, maňa uzatdy. Özem gaty haýal hereket etdi. Men ýeňe üşerildim. Ummasyz köp wagt geçen ýaly bolup göründi. «Ynha — diýip, ol üsgürinjiräp gürledi. — Muň içinde hiç zat ýok». Nämedir bir zat gürlemelidi. Gorkyma tas ýüregim agzymdan çykypdy. Tutuş ýeňi zowwam görüp durdum. Ol ýeňi ýuwaş-ýuwaşdan uzadýady — şeýdip, ynha, tä ýeňsapy ýüzüme deger-deger bolynça şeýtdi. Boş ýeňiň özüňe tarap golaýlap gelýänini görmek gaty ýakymsyz duýgy. Soň bolsa...

— Hawa, ýeri, onsoň?

— Nämedir bir zat bilen — başam hem-de süýem barmagy ýaly bolup göründi — burnumdan çekip goýberdi.

Banting hezil edip güldi.

— Ýöne o taýda hiç zat ýokdy-da! — diýip, Kass «hiç zat» sözüni aýdan mahaly tas çirkin gygyrypdy. — Siziň gülki ýadyňyza düşýä, men welin şeýlebir serden geçdim, ýeňsapyny malçyldadyp uragetdin, yzyma öwrüldim-de, otagdan zut gaçyp gitdim...

Kass dymdy. Çyny bilen gorkanyna şübhelener ýaly däldi. Ol ysgyn-deramatsyz halda beýlesine öwrüldi-de, kalby päkize ruhanynyň hödürläp duran ugursyz şerbedinden ýene bir bulgur owurtlady.

— Onuň ýeňinden aslyşan mahalym — diýip, ol gürrüňini dowam etdirdi. — Size ýalan — maňa çyn, onuň eline uran ýaly duýgyny başdan geçirdim. El welin, şo taýda ýokdy. Asyl eliň ady-sory ýok bolsa nätjek.

Jenap Banting oýa batdy. Soňra Kassa müňkürlik bilen äňetdi.

— Bu bir aňrybaş derejedäki geň-enaýy waka — diýip, ol öte oýurganyp hem-de çynlakaý keşbe girip gürledi. — Hakykatdanam, waka aňrybaş derejede geň-enaýy — diýibem, öňküdenem beter saldamly gürledi.

## V BAP

## RUHANYNYŇ ÖÝÜNE TALAŇ SALYNMAGY

Ruhanynyň gapysynyň gulpunyň döwlüp, öýüniň talanylmagyny, esasan, onuň özüniň hem-de keýwanysynyň dilinden eşitdik. Waka dini baýramçylyk gününiň daňdany ýüz berdi; şol günüň her ýylynda Aýpingiň kluby baýramçylyk geçirýär. Hanym Banting säheriň ümüş-tamyşlygynda dynç alnyýan otagyň gapysynyň şarkyldap gidenini mese-mälim duýansoň, oslagsyz ýerden hasanaklap turdy. Birbada

adamsyny oýarmazlygyň kararyna gelip, krowatyň üstünde oturyp, diňşirgendi. Zenan ýalaňaç aýaklaryň şypbyldysyny aýyl-saýyl saýgardy; misli, kimdir biri hajathanadan çykyp, otagara inçejik ýol bilen basgançaga tarap ýönelip barýan ýalydy. Şonda zenan jenap Bantingi, başaryp bildiginden, seresaply oýardy. Ukudan açylyp, nämäniň-nämedigine göz ýetiren ruhany çyra ýakmazlygyň kararyna geldi, ýöne äýnegini ötürip, aýalynyň öýde geýýän halat pisint geýimini geýip, suwa düşülende geýilýän şypbygy aýagyna sokubam, ýerinden gopdy. Ol aşakda, öz otagyndaky şakyrdyny doly, ap-aýdyň eşitdi, soňra şo taýda kimdir biri gaty-gaty asgyrdy.
Şonda ol ýatak jaýyna öwrülip geldi, eline ilen iň ygtybarly ýarag — kesewi bilen ýaraglanybam, çybşyldysyny eşitdirmezlige çalşyp, basgançakdan düşdi. Hanym Banting bolsa, meýdançajyga çykdy.
Sagat dört töwerekleridi; gijäniň garaňkysy ýiteňkirläpdi. Dalan eýýäm çala ýagtylyp ugrapdy, ýöne ruhanynyň otagynyň gapysy welin gap-gara salgym bolup görünýärdi. Imi-salalykda diňe jenap Bantingiň aýagynyň astyndaky basgançagyň ysgynsyzja jygyldysy hem-de iş otagyndaky pişik basyşy deýin gymyldy-hereketiň sesi eşidilýärdi. Soňam nämedir bir zat şyrkyldady, gapyrjagyň açylýan sesi gulaga ildi, kagyzlar şagyrdady. Sögünç eşidildi, otluçöp syçrap gitdi, şonda iş otagy sap-sary yşyk bilen ýagtyldy. Şu aralykda jenap Banting eýýäm dalandady, ol ýarym-ýalta açyk gapynyň aňyrsyndan ýazuw stoluny, çekilen tahyly hem-de stoluň üstünde ýanyp duran şemi gördi. Emma ogrynyň welin garasam ýokdy. Jenap Banting näme etjegini bilmän, alasarmyk halda dalanda durdy, onuň yz ýanyndanam keýwanysy haýaljakdan basgançak boýunça düşüp gelýärdi, gorkudan ýaňa hanym Bantingiň ruhy öçüp gidipdi. Diňe bir ýagdaý jenap Bantingiň gonjuna gor guýmakdan saklanýardy: ogry hökman şu jelagaýlarda ýaşaýan adam bolaýmalydy.
Är-aýal ikisi soňra şaýyjyklaryň jyňňyrdysyny eşitdi. Olar ogrynyň hojalyk üçin ýygnalyp goýlan puly tapandygyna düşündi. Şo taýda soweren pulundan iki funt hem-de on şilling bardy. Şaýylaryň şyňňyrdysy jenap Bantingi derhal aýgyt etmäge iterdi. Ol kesewini berk gysymlap, iş otagyna atylyp girdi; hanym Bantingem adamsynyň söbügine mündi.
— Duran ýeriňden gymyldaýma! — diýip, jenap Banting gazap bilen haýkyrdy hem-de äm-säm halda sägindi; otagda hiç kes ýokdy.
Ýöne eýläk ýatsa-da, beýläk ýatsa-da, bir dakyka mundan ozal bärde, hiç bir şek-şübhesiz, kimdir biri bardy. Är-aýal ýarym dakyka çemesi öwelişip durdy, soňra hanym Banting perdäniň aňyrsyna seretdi, jenap Bantingem kellesinde şol pikiri aýlap, stoluň aşagyna garady. Şundan soň hanym Banting penjiräniň tutusyny syrdy, jenap Bantingem diwar peje äňetdi hem-de tüsse çykary kesewisi bilen gorjaşdyrdy. Hanym Banting kagyz goýulýan sebedi agdar-düňder etdi, jenap Bantingem içi kömürli gapyrjagy açdy. Şu zatlary edip bolanlaryndan soňam, alasarmyk ýagdaýda birek-biregiň ýüzüne jiňkerilişdi.
— Men ant içmäge-de taýýar... — diýip, jenap Banting janykdy. — Onda şem näme? — diýibem haýkyrdy. — Şemi kim ýakdy onda?
— Tahylam çekipdir-ä biri! — diýip, hanym Bantingem ýaryldy. — Pulumyzam gürüm-jürüm bolupdyr-a!

Zenan alňasak ýagdaýda gapa tarap ýöredi.
— Ömrümde muň ýaly zat gören däldirin...
Dalanda kimdir biri gaty-gaty asgyrdy. Olar otagdan ylgaşlap çykdylar hem-de şo bada aşhananyň gapysynyň şarkyldap ýapylanyny eşitdiler.
— Bar, şemi getir — diýip, jenap Bantingiň özi öňe gitdi. Ikisi-de sokmanyň howul-hara süýşürilen şyrkyldysyny açykdan-açyk eşitdi.
Aşhana barýan gapyny açyp durşuna jenap Banting esasy girelgäniň açylýanyny hem-de säheriň çalarak ýagtysyna bagyň gögümtil ösümlikleriniň garalyp gidenini saýgardy. Ýöne ol gapydan hiç kimiň çykmandygyny hetjikleýärdi. Gapy açylypdy, düňküldäbem ýapylypdy. Hanym Bantingiň göterip gelýän şeminiň alawy galgady hem-de has-da beter ýandy. Olar aşhana girýänçä birnäçe dakyka geçdi.
O taýda yns-jyns ýokdy. Ikisi esasy girelgäniň gapysynyň sokmasyny ýene sürdi, aşhanany, ammary, gap-gaç goýulýan yşgaby ykjam barlady, ahyrsoňunda-da ýerzemine düşdi. Emma gara çynlary bilen agtarandyklaryna garamazdan, hiç kimi tapyp bilmediler.
Ertiriň ýagtysy juda geň-taň eşikli ruhanydyr keýwanysynyň üstüni gapyllykda basdy; olar henizem öz öýleriniň aşaky gatynda häzir hiç kime gerekmejek gugaryp barýan şemiň astynda otyrdylar hem-de hernäçe çytraşsalar-da, nämäniň-nämedigine teý akyl ýetirip bilmeýärdiler.
— Ömrümde muň ýaly zat gören däldirin... — diýip, ruhany ýigriminji gezek şo bir sözüni gaýtalady.
— Ezizim — diýip, hanym Banting onuň sözüni böldi. — Hana, Sýuzi gelýä. Goý, ol aşhana geçip gitsin, bizem, gideli-de çalşyrnaly.

## VI BAP

## GUDUZ AÇAN MEBEL

Şol günüň ir säheri, dini baýramçylyk gününiň daňdany, hatda heniz hyzmatkär gyz Milliniň ýatan mahaly jenapdyr hanym Hollar düşeklerinden turup, ses-selemsiz ýerzemine düşdüler. Ýerzeminde olar arpa suwunyň zoruny barlagdan geçirýärdiler.
Ikisi ýerzemine giräýmäkäler hanym Holluň özleriniň ýatýan otaglaryndaky *sarsaparelli*[3] çüýşäni ýany bilen alyp gaýtmagy unudandygy ýadyna düşdi. Öý bikesi häzirki ediljek bolunýan işiň esasy ussady bolandan ötri, ol çüýşäni getirmek üçin ýokaryk adamsyny iberdi.
Basgançagyň aýtymynda ol gonagyň bolýan otagynyň gapysynyň çalarak açyk durandygyny görüp, geň galdy. Öz ýatýan otaglaryna tarap geçibem, aýalynyň salgy beren ýerinden çüýşäni tapdy.
Ýöne ýerzemine dolanyp barýan mahaly öýden çykylýan gapynyň sürgüsiniň süýşürilendigine, gapynyňam ýöne ildirgiç bilen ýapylandygyna gözi kaklyşdy. Birdenem serine duýdansyz bir pikir urdy: ol bu ýagdaýy gonagyň gapysynyň açyk

[3] Sarsaparel — ösümlik, köki derman ýasalanda ulanylýar, şonuň ýaly-da köp sanly tagamlara jaz hökmünde goşulýar (terj. bel.).

durmagy hem-de jenap Teddi Henfriniň çaklamalary bilen degşirip gördi. Gije ýatylmazynyň öňüsyrasy hanym Holluň sürgini süýşürip ýapan mahaly özüniň şemi saklap durany onuň gaty gowy ýadyndady. Ol serpmeden gaýdana dönüp sägindi; soňam entegem elinde çüýşäni saklap durşuna ýene ýokaryk galdy hem-de myhmanyň gapysyny kakdy. Hiç hili jogap bolmady. Ýene bir ýola kakybam, gapyny giňden açyp, içerik girdi.
Barysy garaşyşy ýalam bolup çykdy. Otag boşdy, düşegem tertipli durdy. Kürsiniň üstünde hem-de krowatyň arkajygynda nätanşyň eşikleri, ak hasalary dagaşyp ýatyrdy, hatda onuň giň etekli şlýapasyna çenli krowatyň sütünjiginde somalyp durdy. Beýle ahwalat hatda üşügi birneme gyltyzrak Holl üçinem gaty geň göründi, çünki ol myhmanyň şulardan başga hiç hili geýim-gejiminiň ýokdugyny-da bilýärdi.
Otagyň ortarasynda alasarmyk duýgulara gaplanyp duran mahaly-da aşakdan, ýerzeminden aýalynyň sesini eşitdi; zenan daljyga-daljyga çalt-çaltdan göçgünli sesi bilen gürleýärdi, şeýle sözleýiş äheňi Günbatar Sasseksiň ilatyna mahsusdy, üstesine-de aýaly sabyr-takatyny ýitirip, elden-aýakdan çykyp barýardy.
— Jorj? — diýip, zenan sesine bat berdi. — Sen gerekli zady tapdyňmy?
— Jenni! — diýip, ol ýerzemine barýan basgançagyň üstünden eglip gygyrdy. — Henfri-hä mamla bolup çykdy. Gonag-a otagda ýok. Öýden çykylýan gapyňam sürgüsi çekilipdir.
Hanym Holl ilkibada nämäniň-nämedigine aň ýetirip bilmedi, ýöne işiň düýp-teýkaryna düşünensoň, boş otagy elin barlap görmegiň kararyna geldi. Henizem eli çüýşeli jenap Holl öňden ýöredi.
— Özi-hä ýok, eşiklerem bärde — diýip, ol ör-gökden gelip gürleýärdi. — Ýalaňaç halyna nirelerde kaňkap ýörkä? Men-ä näme diýip-näme aýtjagymy bilýän däldirin walla.
Olar basgançak bilen ýerzeminden galan mahaly, soňra mälim bolşuna görä, ikisine-de öýüň esasy girelge gapysyny kimdir biri açan hem-de ýene ýapan ýaly bolup göründi; ýöne gapynyň ýapylgydygyny görüp, şo dakyka bu babatda birek-birege dil ýarmadylar. Hanym Holl dalanda adamsyndan öňürti hem-de basgançak bilen ilki ylgaşlap gitdi. Şol aralykda basgançakda kimdir biri asgyrdy. Keýwanysyndan alty basgançak yza galan jenap Holl asgyran aýalydyr öýtdi; aýaly bolsa, tersine, adamsy asgyrandyr diýip pikir etdi. Zenan ýokaryk galyp, gapyny doly açdy hem-de nätanşyň otagyny synlap başlady.
— Ömrümiň durkuna beýle-beýle zatlary gören däldirin — diýip, öý bikesi içini çekdi.
Şu ikarada onuň ýeňsesinde, edil gulagynyň düýbünde kimdir biri pyşgyrdy, zenan yzyna gaňryldy hem-de adamsynyň özünden on iki ädim daşda, basgançagyň ýokarky derejesindedigini görüp, haýrana galdy. Adamsy derhal onuň ýanyna geldi. Öý bikesi egildi hem-de ýassykdyr düşegi sermeleşdirdi.
— Buz ýaly — diýip, hatyn yzyny dowam etdi. — Bir sagat bäri, aý, şondanam köpräk wagt bäri onuň şu ýerde ýokdugy magat.
Zenan şu sözleri aýdyp-aýtmanka heniz görlüp-eşidilmedik derejedäki geň-enaýylyk bolup geçdi: ýukajyk düşek düýrlenip düwüldi-de, şo halatam krowatyň arkajygyndan böküp gitdi. Kimdir biriniň eli ýorgandyr ýukajyk düşejigi düýrläp, poluň üstüne

taşlan ýaly bolup göründi. Şonuň yzysüre nätanşyň şlýapasy duran ýerinden sypdy-da, howada ýaý berip, dogry hanym Holluň ýüzüne patlap degdi. Onuň yzy bilen edil şonuň ýaly tizlikde rezin sürteç uçup gitdi; soňra nätanşyň penjekdir balagyny perwaýsyzlyk bilen üstünden zyňan kürsi, myhmanyň gülküsine gaty meňzeş çakyr gülküsini çykardy hemem dört sany aýajyklary bilen hanym Holla tarap öwrüldi, ony nyşanalabam, zenanyň üstüne süründi. Öý bikesi çirkin gygyryp, gapa tarap öwrüldi, kürsiniň aýajyklary bolsa, usullyk bilen, ýöne erjellik bilen ýagyrnysyna direnip, ony jenap Holl bilen bilelikde otagdan itip çykardy. Gapy ýapyldy, gulp şarkyldady. Hamala, ýeňşine heşelle kakýan mysaly, kürsüdir krowat ýene biraz tans etdi, soňra bar zadyň sesi kesildi.

Hanym Holl huşy gitmäniň bäri ýanynda adamsynyň ellerinde aslyşyp galdy. Jenap Holl, gyk-bakdyr goh-galmagala oýanyp ýetişen Milliniň tekge bermegi bilen aýalyny gaty kynlyk bilen aşak eltmek hem-de oňa saglygy berkidýän damja bermek başartdy.

— Bu ruhlardan başga zat däl — diýip, hanym Holl ahyry zordan özüni dürsedi. — Bilip durun, ruhdur şolar. Gazetlerdenem okapdym bular barada. Stoldur oturgyçlar towsup hem-de tans oýnap başlaýa...

— Jenni, ýene biraz iç — diýip, jenap Holl onuň sözüni böldi. — Şeýtseň, birneme gurplanarsyň.

— Gapyny gulpla — diýip, hanym Holl ätiýaç etdi. — Indiberi ony goýberäýme. Köpden bäri müňkür bolýadym... Muny güman etmeýşimi! Gözleri görnenok, kellesi hasa saralan, ýekşenbe günleri kilisä gidenok. Çüýşe barynyňam leýisdigini!.. Niýeti düzüw kişä munça çüýşe nämesine gerek ahyry? Ol mebele ruhlary goýberipdir... Wah, meň enaýyja köneje mebelim! Men heniz kiçijik gyzjagazkam bu kürsüde ejem jan oturmany gowy görýädi. Bir pikir edip görüň ahweti, indi ol meň garşyma baş göteripdir...

— Jenni, damja dermandan ýene iç — diýip, jenap Holl janykdy. — Seň salyň halys gowşapdyr.

Sagat eýýäm bäşdi, Günüň ir säherki şöhleleri köçä dökülipdi. Är-aýal Millini gabat garşylarynda ýaşaýan demirçi ussanyň — jenap Sendi Uojersiň üstüne iberdi.

— Hojaýynym size köp-köp dogaýy salam gönderýä — diýip, Milli sözüniň üstüni ýetirdi. — Mebelimize-hä bir döw çalypdyr. Belki, gelip, barlap görersiňiz?

Jenap Uojers juda bilimdar hem-de düşbi adamdy. Ol Milliniň gürrüňini çyny bilen diňledi.

— Muň özi jadygöýlikden başga hiç zat däl, şoňa kellämden kepil geçýän — diýip, ol çynyrgatdy. — Oň ýaly gonaga diňe toýnak ýetenok.

Ol gaty alada-ünjä gaplanyp geldi. Jenap hem-de hanym Hollar onuň bilen ýokaryk galmaga meýil bildirdi, ýöne ol şeýtmäge howlukmaýan bora çemeli. Ol gürrüňi otagara inçejik ýoda dowam etdirenini kem görmedi. Hakstersiň temmäki dükanyndan satyjysy çykdy hem-de onuň äpişge gabsalaryny açmaga durdy. Ony bolan wakany maslahatlaşmak üçin çagyrdylar. Birnäçe dakyka geçensoňam, onuň yzy bilen, elbetde, jenap Hakstersiň özi-de geldi. Dogrusy, mejlisiň bäri ýanyna döndi: aldygyna gürleýärdiler, ýöne işiň başyny tutýan ýokdy.

— Ilki hakyky maglumatlary aýyl-saýyl edeliň — diýip, jenap Sendi Uojers aýak direýärdi. — Onuň otagynyň gapysyny döwsek, dürs bormy? Ana, ilki şoň maslahatyny uralyň! Ýapyk gapyny döwmek itiň aňsady, emma döwlen gapyny hiç haçan öňki kaddyna getirip bilmersiň.
Ýöne birden barysy aňka-taňka boldy, gonagyň otagynyň gapysy öz-özünden açyldy, ähli kişiniň nazary ýokaryk dikildi. Şonda olar mazaly bürenen nätanşyň gabarasyny gördüler. Myhman basgançakdan düşüp gelşine garamtyl-gök äýneginiň astyndan üýşen adamlara çiňerilip, olary gözleri bilen iýäýjek bolýardy. Haýaljak, üýtgeşik ýöriş bilenem basgançakdan düşüp, otagara inçejik ýola geçip sägindi.
— Oňa serediň! — diýip, ol ellikli barmagyny uzatdy.
Olar barmak uzadylyp görkezilen tarapa äňedenlerinde ýerzeminiň edil gapysynyň agzynda sarsaparelli çüýşäni gördüler. Nätanyş bolsa, myhman otagyna girdi hem-de duýdansyz ýerden olaryň gözüniň alnynda gapyny çalasynlyk bilen gaharly gürpüldedip ýapdy.
Gapynyň tarkyldy sesi ýitýänçä hiç kimden seda çykmady. Sessiz-üýnsüz birek-biregiň ýüzüne jiňkerişip oňaýdylar.
— Dogrymy aýdýan, bul-a bir halys gözdençykgyn... — diýip, jenap Uojers başlady-da, sözüni soňlaman gutardy.
— Özüm-ä siziň ýeriňize bolsam, giderin-de, bu nä boluş diýip soraryn — diýip, Uojers Holla ýüzlendi. — Men düşündiriş talap ederdim.
Öý eýesini şuňa yrmak üçin belli bir wagt gerek boldy. Ahyry ol gapyny kakdy, ony açybam gürrüňe başlady:
— Bagyşlaň...
— Gümüňizi çekiň! — diýip, nätanyş guduz açana dönüp haýkyrdy. — Gapynam daşyndan ýapyň!
Şunuň bilenem düşündiriş berlişi tamamlandy.

## VII BAP

## NÄTANŞYŇ ÝÜZÜNIŇ PERDESINIŇ SYRYLMAGY

Nätanyş myhman otagyna irden altynyň ýary töwereginde girdi hem-de şo taýda çak bilen günortana deňiç galdy; otagyň perdeleri goýberilendi, gapysy gurulgydy, jenap Holluň döşünden itilip goýberilenden soň, hiç kes bärik girmage ýürek edip bilmeýärdi.
Çaky, şu tutuş döwrüň dowamynda, nätanyş hiç zat iýmedik borly. Ol üç sapar jaň kakdy, özem üçünji sapar uzak hem-de gaharly kakdy, ýöne hiç kim hä bermedi.
— Ýeri, bolýa, men entek oňa «gümüňizi çekiňi!» görkezerin — diýip, hanym Holl özbaşyna madyrdaýardy.
Ruhanynyň öýünde gijeki bolup geçen waka baradaky myş-myş eýýäm ile ýaýrapdy, iki wakanyň arasynda-da nähilidir bir baglanyşygyň bardygy çaklanylýardy. Jenap Holl jenap Uojers bilen birlikde kazy Şeklfors bilen maslahatlaşmak üçin onuň ýanyna gitdi. Ýokaryk galmaga hiç biri aýgyt edip bilmeýärdi. Şo döwürde gonagyň

näme bilen meşgullanany mälim däldi. Myhman aram-aram sabryny suwa gaçyryp, o burçdan bu burça gatnady, onuň otagyndan iki sapar sögünç sesleri, jyrym-jyrym ýyrtylýan kagyzlaryň şygyrdysy hem-de döwülýän çüýşeleriň jyňňyrdysy eşidildi.
Ýüreklerine dowul düşen, ýöne bilesigelijilikden ýaňa ölüp-öçüp barýan adam üýşmegi gitdigiçe artyp gidip otyrdy. Hanym Hakstersem geldi. Baýramçylygyň şanyna gara penjekdir ak reňkli galstuk bilen bezenip-beslenen dogumlyja ýigitleriňem birnäçesi geldi; olar bimany sowallary berýärdiler. Arçi Harker diýen jahyl barysyndan zor bolup çykdy: ol howla bardy hem-de goýberilen perdäniň aňyrsyndan jyklamaga çytraşdy. Hiç zady-ha seljerip bilmedi, ýöne görýänsiränden boldy, onsoň, Aýpingiň ýaş neslinden ýene käbiri oňa goşuldy.
Baýramçylyk üçin şundan gowy güni ýöriteläbem buýrup boljak däldi. Howa maýyldy, asmanda-da kir-kimir ýokdy. Obanyň köçesinde ona golaý dükan hem-de tüpeňli atyşhana peýda boldy, demir ussahanasynyň öňündäki otlujak ýerde üç sany sarymtyl-goňur ala-mula araba durdy, kaşaň eginbaşly nähilidir bir adamlar bolsa kokos hozlaryny zyňmak üçin desga gurnaýardylar. Erkek kişiler gök jempirlidi, gelinler ak öňlüklidi hem-de ullakan ner sünjülen bezemen şlýapalydy. «Gyzyl sugundaky» Uojer hem-de ädikçi, şonuň ýaly-da ulanylan welosiped satýan Jenap Jeggers köçäniň kese boýuna milli baýdaklardyr patyşa tugundan (Melike Wiktoriýanyň ýaş toýy bellenen mahaly galypdy). düzülen nagyşly bezegi çekýärdiler.
Tutulary tutulan penjirelerinden diňe ölügsije yşyk geçýän alagaraňky myhman otagynda bolsa, megerem, aç-suwsuz, gazap atyna atlanan, üstesine, özüniň daňylarynyň derdinden yssydan ýaňa demi tutulyp barýan nätanyş garamtyl-gök äýneginiň astyndan bir tagta kagyza äňedýärdi, çyr-çyrşak çüýşeleri şakyrdadýardy, penjiräniň aşagynda üýşen göze görünmeýän jahyllara ary köýen ýaly sögünýärdi. Diwar pejiniň burçunda çym-pytrak edilen alty sany çüýşäniň jäçleri çaşyp ýatyrdy, içeride-de hloruň ýakymsyz ýiti ysy alyp barýardy. Şaýatlaryň gürrüňine laýyklykda, ine, bize mälim bolan barysy şular, içerik girilen mahalynda-da otag şeýleräk görnüşde eken.
Günortan töwerekleri nätanyş duýdansyz ýagdaýda otagyň gapysyny açdy hem-de söýegiň ýanynda üýşen üç-dört sany adama çiňerilip, bosagada sägindi. Soňam:
— Hanym Holl! — diýip gygyrdy.
Kimdir biri göwünli-göwünsiz otagdan çykdy hem-de öý bikesini çagyrmaga gitdi.
Hanym Holl biraz haşlap, ýöne juda aýgytly görnüşde peýda boldy. Jenap Holl heniz gaýdyp gelmändi. Zenan barysyny öňünden bişirip goýupdy hem-de ellerinde çaklaňja mejimejigi göterip durdy, onuň üstünde tölenmeli puluň hasap-hesibi ýatyrdy.
— Hasap-hesip etmek niýetiňiz barmy? — diýip, zenan osmakladyp sorady.
— Näme üçin maňa ertirlik şamy getirilmedi? Näme üçin siz maňa iýer ýaly nahar taýýarlamadyňyz, jaňlamma-da hä bermediňiz? Siz, näme, men iýmän oňup bilýändir öýtdüňizmi?
— Onda näme üçin siz hasap-hesibiňizi ýöredeňzok? — diýip, hanym Holl özüniňkini öňe sürdi. — Meň, ynha, şony bilesim gelýä.

— Adyma pul geçirildi, şoňa garaşýan diýip baryp üçünji gün duýdurypdym size...

— Menem dek düýnüň özünde size hiç hili pul geçirilmegine garaşmak meýlim ýok diýip duýdurypdym. Bäş gün bäri hasaplaşaňzok, onsoň, ertirlik şamy getirilenok diýip iňirdäp oturmagyň hajaty ýok.

Myhman keltejik, ýöne mazalyja sögündi.

— Hany, agzyňyza bekje boluň! — diýip, dikdurma ýürekse edilýän ýerden ses geldi.

— Jenap, sögünjiňizi içiňizden daşyňyza çykarmazlygy maslahat berýän — diýip, hanym Hollam berkräk gürledi.

Gonak dymdy, häzir onuň äýnekli mysalasy gahary gelýän guwwasa ogşaýardy. Traktiriň müşderileriniň barysy artykmaçlygyň hanym Holluň tarapyndadygyny duýdy. Nätanşyň soňky sözleri şonam tassyklady:

— Bäriňize gulak goýuň, mähribanym... — diýip, ol gürrüňe başlady.

— Men siziň mähribanyňyz däl — diýip, hanym Holl onuň al-petinden aldy.

— Adyma iberilen puly heniz alamok diýip aýdyp durun-a...

— Ýagşam bir pul iberiläýşini! — diýip, hanym Holl janykdy.

— Ýöne meň jübimde...

— Üçünji gün siz ýanymda ýeke sowerenem ýok diýipdiňiz ahyry.

— Aý, indi men has köpräk pul tapdym.

— Oh-ho! — diýip, dikdurma ýürekse edilýän ýerden ses geldi.

— Şo pullary nireden tapanyňyzy bilesim gelýä — diýip, hanym Holl nekirtledi.

Beýle sowal, megerem, nätanşa ýaramadyk borly. Ol aýagyny tapyrdadyp goýberdi.

— Şeý diýmek bilen siz nämäni göz öňünde tutýaňyz? — diýip, myhman üşerildi.

— Diňe sizde puluň nähili ýol bilen peýda bolanyny bilesim gelýä — diýip, hanym Holl sözüni dowam etdirdi. — Çykdajy puluňyzyň hasabyny bermekden, ertirlik şamyny taýýarlamakdan, aslynda özüňiz üçin nämedir bir iş edilmezden öňürti siziň käbir zatlary düşündirmegiňizi soraýan, şolara menem düşünemok, menden başgalaram düşünenok, ýöne şolary barymyzyň bilesimiz gelýä. Ýokarda meň kürsimiň başyna nähili oýun salanyňyzy bilesim gelýä; siziň otagyňyzyň nädip boş bolanyny, siziňem soň şotaýyk ýene nädip düşüşiňizi bilesim gelýä. Meň myhmanlam gapydan girip, gapydanam çykýalar; bärde bolmaly düzgünem şeýle; siz welin başgaça edýäňiz, meňňem, ynha, şony nädip edýäniňizi bilesim gelýä. Mundan başga-da...

Nätanyş birden ellikli elini ýokaryk göterdi, ýumrugyny düwdi, aýagyny tapyrdadybam, haýkyrdy: «Duruň!». Şeýlebir gazaba münüp gygyrdy welin, hanym Holl şo pille lal-jim bolaýdy.

— Siz kimdigimi, nämeler bilen meşgullanýandygymy bileňzok — diýip, ol sözüniň yzyny sugşurdy. — Häzir gözüňize görkezeýin. Duz kessin, gözüňize görkezeýin! — Şulary aýdybam, ol elini ýüzüne goýdy, şo pursadyň özünde-de ony aýyrdy. Ýüzüň ortarasynda boş çukur hoňkaryp durdy. — Me, saklaň! — diýibem, ol hanym Holla tarap ädim urdy hemem eline nämedir bir zat tutdurdy. Hanym Holl onuň özgeren ýüzünden gözüni aýyrman durşuna uzadylan zady biygtyýar aldy.

Soňam onuň nämedigini görüp, uly ili bilen waýkyryp, elindäkini ýere gaçyryp, arkan çekildi. Ýeriň üstüne burun — nätanşyň ýalpyldap duran gyzyl burny togalanyp gitdi. Soňra ol äýnegini aýyrdy, şonda bar kişi haýran galmakdan ýaňa gözlerini çerreltdi. Gonak şlýapasyny aýyrdy hem-de aldygyna, gazap bilen sakgalsapysyny, hasalary sypyryp başlady. Töweregindäkiler bada-bat onuň täsirine düşäýmediler. Ählisi elheder alşyp, doňňara daşa öwrüldi.

— Ýa ýaradan Alla! — diýip, kimdir biri içini çekdi.

Ahyry hasalar sypyrylyp gutardy.

Bärik üýşenleriň gözlerine görnen zat çak edişlerindenem bäş beter boldy. Agzyny öweldip galan hanym Holl çirkin-çirkin gygyryp, gapa tarap ýüwürdi. Ählisi zöwwe ýerinden dikeldi. Olar ýaradyr şikes baryny, elhençligi göreris öýtdüler, emma bärde beýle-beýle zat ýok. Hasadyr ýasama saç dikdurma ýürekse edilýän ýere gaýyp düşdi, tas şo taýdakylaryň depesinden ilipdi. Barysy bosagadan bosuşyp, birek-biregiň aýagyna çolaşdy, çünki myhman otagynyň bosagasynda üzlem-saplam düşündirişleri gygyryp, possunynyň ýakasyna çenli adama çalymdaş gabara durdy, depesinde welin hiç zat ýokdy, boşdy!

Aýpingiň ilaty «Paýtunçy hem-de bedewler» traktirinden gelýän gyk-bagy, goh-galmagaly eşitdi hem şo taýdan sapandan synap dek okdurylyp gelýän müşderilere nazarlary düşdi. Olar hanym Holluň ýykylanyny, jenap Teddi Henfriniň oňa büdremejek bolup, üstaşyr bökenini gördüler. Soňra gykylyga aşhanadan atylyp çykyp, oslagsyz ýerden kelle ýeri boş nätanşy süsen Milliniň jynssyz sesini eşitdiler. Ses bada-bat üzüldi.

Şu najagaýlykdan soň, köçede duranlaryň ählisi — süýji nygmatlary satýan, nyşana zyňylýan tomaşa jaýynyň eýesi hem-de onuň kömekçisi, hiňňildikleriň eýesi, oglandyr gyzjagazlar, obanyň bezemenje ýigitleri, erli eýjejik gyzlar, giň köýnekli gojalar, öňlükli syganlar — traktire garşy ylňdaryldy. Bir dakyka geçip-geçmänkä hanym Holluň traktiriniň öňünde kyrk çemesi adam üýşdi, märeke köpelip gidip otyrdy, bar kişi gopgun turuzýardy, itnişýärdi, heňkirýardi, sorag-ideg edýärdi, çaklamalaryny öňe sürýärdi. Hiç kim birek-biregi diňlemeýärdi, ählisi birden gürleýärdi — agynjak jygyllygyň bar-da! Birnäçe adam tas huşuny ýitireňkirlän hanym Holla tekge berip, ýerinden dikledi. Umumy garma-gürmeligiň, basa-baslygyň arasynda gözli şaýatlaryň biri, ähli kişiniň sesini basmaga çalşyp, sersdiriji pikiri dile getirdi:

— Jadygöý!

— Ol ne iş gopardy?

— Hyzmatkär gyzy ýaralady.

— Olaň üstüne pyçakly topulaýdy öýdýän.

— Beýle däl, aýdyşlaryna görä, hakykatdakellesiz!

— Size aýdylyp dur-a, eginlerinde kellesi ýok diýip!

— Bolgusyz zat, beýle bolmaga haky ýok, göz baglaýandyr.

— Ol hasalary sypyryp aýyrdy welin...

Açyk gapa garamak üçin mähelle janly pahna emele getirdi, onuň traktiriň gapysyna gönükdirilen ýiti ujuny bolsa, iň bir gözsüz batyr gaýduwsyzlar düzýärdi.

— Ol bosagada dur. Birden gyz çirkin wägirdi, ol yzyna gaňryldy, gyzam ýazzyny berdi. Olam gyzyň mekgesine mündi. Sähelçe wagt geçdi — ol eýýäm yzyna gelýä, bir elinde — pyçak, beýleki elinde — gulak ýaly nan. Sägindi, hamala garanjaklaýan ýaly. Ine, edil häzirem şol gapa girdi. Size aýdylyp dur-a oň düýbünden kellesi ýok diýip. Bir dakyka öň gelenligiňizde, siziň özüňizem...

Yzky hatarlarda gymyldy-hereket duýuldy. Gürrüň berýän dymdy hem-de mähellä ýol bermek üçin çete çekildi, märeke juda aýgyt bilen öýe tarap ýüzlendi; topbagyň başynda jenap Holl barýardy, ýüzüni dym-gyzyl edip, ýa eýläk-ýä beýläk etjege meňzeýärdi, onuň gapdaly bilen *konstebl*[4] Bobbi Jeffers, soňam jenap Uojers ýöräp gelýärdi, ol ätiýaçdan ötri yzrakdan barýardy. Bularda nätanşy tussag etmek baradaky buýruk bardy.

Olara aldygyna iň soňky bolup geçen wakalaryň habaryny ýetirýärdiler — biri bir zat diýip gygyrýardy, beýlekisi — bütinleý başga zat.

— Onuň kellesi barmy ýa-da kellesi ýok — diýip, Jeffers sözüniň üstüni ýetirdi. — Onçasy bilen işim ýok, meň tussag etmeli diýen buýrugym bar, şol buýrugam ýerine ýetirerin.

Jenap Holl bosaga galdy, göni myhman otagynyň gapysyna tarap ýüzlendi hem-de ony açdy.

— Konstebl — diýip, ol Jefferse ýüzlendi. — Öz borjuňyzy berjaý kylyň.

Otaga ilki Jeffers girdi, onuň yzyndan — Holl, iň soňundanam — Uojers. Olar alagaraňkylykda bir eli doly iýlip ýetişilmedik çörek gyňakly, beýleki eli bir bölek peýnirli kellesiz gabarany saýgardylar; onuň iki elem elliklidi.

— Hana, ol — diýip, jenap Holl ümledi.

— Indikiňiz nämedi bu? — Ýakanyň üstündäki boş giňişlikden gaharly ses eşidildi.

— Jenap, siz ýaly her jüre-her jüre otüküleri ömrümde gören däldirin — diýip, Jeffers dogumly gürledi. — Ýöne kelläňiz barmy ýa-da ýok, bilemok, maňa: «Bärik getirmeli» diýlip buýruk berildi. Gulluk borjumam, gürrüňsiz, ýerine ýetiräýmeli...

— Golaýyma geläýmäň! — diýip, nätanyş bir ädim yza tesip gygyrdy.

Ol göz açyp-ýumasy salymyň içinde çörekdir peýniri ýere taşlady, hernä jenap Holl stoluň üstündäki pyçagy kynlyk bilen bolsa-da, garaz, aýryp ýetişdi. Nätanyş çep taý elligini çykardy, şonuň bilenem Jeffersiň ýüzüne urdy. Jeffers, buýrugyň manysy bilen bagly düşündirişleriniň arasyny derhal kesip, bir eli bilen göze görünmeýän eliň penjesinden tutdy, beýleki eli bilenem göze görünmeýän bokurdagy gysymlady. Şu pursadam aýagyna agramly depgi indi, agyra gygyranyny duýman galdy, ýöne eline ilen oljasyny welin sypdyrmady. Holl stoluň üstünden Uojerse pyçagy uzatdy, ol Jefferse kömek bolsun diýip derwezebana meňzäp hereket etdi. Aldym-berdimli tutluşykda garşydaşlar oturgyja süsdürildiler, Jeffers alagüpürdi bolup bir gyra zyňyldy, ikisi-de ýere ýykyldy.

— Aýagyndan tutuň — diýip, Jeffers jyzyr-jyzyr etdi.

Onuň görkezmelerini ýerine ýetirmäge çytraşan jenap Holl, döşüne degen güýçli urgudan soň, bir dakykalyk hatardan çykdy, jenap Uojers bolsa, kellesi görünmeýän nätanşyň Jeffersi alarladyp barýanyny görüp, eli pyçakly halyna, gapa tarap

[4] Konstebl — kiçi derejeli polisiýa wekili (ter. bel.).

götinjekledi, şo taýda-da kanuny hem-de düzgüni goraýja kömege gyssanyp barýan jenap Hakstersdir sidderbrijli paýtunçy bilen çaknyşdy. Edil şu aralykda-da tekjeden çüýşe bary paýrap gaçdy, otagyň içini ýiti porsy ys gaplap aldy.

— Boýun egýän! — diýip, nätanyş Jeffersi bagyrdadyp aşagyna dykandygyna garamazdan gygyrdy. Ol agyr-agyr dem alyp, haslap ýerinden turdy, onuň kellesem ýokdy, elem, sebäbi garpyşyk mahaly iki taý elligini-de çykarypdy.

— Barybir, alan galaňyz bolmaz — diýip, demi-demine sygman gürledi.

Beýle sesi eşitmek aňrybaş derejede geň-taňdy, sebäbi ses boş giňişlikden çykýan ýalydy, ýöne Sasseksiň ilaty, megerem, dünýädäki iň seri dury adamlar bolsa gerek. Jeffersem ýerinden dikeldi hem-de jübüsinden goşa gol gandalyny çykardy. Ýöne şo pille-de halys alasarmyk halda sägindi.

— Me saňa gerek bolsa! — diýip, ol ähli bolup geçýän wakalaryň hiç bir weçden heňe gelmeýän zatdygyna zordan aň ýetirmäge başlap gürledi. — Al kakmyş! Görýän welin, gandallaň derkary ýok ýaly.

Natanyş boş ýeňi bilen penjeginiň üstünden gezdirdi, şonda, misli, doga-jady edilen dek, ilikler öz-özünden ýazdy. Soňra ol aýaklary babatda nämedir bir zatlary madyrdady hem-de egildi. Çaky, ol köwüşdir joraplaryny elleşdirýän borly.

— Ahow, hany duruň! — diýip, Haksters birden haýkyrdy. — Bu bütinleý adam däl-ä! Bärde diňe içi boş eginbaş. Üns beriň ahyry, arasyndan seredip bolýa, penjeginiň işligem görnüp dur. Men elimem sokup biljek...

Ol şeýle diýip elini uzatdy. Ol howada nähilidir bir zat bilen çakneşan dek boldy, sebäbi şo bada çirkin gygyryp, elini çekdi.

— Barmaklaňňyzy meň gözlemmiň öňünden aňyrrakda saklamagyňyzy haýyş edýän! — Boşlukdan gazaply sözler ýaňlanyp gitdi. — Bar belaň körügi durkum bilen şu ýerde — kellämem, ellemem, aýaklamam, ýene gaýrylammam, ýöne men diňe göze görnemok. Munuň özi, gaty oňaýsyz, emma etjek alajyň ýok. Herhal, şeýle ýagdaý Aýpingiň öňýeten sammygyna gözüme barmagyny dürtmäge hukuk berenok.

Onuň öňünde ellerini bykynyna urup ilikleriniň barysy ýazdyrylan hem-de göze görünmeýän diregde öz erkine, agaýana asylan penjek durdy.

Şu aralykda köçeden ýene birnäçe adam gelip goşuldy, otag jemendeden doldy...

— Näme? Göze görünmezek diýdiňmi? — Haksters nätanşyň göwün syndyryjy äheňine per bermän gürledi. — Durmuşda beýle zat bolmaýa.

— Munuň siziň üçin geň-enaýy görünmegi mümkin, ýöne bärde hiç hili jenaýat alamaty ýog-a. Konstebl nämä esaslanyp, üstüme topulýa?

— Bu, ynha, bütinleý başga mesele — diýip, Jeffers sözüni dowam etdirdi. — Dogry, bäri garaňkyrak, sizi aýyl-saýyl görmek kyn, emma mende sizi tussag etmek baradaky buýruk bar, resmi görnüşdäki buýruk. Siz göze ilmeýänligiňiz üçin däl-de, eýsem, talaňçylyk etmekde şübhe bildirilýänligiňiz üçin tussag astyna alynmaly. Şu ýerden beýle bir uzakda bolmadyk öý talanylypdyr hem-de şol ýerden pul ogurlanypdyr.

— Ýeri onsoň?

— Käbir ýagdaýlaň görkezmegine görä...

— Patarraky gürrüň? — diýip, Göze ilmezek waýkyrdy.

— Jenap, şoň şeýledigine umyt baldirýän. Ýöne meň buýrugym bar.

— Ýagşy — diýip, nätanyş ylalaşdy. — Siz bilen gideýin. Hawa, gideýin. Ýöne gandalsyz.
— Düzgün şeýle-dä — diýip, Jeffers düşündirdi.
— Gandalsyz — diýip, nätanyş eňegine tutdy.
— Bagyşlaň welin, şol-a bolanok — diýip, Jeffersem ýeň bermedi.
Birden Göze ilmezegiň gabarasy ýere çökdi, hiç kim nämäniň-nämedigine aň ýetirip ýetişmänkä-de, bir jübüt köwüş, jalbar, bir jübüt jorap stoluň aşagyna patlap düşdi. Soňra Göze ilmezek tarsa ýerinden gopup, egnindäki penjegi sypyryp taşlady.
— Dur, dur! — diýip, birden işiň düýp-teýkarynyň magadyna ýeten Jeffers gygyrdy. Ol ýeňsiz gursakçadan aslyşdy, olam gaýtawul berip başlady; soňra şo taýdan köýnek çykdy, onsoň, Jeffersiň elinde boş ýeňsiz gursakça galdy. — Tutuň ony! — diýip, Jeffers bokurdagyna bat berdi. — Eşiklerini çykardygy işimiziň gaýtdygy!..
— Tutuň ony! — diýşip, ählisi gygyryşdy hem-de howada galgap barýan ak köýnegiň yzyndan eňdi — häzir göze görnüp duran nätanyşdan bor galan zat şody.
Köýnegiň ýeňi Holluň ýüzüne bat bilen malçyldadyp goýberdi, munuň özi, onuň aýgytly hüjüminiň öňüni böwetledi hem-de ony yza, gös-göni Tutsomyň, ruhanynyň kömekçisiniň üstüne itdi; şol pursadyň içinde-de köýnek howada ýokaryk göterildi, kelleden çykarylýan her bir köýnek mysaly-da ýokarda towlanyp başlady. Jeffers ýeňden berk ýapyşdy, ýöne şeýtmek bilen diňe köýnegi çykarmaga tekge berdi. Howada nämedir bir zat onuň aşaky äňine ýelmedi; ol derhal degenek taýagyny gysymyna gysdy-da, bar gara güýji bilen Teddi Henfriniň laýyk süýr depesine golçuldatdy.
— Ägä boluň! — diýşip, ähli kişi çen bilen howa sary urgy baryny gönderip gygyryşýardy. — Tutuň ony! Gapyny gulplaň! Ony goýbermäň! Men bir zady-ha tutdum! Ynha, ol!
Tüýs Babyl bulam-bujarlygy, başagaýlygy başlandy. Ýumruk paýy ähli kişä birden dökülýän ýalydy, üşükli Sendi Uojers — burnuny gara gana getiren zarply urgy ony bada-bat akylyna aýlandyrypdy — gapyny açdy hem-de ilkinji bolup otagdan dazlap çykdy. Barysy şo pille onuň yzyna eýerdi. Gapynyň agzynda hakyky basa-baslyk, depeşek başlandy. Urgular entegem ýagyp ýatyrdy. Başga bir dini mezhebe eýeriji Fipsiň alyn dişini owratdylar, Genriniň gulak çukurjygyny ýaraladylar. Kimdir biri Jeffersiň äňine golçuldatdy, ol bärsine öwrüldi welin garma-gürmelikde özi bilen Hakstersiň arasyna dykylyp giren nähilidir bir göze görünmeýän zatdan ýapyşdy. Ol gapak ýaly döşi sermeleşdirdi, şol dakykanyň özünde-de ýaka tutuşýan, ganlary depesine uran adamlaryň ýumagy otagara inçejik geçelgä togalandy.
— Tutdum! — diýip, Jeffers haş-haşlap gygyrdy. Bardygy-ýokdugy bildirmeýän duşmany elinden sypdyrman durşuna ol, dym-gyzyl bolup, bogunlaryny çykyn-çykyn edip, bu geň-taň tutluşygyň öňünde yza çekilişýän märekäniň arasynda pyrlanýardy. Ahyry barysy bosagadan ýere togalanyşyp gaýtdy. Jeffers henizem gujagynda nähilidir bir göze görünmeýän zady gysyp hem-de dyzyny çalasyn işledip durşuna, boguk sesi bilen gygyrdy, soňam ýaýkanyp, arkan gaýtdy, ýeňsesem daşa patlap degdi. Diňe şondan soň ol barmaklaryny ýazdyrdy.

«Tutuň ony!», «Göze ilmezek!» diýen gykylyk sesleri eşidildi. Adyny tanamak başartmadyk, ýerligi Aýpingden bolmadyk haýsydyr bir ýaş ýigit yglap geldi, ol nämedir bir zady tutdy, ýöne şo bada elinden sypdyrdy hem-de serlip ýatan konstebliň üstüne ýykyldy. Köçäniň ortarasynda urlup ýykylmaga az galan zenan çasly gygyrdy; megerem, böwrüne depilen item çyňsady-da, üýrüp Hakstersiň howlusyna okduryldy. Şunuň bilenem Göze ilmezegiň gaçyşy tamamlandy. Märeke bir dakykanyň dowamynda aňkaryşyp hem-de aljyraňňy halda galdy, soňam, misli sowuk kakan ýapragyň ýeliň badyna gaýyp gidişi deýin, duw-dagyn boldy.
Diňe Jeffers asmana garap hem-de aýaklaryny uzadyp, sarsman ýatyrdy.

## VIII BAP

## GEPIŇ GERDIŞINE GÖRÄ

Sekizinji bap üýtgeşikden keltejik. Munda ýerli höwesjeň tebigatşynas Jibbinsiň, iň bolmanda, iki çakrym daş-töwerekde yns-jynsyň bolmaga haky ýok diýip gaty arkaýyn ýagdaýda depejigiň üstünde irkilip ýatan mahaly, özüniň gaty golaýjagynda kimdir biriniň aýak sesini, onuň üsgürinjireýşini, asgyryşyny, myrtar-myrtar sögüşini eşidişi barada gürrüň berilýär; ol beýlesine gaňrylan badyna hiç kimi görüp bilmedi. Muňa garamazdan, ses juda aýyl-saýyl gelipdi. Göze ilmezek ötegçiniň aýlawly saýlantgy paýyşly sögünjinden çen tutsaň, onuň ylymly-bilimli kişidigini bada-bat aňşyrmak mümkindi. Ses iň soňky belent äheňe göterilip, ahyry ýuwaş-ýuwaş bütinleý ýitip gitdi, Jibbinsiň göwnüne bolmasa, ses Edderdin tarapa barýan ýolda doňup galypdy. Iň soňky sapar ýiti-ýiti asgyrmadan soň — bar zat ýuwaşady. Jibbins irdenki bolup geçen wakalardan düýbünden habarsyzdy, ýöne bu hadysa şeýlebir akylyny haýran etdi hem-de böwründe bükgüldidir ünji baryny döretdi welin, onuň sowukganlylygyndan, tapbilerliginden nam-nyşan galmady. Ol tarsa dikelip, bar güýjüni bir ýere jemläp, depejikden aýagaldygyna ylgap düşdi-de, obaçylyga tarap tutdurdy.

## IX BAP

## JENAP TOMAS MARWEL

Jenap Tomas Marwel barada düşünje almak üçin siz süýnmek ýasy burunly, erni suwly, agzy gulaklaryna ýetip duran, gürzelek sakgally, mazaly mürşük ýüzli adamyny göz öňüne getirmeli. Ol çalt semregen kişileriň hilindendi, munuň özi onuň örän keltejik eldir aýaklaryndanam görnüp durdy. Kellesinde sary giden ýüpek zömmek başgap bardy, esasy eginbaşlarynyň iň zerur ýerlerinde iliklere derek inçejik

ýüpdür köwüş bagjyklarynyň göze dürtülip durmagy onuň syrma sallahdygyndan habar berýärdi.
Jenap Tomas Marwel Aýpingden bir ýarym çakrym töweregi aralykdaky Edderdine eltýän ýoluň ýanyndaky çukura aýagyny sallap otyrdy. Onuň aýaklarynda ýyrtyk jorapdan başga hiç zat ýokdy; aýaklarynyň ýyrtykdan somalyşyp duran başam barmaklary ýasydy hem-de jaýtaryşyp durdy, olar üşerilip duran itiň gulaklaryny ýada salýardy. Tomas Marwel geýip görmekçi bolýan köwşüni alňasaman — ol ähli zady alňasaman edýärdi — gözden geçirýärdi. Olar gaty berk köwüşdi, bu golaýda munuň ýalylary eline düşmändi, ýöne köwüş oňa çakdanaşa uly gelýärdi; aslynda onuň köne köwşi gurak howa üçin doly ýaraýardy, emma çygly howada geýer ýaly däldi, sebäbi aşagy juda ýukady. Jenap Marweliň ýek ýigrendigi giň köwüşdi, ýöne çygly howa gezek gelende çydamsyzdy. Anygyny aýdanyňda ol giň köwüş ýakymsyzmy ýa-da çygly howa — şony heniz doly kesgitläp ýetişmändi. Maýylganlyk gündi, başga-da bir alyp barýan iş ýokdy, şondan ötri ol oýlanyşmagyň kül-külüne düşdi. Ol dört köwşüň barysyny ýerde goýdy, köwüşleri gelşikli hatara düzüp, neşeläp ýerleşdirip, olary birlaý synlamaga başlady. Örç alyp oturan haşal otuň arasynda duran köwüşlere seredip durşuna, ol birden iki jübüdem göz-gulban, betnyşan diýen netijä geldi. Ol ýeňsesinden çykan kimdir biriniň sesini eşidip, birjik-de geň galmady.
— Näme diýseňem, köwüş-dä — diýip, Ses gürledi.
— Sadaka berlen aýakgap — diýip, jenap Tomas Marwel kellesini gapdala egip hem-de keýpsiz ýagdaýda köwüşlere äňedip durşuna gürledi. — Içine jöwen düşmüş, men, ynha, indi hatda şu jübütleň haýsy biriniň ýaramazdygynam anyklap bilemok.
— Hm... — diýen ses çykdy.
— Men mundan ýaramaz aýakgabam geýipdim. Çynymy aýtsam, bütinleý köwüşsiz oňan wagtymam bolupdy. Emma — eger şeý diýip aýdyp bolýan bolsa — şular ýaly bihaýa betnyşanlary ömrylla geýen däldirin. Indi köpden bäri aýakgabyň gözleginde, çünki häzirkilem ýüregime düşdi. Sözüm ýok, olar berk. Ýöne mydama aýak üstündäki adamy şol bir aýakgap ýadadýa — zol-zol görüp duraňsoň, bizar edýä. Ynanmarsyňyzam, hernäçe çytraşsam-da, tutuş daş-töwerekden şulardan başga köwüş tapyp bilmedim. Bir serediň-ä bulara! Ýöne, umuman aýdaňda, bu köwüş bu jelegaýlarda gowy hasaplanýa. Maňlaýyma ýazylanydyr-da. On ýyl bäri şü töweregiň aýakgabyny geýip ýörün. Ine, maňa şuň ýaly bolgusyz zady sokupdyrlar.
— Bu jelegaý gaty dereksiz eken — diýip, Ses dowam etdi. — Bäriň halkam dereksiziň dereksizi!
— Rast gürrüň — diýip, Tomas Marwel makullady. — Päheý-de weli, köwüşjan bolaýşyny! Göre girmiş diýsä!
Ol soňky sözlerini aýdyp, sag tarapa gözüniň gyýtagyny aýlap, söhbetdeşiniň köwşüni synlasy, ony özüniňki bilen deňeşdiresi geldi, ýöne öte haýranlar galdy, bir jübüt köwüş görmek islän ýerinde ne aýakgap bardy, ne-de aýak. Ol çep egniniň üstaşyry äňetdi, ýöne o taýdanam köwşem tapyp bilmedi, aýagam. Ol muňa gökden düşene döndi.
— Ahow, siz nirede? — diýip, Tomas Marwel emedekläp, beýlesine öwrüldi. Onuň öňünde baýyrly düzlük ýaýlyp ýatyrdy, diňe hemişe gök öwüsýän mawumtyl-gyzyl reňkli gyrymsy ösümlik ýeliň ugruna galgaýardy.

— Be, men serhoş-ä däldirin-dä, hernä? — diýip Tomas Marwel töweregine ýaltaklady. — Gözüme göründimikä? Ýa öz-özüm bilen gürleşäýdimmikäm? Häý, al kakmyş!
— Gorkaýmaň! — Ses gürledi.
— Hany, oýun etmäňizi goýsaňyzlaň! — diýip, Tomas Marwel gygyryp gürledi. — Siz nirede! «Gorkaýmaň» — älhepes, aýdaýyň-da?
— Gorkmaň! — Ses gaýtalady.
— Eý, kelewiň biri, häzir seň özüň gorkarsyň! — diýip, Tomas Marwel abaýlady. — Hany, sen? Häzir ýanyňa bir baraýyn.
Ses-selem eşidilmedi.
— Ahow, sen ýeriň teýindemi? — diýip, Tomas Marwel sorady.
Hiç hili jogap çykmady. Tomas Marwel ilikleri ýazdyrylan penjekli, diňe joraply dik durdy, nämäniň-nämedigine düşünmänsoň, agzy öwelip galypdy.
«Fýui-şt» — Alysdan sykylyk sesi geldi.
— Me saňa «fýui-şt». Dogrudanam, siz nämä henek edýäňiz? — diýip, Tomas Marwel gep goşdy.
Bäri yns-jynssyz jelegaýdy. Haýsy tarapyňa äňetseňem, hiç kim görnenokdy. Gapdaly ganawly, ýakasy ak sütün hatarlary bilen jäheklenen tekiz, çola ýol demirgazyga hem-de günorta uzalyp ýatyrdy, kir-kimirsiz asmanda-da jikjikiden başga hiç zat göze ilenokdy.
— Ýokarda Alla bar! — diýip, Tomas Marwel penjeginiň iliklerini ildirişdirip durşuna haýkyrdy. — Akylym üýtgäpdir. Bilip durun.
— Akylyň oýny däl bü — Ses dowam etdirdi. — Howsala düşmäň.
— Eý-ho! — Marwel ýüzüni duwak edip iňňildedi. — Akylyň oýny. — Dodaklaryny müňküldedip, sessiz gaýtalady. Ol tutuksylyk bilen gös-göni öňüne seredip, biraz durdy, soňra ýuwaşjadan beýlesine öwrülip başlady. — Ses eşidendigime antam üçip bilerin — diýibem, pyşyrdady.
— Elbetde, eşitdiňiz.
— Ine, ýene — Marwel gözlerini ýumdy hem-de elheder alyp, kellesine ýapyşdy. Emma şo pursat birden onuň ýakasyndan tutdular hem-de şeýlebir silkelediler welin, onuň bütinleý başy çaşyp gitdi.
— Sammyklamaňy goý — diýip, Ses gürledi.
— Meň kelläm üýtgäpdir — diýip, Marwel sözüniň yzyny sugşurdy. — Indi hiç zat kömek etmez. Barysam näletsiňmiş paşmaklar zerarly. Hakyt däliräpdirin! Ýa-da bü gözüme görünýämikä?
— Olam däl, bulam — diýip, Ses gürrüňini dowam etdirdi. — Bäriňe gulak goý...
— Däliräpdirin! — diýip, Marwel gaýtalady.
— Hany, dursana how! — diýip, Ses kejikmesini zordan saklady.
— Ýeri? — diýip, gürlände Marwel, hamala, kimdir biri döşüne barmagyny degren ýaly, geň duýgyny başdan geçirdi.
— Men seň diňe gözüňe görnendirin öýdüp pikir edýäňmi, hä, şeýlemi?
— Dagy başgaça nähili bolup biljek? — diýip, Tomas Marwel ýeňsesini gaşady.
— Gaty gowy — diýip, Ses dowam etdi. — Beýle bolsa men tä sen pikiriňi üýtgedýänçäň üstüňe daş oklajak.

— Sen nirede ahyry how?

Ses jogap bermedi. Şuwwuldy eşidildi — megerem, howadan uçup gelen daş jenap Marweliň edil egniniň ýanjagazyndan wazlap geçdi. Jenap Marwel beýlesine gaňrylanda, ýene bir daş aýlaw edip, ýokaryk uçdy, sähelçe wagt asmanda doňňubam, göze ilmez tizlikde onuň aýaklarynyň ýanyna uçup geldi. Ol şeýlebir äm-säm ýagdaýda galdy welin, hatda sowulmaga-da milt etmedi. Daş onuň aýagynyň ýalaňaç başam barmagyna degip, ganawyň içine gaçdy. Tomas Marwel ziňkildäp, ýerinden galdy hem-de agyrydan ýaňa bagyrdy. Soňam ýazzyny bermäge synanyşdy, ýöne nämedir bir zada büdredi hemem düňderildi-de, göti ýere degdi.

— Ýeri, indi näme diýip-näme aýdarsyň? — diýip, Ses sorady, şonda üçünji daşam aýlaw edip, ýokaryk atyldy hem-de sergezdanyň depesinde asyldy. — Eýse, men näme? Gözüňe görünýändirin öýdýäňmi?

Marwel jogaba derek ýerinden turdy, ýöne derhal ýene ýere zyňyldy. Ol bir dakyka töweregi gymyldaman ýatdy.

— Gymyldaman otur — diýip, Ses gürledi. — Ýogsa, daş bilen kelläňi pytradaryn.

— Alla jana döneýin — diýip, jenap Marwel oturdy hem-de aýagynyň agyran ýerini sypaşdyrdy, ýöne gözleri welin daşdady. — Teý düşünýän däldirin. Daşlaň özi zyňylýa. Daşlar gürleýä. Zyňylmaweriň! Ýok bol. Waý, işim gaýtdy.

Daş ýere gaçdy.

— Bärde düşünip-düşünmez ýaly zat ýok — diýip, Ses gürrüňiniň üstüni ýetirdi. — Men göze görünmezek.

— Hany, gürrüňiňiziň heňini üýtgetseňizläň — diýip jenap Marwel agyrydan ýaňa ah-wahlap hem-de towlanjyrap gürledi. — Nirede bukulýaňyz, nädip başaryp bilýäňiz? Hiç akyl ýetirip bilemok. Boýun egýän.

— Men göze ilmezek, bar bolany şol. Sen düşünýäňmi ýa düşüneňok? — diýip, Ses sorady.

— Bu bir düşnükliňem-düşnüklisi. Jenap, şondan ötri, gygyňyzy pürkmäň. Indem, gowusy, özüňiziň nädip gizlenip bilýäniňizi aýdyň.

— Men gözden gaýyp adam, bar gepem şondan ybarat. Düşünäý-dä sen...

— Onda siz nirede? — diýip, Marwel onuň sözüni kesdi.

— Bärde how, seň öňüňde, bäş ädim ýanyňda.

— Aýdyber! Men sokur köp däl. Sen häzir özüňe «men howa-da» diýersiň. Ahow, men entäp ýören nadanmydy...

— Hawa, men howa. Sen menden parran görüp dursuň.

— Näme? Onda seň hiç zadyňam ýokmy? Diňe lakgy-lukgy sesiňmi, bar bolanymy?

— Menem ähli kişi ýaly, süňňi jan-tenden, gandan bolan adam, menem iýmelem, içmelem, ýalaňaç bedenimi ýapmalam. Ýöne men göze görünmezek. Düşünýäňmi? Göze görünmezek. Bärde düşünmez ýaly zat ýok. Göze ilmezek adam.

— Hakyky adammy?

— Hawa.

— Beýewbar şeýle bolsa — diýip, Marwel diňşirgendi. — Hany, maňa eliňizi beriň. Şonda, herhal, nämedir bir zada meňzär... Oh! — Ol birden haýkyrdy. — Ýaman gorkuzdyňyz how! Heý, beýdibem bir berk tutmak bormy!
Ol penjesini gysan eli sermeleşdirdi, soňra ikirjiňlenibräk gerdeni, çykyn-çykyn döşi, sakgaly sermeleşdirdi. Haýran galmakdan ýaňa ýüzüniň ýasawy üýtgäp gitdi.
— Ýeser-ow! — diýip, ol içini çekdi. — Bul-a horaz uruşdyrylyşyndanam beter enaýy. Akylym haýrandyr. Men ýarym çakrym daşlykdaky towşany siziň araňyzdan görýän. Özüňiz welin birjigem görneňzok... Ýogsa-da...
Şu ýerde Marwel boş ýaly görünýän giňişlige dykgat bilen seretmäge durdy.
— Hany aýdyň, siz çörek bilen peýnir iýdiňizmi? — diýip, ol göze görünmeýän goly sypdyrman durşuna sorady.
— Bildiňiz. Entek aşgazanym olary siňdirip ýetişmändir.
— Hä-ä — diýip, jenap Marwel oýurgandy. — Herhal, bu ýagdaý ýaman geň.
— Dogrusy, bu edil siziň çaklaýşyňyz ýaly, beter geňem däl.
— Muň özi meň ýönekeýjeaňym üçin ýeterlik — diýip, Tomas Marwel sözüni dowam etdirdi. — Ýöne siz muny nädip oňaryp bilýäňiz? Al kakmyş, nähili başardýa?
— Bu gaty uzak gürrüň. Mundan başga-da.
— Men özümi dürsäp bilemog-a — diýip, Marwel uludan bir demini aldy.
— Saňa, ynha, şuny aýdasym gelýä: men kömege mätäç — şo derejä ýetirdiler meni. Saňa duýdansyz sataşdym. Guduzlama hetdine ýetip, ýalaňaç, tapdan düşüp gidip barýadym. Jan almaga taýýardym... Birdenem seni gördüm...
— Eý, Taňrym! — diýip, Marwel gygyranyny-da aňşyrman galdy.
— Ýanyňa ýeňsäňden geldim... biraz böwrümi diňledim-de, ýene gidiberdim...
Jenap Marweliň mysalasy onuň duýgularyny juda mese-mälim daşyna çykarýardy.
— Soňam sägindim. «Bulam özüm ýaly ýekirlen — diýip oýlandym. — Tüýs maňa gerek adam». Yzyma dolandym-da, ýanyňa ýüzlendim. Soňam...
— Ýa ýaradan Biribar! — diýip, jenap Marwel sojady. — Halys başym çaşdy. Soramaga ejaza beriň: bu nähili beýle? Göze ilmezek! Onsoňam, size nähili kömek gerek?
— Maňa geýim-gejim, ýatak ýeri hem-de ýene käbir zatlary tapyşmaga kömegiň derkar... Şu zatlaň bary mende bir wagtdan bäri ýok. Eger islemeýän bolsaň... Ýöne sen maňa kömek edersiň, kömek edäýmeli!
— Dursaňyz-la walla! — diýip, Marwel sözüni dowam etdirdi. — Pikirimi çugdamlamaga maý beriň! Edil beýdäýmeli däl-ä — paltaň çüwdesi bilen kellä golçuldatmak. Maňa degmäň! Özüme gelmäge puryja beriň! Bulaň barysy bimany: yns-jynssyz baýyrlar, alaň-açyk asman. Tebigat gözelliginden başga köp çakrymlykda bu jelegaýda hiç zat görnenok. Birdenem ses. Asmandan inen ses. Üstüňe ýagýan daş. Ýene ýumruklar. Ýa Biribar, özüňden medet!
— Hany, şumjaryp durmasana — diýip, Ses sözüniň yzyny sugşyrdy. — Gowusy, näme buýursam, şonam berjaý kyl.
Marwel owurdyny çişirdi, gözlerem bütinleý mölerip gitdi.
— Men seni saýlap-seçdim — diýip, Ses gürrüňini dowam etdirdi. — Eger birküç sany oba sammygyny hasaplamaňda, sen dünýäde göze ilmezegiň bardygyny bilýän

ýeke-täk kişi. Sen maňa kömek etmelisiň. Maňa tekge ber, menem, onsoň, seň üçin köp zat ederin. Göze görünmezek adamyň elinde uly güýç bardyr. — Ol sägindi hem-de güýçli asgyrdy. — Ýöne eger meni satsaň, eger buýurjak işlemmi ýerine ýetirmeseň...
Ol dymdy hem-de Marweliň çignini berk gysdy. Marwel agyrydan ýaňa bögürip gitdi.
— Sizi satmak niýetim ýok — diýip, ol göze görünmezekden götin tarapa süýşmäge dyzady. — Oň gürrüňi bolup bilmez. Höwes bilen kömek ederin. Diňe meň näme etmelidigimi aýdyň. (Ýa Biribar!). Ähli isleýän zadyňyzy juda keýpihonlyk bilen bitirerin.

## X BAP

## JENAP MARWEL AÝPINGDE

Dowul biraz ýatyşansoň, Aýpingiň ilaty akyla laýyk hereket etmäge başlady. Müňkürlik duýdansyz döredi — dogry, birneme yrga, ygtybarsyz, ýöne, herhal, müňkürlik müňkürligine galýar. Gözden gaýyp adamynyň bardygyna ynanmazlyk has aňsatdy, ony görenleriň, onuň howada dagap gidişini görenleriň ýa-da onuň ýumrugyny dadyp görenleriň sanyny bolsa, barmak büküp sanaýmalydy. Munuňam üstesine, gözli şaýatlaryň biri — jenap Uojers ýokdy, ol öýünde guýlunyp ýatyşyna ýanyna hiç kimi getirmeýärdi, Jeffersem «Paýtunçy hemde bedewler» traktirinde özüni bilmän ýatyrdy. Adaty durmuş akymynyň çäginden çykýan garaşylmadyk, üýtgeşik, geň-enaýy wakyýalar, köplenç halatda, adamlary daşyna dolap bilmeýär, sebäbi nämälim zatlara aň terezisi akyl keserden ejiz gelýär, oňa derek ähmiýetsiz görünýänleri, ýöne anyk, takyk göz ýetirip bolýanlary welin, olara has güýçli täsirini ýetirýär. Aýping baýdaklar bilen bezeldi, ýaşaýjylar bezenip-beslendiler. Olar baýramçylyga tutuş aýlap taýýarlanypdylar, kän garaşypdylar ahyry. Ine, hut şonuň üçinem, birnäçe sagat geçenden soň, hatda Göze ilmezegiň bardygyna ynananlara çenli, ol hemişelik ýitirim bolandyr diýşip özlerini köşeşdirip, indi şowhunşagalaňa, göwün açmalara, güýmenjelere berlipdi; müňkürlere gezek gelendehä, onda olar üçinä bardygyýokdugy bilinmez oýunhenege öwrülipdi. Her hili bolanlygyndada, eýlekileriň arasyndada, beýlekileriň arasyndada üýtgeşik keýpi köklük, şadyhorramlyk höküm sürýärdi.
Haýsmen çemenliginde çadyr dikdiler, şol ýerde hanym Banting hemde beýleki gelinler çaý gaýnatmagyň ugruna çykdylar, töwereklerde bolsa, ýekşenbe mekdebiniň okuwçylary otuň üstünde kim öň barmaşak oýnaýardylar hemde ruhanynyň, hanym Kassdyr hanym Sekbatyň şowhunşagalaňly baştutanlygynda her dürli oýunlar oýnaýardylar. Dogry, nähilidir bir ýeňiljek galagoplulyk duýulýardy, ýöne barysynyň akyly gözlerinde bolansoň, özleriniň gorkyürkülerini içlerinde saklaýardy. Eňňitligine çekilen tanap ýaşlaryň höwes edýän ýeridi, onuň üstünde diregden ýapyşyp, ýüpüň beýleki tarapyndaky ujunyň ýanynda duran içi bedeli haltanyň üstüne dazlap düşmek

mümkindi. Hiňňildigiň, kokos hozy zyňylýan ýeriň, bug orgànly[5] aýlanýan hiňňildigiň ýanlaryda hezillikdi, ýagyň ýiti ysy hemde sazyňam şonçarak ýiti sesi howany birsydyrgyn doldurýardy. Irden kilisede çokunan klubuň agzalary her dürli reňkdäki nyşanlary bilen pors atýardylar, jahyllaryň aglaba bölegi özleriniň ýol gazanjyklaryny göz gamaşdyryjy lentalar bilen bezäpdir. Ynha, goja Fletçeriň welin baýramçylyk dynç alşy barada birneme ýowuzrak pikiri bardy, ol iki sany oturgyjyň üstüne tagta goýup, aşhanasynyň potologyny — petigini aklaýardy, onuň reňk çalşyny sekirtmekdäki hemeşe — jasmin gülüniň arasyndan ýada açyk gapydan (kimiň neneňniçik göresiniň gelşine bagly) synlamak bolýardy.
Sagat dört töwereklerinde nätanyş kimse peýda boldy; ol baýyrlaryň tarapyndan gelipdi. Onuň boýy pesdi, ýognasdy, halys dagan zömmek şlýapalydy, özem haşlap dem alýardy. Ol bir owurtlaryny içine çekse, birde owurtlaryny mazaly çişirýärdi. Ýüzi gyzyl meneklidi, gorky basany mesemälimdi, çalt hereket etsede, göwünligöwünsizdigi gözgörteledi. Ol kilisäniň burçunyň aňyrsyndan sowuldy hemde «Paýtunçy hemde bedewler» traktirine tarap ýüzlendi. Beýlekiler bilen birlikde goja Fletçerem oňa üns bermän durup bilmedi, ol nätanşyň gaty howsalaly sypatyna haýran galypdy. Goja tä çotgasyndaky reňk ýeňine syrygýança onuň yzyndan garap galdy.
Tüpeň atylýan ýeriň — tiriň eýesiniň aýtmagyna görä, ol özözi bilen gürleşip gelýän eken. Jenap Hakstersem şeýle ýagdaýy görüpdir. Ol myhmanhananyň bosagasynda sägindi, jenap Hakstersiň sözlerine göräde, öýe girmezden burun kän ýaýdanan borly. Ahyry ol basgançak boýunça ýokaryk galdy, soňam çepe öwrüldi — muny jenap Hakstersem görüp ýetişdi — hemde myhman otagynyň gapysyny itdi. Jenap Haksters içeridäki sesleri, şonuň ýalyda, dikdurma ýürekse edinilýän ýerdäkileriň nätanşa ýalňyş girip barýandygyny duýdurýan seslerini eşitdi.
— Ters barýaň! — diýip, jenap Holl düşündirdi.
Şonda nätanyş gapyny ýapdy hemde dikdurma ýürekse edinilýän ýere girdi.
Birnäçe dakykadan soň, ol ýenede köçede peýda boldy, doly kanagatlanan görnüşde eli bilen dodaklaryny süpürişdirdi, bu Haksterse ýasama göründi. Ol biraz durdy, daştöweregine ýaltaklady, soňra jenap Haksters onuň myhman otagynyň penjiresiniň çykýan ýerine — howla tarap alyp barýan derwezä tarap ogrynça ýüzlenenini gördi. Biraz ikirjiňlenenden soň, nätanyş derwezäniň gabsasynyň bir taýyna ýaplandy, keltejik toýun şybygyny çykaryp, içine yslyja ot dykyp ugrady. Onuň elleri sandyraýardy. Ahyry eýdipbeýdip şybykly işini birýan ýüzli etdi, ellerini döşüne gowşuryp, içi gysýan kişiniň görnüşine girdi, emma onuň zolzol howla tarap çaltçaltdan ýaltaklap durmagy içi gysýana bütinleý meňzemeýärdi.
Jenap Haksters şu zatlaryň baryny temmäki dükanjygynyň penjiresiniň demir gözenekleriniň arasyndan synlap durdy, nätanşyň özüni geňtaň alyp barşy oňa synlamagyny dowam etdirmäge meýil oýardy.
Birdenem nätanyş laňňa dikeldi, şybygyny jübüsine dykybam, howluda gürümjürüm boldy. Şu ýerdede jenap Haksters, gözüniň alnynda ogurlyk edilýär diýen netijä gelip, dükandan çykdy hemde ogryny gola salmak üçin köçä tarap ylgady. Şu aralykda zömmek şlýapasyny gyňra geýen nätanyş ýenede göze ildi, onuň bir elinde gök mata

5 Orgàn — birnäçe klawiaturaly we turbaly uly üflenip çalynýan saz guraly (ter. bel.).

dolanan ullakan düwünçek, beýlekisinde bolsa — soň anyklanmagyna görä, ruhanynyň egnaşyr kemerine daňlan üç sany kitap bardy. Ol Hakstersi görüp, içini çekdide, hyrra çepe öwrülip, ümdüzine tutdurdy.
— Tutuň ogryny! — diýip, Haksters gygyrdy hemde onuň yzyndan ýüzin saldy.
Şundan soňky wakalar jenap Haksters üçin göz açypýumasy salymyň içinde bolup geçdi. Şonda süňňüni güýçli duýgular gurşap aldy. Ogry gözüniň alnynda gösgöni kilisä tarap gaçyp barýardy. Gabat garşysynda baýdaklaryň hemde gezelenç edip ýören märekäniň gaýmalaşyşy berk ýadyndady, emma onuň gykylygyna diňe iküç adam baş galdyrdy.
— Tutuň ogryny! — diýip, ol öňküdenem beter bagyrdy.
Ýöne on ädim ädipätmänkä, nämedir bir zat onuň aýaklaryndan ýapyşdy, ine, indi ol ylganokdyda, eýsem, gülle kimin howada uçup barýardy. Nämäniňnämedigini aňşyryp ýetişmänkäde, ýüzüniň ugruna ýere ýazylyp gitdi. Hakstersiň dünýäsi daralyp, daştöwereginde diňe uçganaklar gaýmalaşdy, şundan soňky wakalaram onuň üçin gyzygyny gaçyrdy.

## XI BAP

### «Paýtunçy hemde bedewler» traktirinde

Traktirde näme bolup geçenine anyk düşünmek üçin jenap Marweliň jenap Hakstersiň penjiresiniň öňünde ilkinji gezekki peýda bolan mahalyndaky pursadyna dolanmagymyz gerek.
Şol wagt myhman otagynda jenap Kass bilen jenap Banting bardy. Olar irdenki wakany gaty çynlakaý ara alyp maslahatlaşýardylar hemde jenap Holluň idin bermegi bilen Göze ilmezege dahylly zatlary ilikdüwme barlaýardylar. Jeffers ýykylanyndan soň birneme özüni tutdy hemde aladaçyl ülpetleriniň tekge bermegi bilen öýlerine gaýtdy. Göze ilmezegiň ýerde dagap ýatan eşiklerini hanym Holl ýygnaşdyrypdy, şeýlelikde, otag tertibe salnyp, gelşigine gelipdi. Penjiräniň öňünde köplenç gonagyň işlän stolunyň ýanynda Kass badabat «Gündelik» diýlip atlandyrylan üç sany golýazma kitabyň üstünden bardy.
— Gündelik! — diýip, Kass kitaplaryň üçüsinide stoluň üstüne goýup durşuna gygyrdy. — Indi biz, herhal, käbir zatlara aň ýetiräýsek gerek.
Ruhany şo taýyk baryp, ellerini stola diredi.
— Gündelik — diýip, Kass oturgyjyň üstüne çöküp durşuna gaýtalady. Ol iki kitaby üçünji kitabyň aşagyna sokdy hemde üstünde duranyň gatyny açdy. — Hm... Başky sahypasynda kitabyň ady ýok. Päheýde weli!.. Durşy bilen san. Hemem çyzgylar.
Ruhany stoluň daşyndan aýlandy hemde Kassyň egniniň üstaşyr äňetdi.
Kass sahypa yzyna sahypa waraklaýardy, onuň halys lapykeç bolany mysalasyndanam görnüp durdy.
— Häý, içine jöwen düşmüş! Banting, muň içinde birgiden san bar, şondan başga hiç zat ýok!

— O taýda ululykiçili çyzgylar ýokmy? — diýip, Banting sorady. — Ýada sereden badyňa düşnükli suratlar ýokmy?..
— Özüňiz göräýiň — diýip, Kass jogap berdi. — Bärde matematikada bar, orsçamy ýada ýene şoňa meňzeş başga dildede ýazylan zatlar bar öýdýän (eger harplaryndan çen tutsaň), käbir ýerlerdehä grekçede ýazylypdyr. Grekçedenä, meň pikirimçe, siz baş çykaraýmaly...
— Dagy näme — diýip, jenap Banting äýnegini çykaryp hemde ony süpürişdirip durşuna gürledi. Ony derhal der basdy, özüni oňaýsyz duýdy, çünki grek dilinden kellesinde suwytly zat galmandy. — Hawa, grekçe bolsa, onda onuň açary tapdyr...
— Häzir men size şo taýyny görkezeýin...
— Ýok, gowusy, ilki ähli kitaby özüm gözden geçireýin — diýip, jenap Banting henizem äýnegini süpürip durşuna gürledi. — Kass, öňürti umumy düşünje almak zerur, soňra bolsa, syryny açmagyň tärini gözläbiris.
Ol üsgürinjiredi, haýaljakdan äýnegini ötürdi, öz ýanyndanam nähilidir bir oslanmadyk ýagdaýyň ýüze çykyp, masgaraçylygynyň öňüniň alynmagyny isledi. Soňra Kassyň uzadan kitabyny eline aldy.
Şol pursat hakykatdanam üýtgeşik bir ýagdaý ýüz berdi.
Duýdansyz ýerden gapy açyldy.
Kassdyr ruhany garaşylmadyk ahwalatdan ziňkildäp gitdiler, ýöne gabaklaryny galdyryp, sary giden zömmek şlýapaly gyzyl ýüzli kişini görüp, janlary birneme rahatlyk tapdy.
— Dikdurma ýürekse edilýän ýermi? — diýip, işikden ätlän mysala gözlerini mölerdip, gyryljyk ses çykardy.
— Ýok — diýşip, ikisi ýerliýerden jogap berdi.
— Gadyrdan, o taýy garşyňda — diýip, jenap Banting düşündirdi.
— Baş üstüne, indem gapyny ýapaýyň — diýip, jenap Kassam ganygyzgynlyk bilen üstüni ýetirdi.
— Bolýa — diýip, içerik giren çalarak hüňürdedi. — Ýagşy! — diýibem, boguk ses bilen gürledi. — Götin gaýt! — diýip, özözüne buýruk berip, gapyny ýapyp, gözden gaýyp boldy.
— Deňizçi bora çemeli — diýip, jenap Banting sözüniň yzyny sugşurdy. — Oýunbaz millet. «Götin gaýt!» diýşini eşitdiňizmi? Çaky, otagdan çykmagy aňladýan deňiz adalgasy borly.
— Megerem, şeýle bolsa gerek — diýip, Kass jogap berdi. — Walla, herhal, inimi jümşüldetdi. Hatda gapy açylan mahaly zöwwe ýerimdenem galaýypdyryn.
Jenap Banting, hamala, özem edil şonuň ýaly zöwwe ýerinden galmadyk mysaly, duýgudaşlyk bilen ýylgyrdy.
— Häzir bolsa — diýip, ol uludan demini aldy. — Kitaplaň daşyna geçeliň.
— Hany, biraz tagapyl kyl — diýip, Kass ýerinden turdy hemde gapyny gurdy. — Indihä bize hiç kes päsgel bermese gerek.
Şo pille kimdir biri pyşgyrdy.
— Bir zadaha hiç bir weçden şübhelenmese bor — diýip, jenap Banting kürsüsini Kassyň kürsüsine golaý süýşürdi. — Soňky günlerde Aýpingde nähilidir bir

geňenaýy, juda täsin wakalar ýüz berdi. Meň özümä, elbetde, Göze ilmezek baradaky bolgusyz, samahylly ertekilere ynanamok...
— Muň özi akyla sygmajak zat — diýip, Kass sözüniň yzyny sugşurdy. — Akyla sygmajak zat. Emma şony görenim welin hakykat... Hawa, hawa, men ýeňinden seretdim...
— Ýöne siz şoň çyndygyna ynamyňyz barmy... göreniňiz çynmy beri? Belkide, şo taýda gözgi (ýüz görülýän aýna) bardyr... Göze güýdüşmek, göze çöp atmak bolup biler ahyry... Göz baglamak itiň aňsada. Siziň haçanam bolsa bir mahal hakyky gözbagçyny görüpgörmäniňizi bilemokda...
— Gel, jedel edip durmaly — diýip, Kass sözüni dowam etdirdi. — Bu babatda biz eýýäm gepleşip goýduga. Hany, kitaplaň daşyna geçeliň... Ähä, ynha, şü, meň pikirimçe, grekçe ýazylypdyr. Hawa, elbetde, bu grek harplary.
Ol sahypanyň ortarasyna barmagyny dürtdi. Jenap Banting çalarak gyzardy hemde kitabyň üstüne ýapyryldy: onuň äýnegine, megerem, ýenede bir zada boldy. Grek diline gezek gelende ol öte gowşakdy, emma kilisä gelýänleriň ählisi ony grek dilinede, gadymy ýahudy dilinede suwara diýip hasaplaýardy. Ine, indem me saňa gerek bolsa... Eýsem, özüňiň nadanlygyňy boýun alaýmalymy? Ýada nämedir bir zatlary toslamalymy? Birdenem ol ýeňsesine nähilidir bir üýtgeşik galtaşmany syzdy. Şonda kellesini götermäge synanyşdy, emma görlüpeşidilmedik garşylyga duçar boldy.
Ol düşündirip bolmaýan agyr güýji duýdy, hamala, kimdir biriniň berdaşly goly ony aşak basyp barýan ýalydy, şonda äňi stola degip gitdi.
— Gadyrdanlar, biriňizem butnaýmaň — diýen pyşyrdy eşidildi. — Ýogsada, ikiňiziňem kelläňizi pytradýan.
Ol özüne tarap golaý gelen Kassyň ýüzüne bakdy, şonda ýüregi ýarylara geleniň hemde haýran galmadan ýaňa öwelip duranyň mysalasyny gördi.
— Berkdenberk çäre görmeli bolýanyma gaty gynanýan — diýip, Ses dowam etdirdi. — Ýöne hökman şeýtmeli bolýan.
— Siz haçandan bäri ylmy derňeýjileň şahsy golýazmalaryna burnuňyzy sokmany öwrenip ýörsüňiz? — Ses şeýle diýenden soň iki sany eňek birbada stola gülçüldäp degdi, iki sany äňem birden şakyrdap gitdi.
— Siz haçandan bäri betbagtçylyga düşen adamyň otagyna süsdürilip girmegi öwrenip ýörsüňiz? — Ýenede stoluň üstüne gülçüldi hemde dişleriň şarkyldy sesi eşidildi.
— Siz meň eşiklemmi nirä sokduňyz?
— Indi bolsa, bäriňize gulak goýuň. — Ses gürrüňini dowam etdirdi. — Penjireler ýapyk, gapyň gulpundaky açaram çykardym. Men öte güýçli adam, elujumdada kesewi, göze görünmeýänligim baradaha gürrüňem ýok. Bardygeldi diňe bir meýlim bolaýanlygynda hiç bir emgenmezden ikiňiziňem janyňyzy alagetdin, aparkaýyn çykyp gidip biljegime hiç birhili şübhe bolmaly däldir. Düşnüklimi? Onda şeýle. Beýewbar size zat diýmesem, hiç hili samsyklamazdan, näme buýursam, ýerine ýetirjekdigiňize söz berýäňizmi?
Ruhany hemde doktor birekbiregiň ýüzüne garady, doktoraha ýüzgözüni bürüşdirdi.
— Söz berýäs — diýip, ruhany jogap berdi.

— Söz berýäs — diýip, doktoram alyp göterdi.
Ana, şonda Göze ilmezek olary elinden sypdyrdy, ikiside göneldi. Ikisiniňem ýüzi çymgyzyldy, olar aldygyna kellelerini silkeleýärdi.
— Duran ýeriňizden gymyldamazlygyňyzy haýyş edýän — diýip, Göze ilmezek gürrüňiniň üstüni ýetirdi. — Görýäňizmi, ynha, kesewi. Şu otaga aýak seken mahalym — diýip, ol kesewini gezekligezegine söhbetdeşleriniň burnunyň aşagyna eltdi. — Bärde adam gara duşaryn öýtmändim. Mundan başgada, özümiň kitaplam bilen birlikde, eşigimem taparyn öýdýädim. Hany, ol? Ýok, ýok, ýeriňizden turmaň. Görüp durun: ony bärden alyp gidipdirler. Göze görünmezegiň ýalaňaç gezeri ýaly şu günler howa ýeterlik maýyl, ýöne, herhal, agşamara çigrek. Şondan ötri men geýimgejimden hemde käbir beýleki zatlardan kösençlik çekýän. Şolardan başgada maňa şu üç kitabam gerek.

## XII Bap

## Göze ilmezek gazaba münýär

Şu ýerde ýene gürrüňimiziň arasyny bölmek zerurlygy orta gelýär, çünki häzir juda ýakymsyz gürrüňe geçmeli bolýarys. Ýokarda suratlandyran zatlarymyzyň barysy bolup geçýän mahaly hemde jenap Hakstersiň özünden ýüz metr töweregi daşlykda, derwezäniň öňünde agzy şybykly Marweli nazaryndan sypdyrman duran mahaly dikdurma ýürekse edilýän ýerde jenap Holl bilen jenap Henfri ikisi Aýpingdäki juda wajyp ýeketäk meseläni iňňän aladaly ýagdaýda ara alyp maslahatlaşýardy.
Birdenkä myhman otagynyň gapysy güpürdäp gitdi, şo tarapdan çirkin ses geldi, soňra ýene imisalalyk aralaşdy.
— Eý! — diýip, Teddi Henfri gygyrdy.
— Eý! — diýip, dikdurma ýürekse edilýän ýerden gygyryldy.
Jenap Holl bolup geçýän wakalara hyýal, ýöne laýyk baha berdi.
— Şo taýda bir bolmasy işä gopýa — diýip, ol söýegden çykyp, myhman otagynyň gapysyna tarap ýöneldi.
Teddi ikisi galagoply ýagdaýda gapynyň agzyna geldi. Olaryň ýüz keşbi howsalalydy.
— Bir belabeterä bar — diýip, Holl pyşyrdap diýen ýaly gürledi, Henfri razylaşyjy äheňde baş atdy.
Olaryň burnuna himikalileň dymyljyk ysy haplap urdy, otagdan bolsa, gaty çalt gürlenilýän hemde ýuwaşja boguk ses eşidildi.
— Siziň o taýyňyzda nämeler gopýa? — diýip, Holl gapyny kakyp durşuna howulhara sorady.
Gyryljyk sesli gürrüň derhal kesildi, bir dakykalyk doly ümsümlik aralaşdy, soňra ýene gaty pyşyrdy eşidildi, şonuň yzysüreside gykbakly ses çykdy. «Ýok, ýok, gerek däl!». Soňra turdy bir gopgun, gütläp ýere düşen oturgyjyň sesi hemde itenekçomanagyň gohy geldi. Onsoň, ýenede asudalyk höküm sürdi.
— Bu ne bela? — diýip, Henfri allaniçigsi bolup heňkirdi.
— O taýda nämeler gopup ýör? — diýip, jenap Holl ýene alňasak sorady.

Ruhany nähilidir bir üýtgeşik, üzlem-saplam ses bilen jogap berdi:
— Bar zat ýerbe-ýer. Haýyş edýän, päsgel bermäň.
— Beh, geň zat! — diýip, Henfri diňşirgendi.
— Beh, geň zat! — diýip, Hollam alyp göterdi.
— Päsgel berilmezligini soraýalar — diýip, Henfri äm-säm halda galdy.
— Menem eşitdim — diýip, Holl jogap berdi.
— Kimdir bir-ä pyşgyrdy — diýip, Henfrem üstüne goşdy.
Ikisi diň salşyp, gapynyň agzyndan gitmän durdy. Myhman otagyndaky gürrüň täzeden başlandy, şol öňküsi ýaly gyryljykdy hem-de howul-harady.
— Men muny oňarman — diýip, jenap Bantingiň sesi geldi. — Aýdyp durun-a etjek däl diýip.
— Näme diýýäraý? — diýip, Henfri sorady.
— Etjek däl diýýä — diýip, Holl jogap berdi. — Ol muny kime diýýäkä — ikimizemikä?
— Gabahatlyk! — diýip, jenap Bantingiň sesi eşidildi.
— Gabahatlyk — diýip, jenap Henfri gaýtalady. — Men muny aýyl-saýyl eşitdim.
— Häzir kim gepleýä?
— Jenap Kass öýdýän — diýip, Holl sözüniň üstüni ýetirdi. — Siz, heý, bir zada düşünýäňizmi?
Ikisi-de dymdy. Gapynyň aňyrsyndaky gürrüň gitdigiçe garjaşyk hem-de gümürtik gidýärdi.
— Stoluň üstündäki ýukajyk saçagy sypyrýalar öýdýän — diýip, Holl üşerildi.
Söýegiň aňyrsyndan öý bikesi peýda boldy. Jenap Holl onuň gykylyk etmezligini hem-de ýanlaryna gelmegini her dürli yşaratlar bilen düşündirmäge dyrjaşdy. Munuň özi keýwanysynda derhal gapma-garşy duýgyny oýardy.
— Sen o taýda durup, näme diňleýäň? — diýip, öý bikesi sorady. — Başga iş tapmadyňmy, onda-da baýramçylyk güni?
Holl yşaratdyr üm hereketleri bilen oňa düşündirmäge çytraşdy, ýöne öý bikesiniň welin piňine-de däldi. Gaýtam durdugyça sesini gataldýardy. Ana, şonda halys biynjalyk bolan Holldur Henfri daraklygyna basyşyp, söýegiň ýanyna geldiler hem-de oňa nämäniň-nämedigini düşündirdiler.
Zenan birbada özüne aýdylyp berlen nähilidir bir geň-enaýylygyň çyn zatdygyna ynanmakdan kes-kelläm ýüz öwürdi. Soňam adamsynyň sem bolmagyny, diňe Henfriniň geplemegini talap etdi. Öý bikesi bularyň baryny bolgusyz zatlar diýip hasaplamaga ýykgyn edýärdi — belki, olar mebeli eýläk-beýläk çekendirler.
— Men onuň «gabahatlyk» diýenini hakyt gulagym bilen eşitdim — diýip, Holl öwran-öwran ýanjady.
— Hanym Holl, şony menem eşitdim — diýip, Henfri tassyklady.
— Şü çynmy ýa-da ýalan... — diýip, hanym Holl gürrüňe başlady.
— Çüşş! — diýip, Henfri onuň sözüni kesdi. — Eşidýäňizmi — penjire?
— Niräň penjiresi? — diýip, hanym Holl sorady.
— Myhman jaýyňky — diýip, Henfri jogap berdi.
Barysy dartgynly ýagdaýda diň salşyp dymdy. Hanym Holluň aljyraňňy nazary traktiriň gapysynyň ýagty gönüburçlugyna, ap-ak ýola hem-de iýun güneşiniň

çogundan doly Hakstersiň dükanynyň ýüz tarapyna gönügdi. Birdenem dükanyň gapysy açyldy, ellerini galgadyp, tolgunmadan ýaňa gözlerini hanasyndan çykaraýjak bolup, Hakstersiň özem çykdy.
— Ogryny tutuň! — diýip, ol gygyrdy hem-de traktiriň derwezesine tarap gytaklap ýüwürdi, şo taýda-da gözden gaýyp boldy.
Şol pursadyň özünde-de myhman otagyndan alagoh hem-de penjiräniň gürpüldäp ýapylan sesi eşidildi.
Holl, Henfri hem-de dikdurma ýürekse edilýän ýerdäkileriň barysy topbagy bilen köçä çykdy. Olar kimdir biriniň oba arasyndaky gumak ýola tarap zyrmyrylyp gidenini, jenap Hakstersiňem täsin tilsimli böküşiň netijesinde tüwdürilip gidenini görüp galdylar. Gezim edip ýören märeke haýran galmakdan ýaňa doňup galdy, üç-dört sany adam ýykylan bendäniň ýanyna haýdaşyp gitdi.
Henfri jenap Hakstersiň üstüne eglip, onuň özünden gidendigini anyklady. Holl bolsa, düşnüksiz sözleri gygyryp, traktiriň iki sany işgäri bilen burça ylgap bardy, şonda olar Marweliň kilise germewiniň burçunyň aňyrsynda ýitrim bolanyny gördüler. Bular onuň duýdansyz göze görünýäne öwrülen Göze ilmezegiň hut özüdir diýen netijä gelip, onuň yzyndan eňdiler. Emma Holl, on ädim ädip-ätmän, allaniçigsi bolup, çirkin gygyrdy-da, bir gyra zyňlyp düşdi, işgärleriň birinden aslyşybam, onuň bilen birlikde gülçüldäp ýere gaýtdy. Ol futbol meýdançasynda edil oýunçynyň urlup ýykylyşy ýaly ýykyldy. Beýleki işgär yzyna gaňryldy hemem Holl ýöne büdrändir diýen netijä gelip, bir özi kowgyny dowam etdirdi; ýöne şo pille olam, edil Haksters ýaly güpürdäp gaýtdy. Şu aralykda aýaga dikelmäge ýetişen birinji işgäriň böwrüne şeýle bir zarba indi welin, munuň ýaly urgy bilen öküzem ýatyryp boljakdy.
Ol düňderilip gitdi, şol dakykanyň özünde otluk ýerde seýil edip ýören ýerlerinden ylgaşlap gelýän adamlar burçdan göründi. Ählisiniň öňünden tiriň eýesi — gök güpbüli uzyn adam eňip gelýärdi. Ol ýolda ýeriň üstünde gözgyny urnuşyp ýatan üç sany adamdan başga hiç kimiň ýokdugyny görüp, gaty geň galdy. Şo pilläniň özünde-de onuň aýagyna nämedir bir zatlar boldy, ol uzaboýuna süýndi hem-de bir gapdala, gös-göni söbügini sydyrdyp gelýän doganynyň hem-de şärikdeşiniň üstüne togalanyp gitdi, netijede bularam ýere ýazyldy. Yzysüre ylgaşyp gelýänleriň hemmesi olara büdreýärdi, birek-biregiň üstüne düňderilişip, topbak bolşup ýykylýardy hemem gargyş baryny ýagdyrýardy.
Holl, Henfri hem-de işgärler traktirden ylgap çykanlarynda, köpýyllyk tejribeden bişişen hanym Holl kassanyň başyndan aýrylman oturdy. Birden myhman otagynyň gapysy açyldy, şo taýdan jenap Kass atylyp çykdy hem-de hatda öý bikesiniň ýüzüne-de äňetmän, bosagadan ylgap, öýüň burçunyň aňyrsyndan aldyrany bar ýaly, alakjap gitdi.
— Tutuň ony! — diýip, ol gygyrýardy. — Elindäki düwünçegi gaçyrmaga maý bermäň! Goly düwünçekli mahaly ony görüp bolýandyr!
Marweliň bardygyny hiç kim gümanam etmeýärdi, sebäbi Göze ilmezek howluda oňa kitaplary hem-de düwünçegi beripdi. Jenap Kassyň gany gaçypdy, keşbi aýgytlydy, ýöne onuň eginbaşynda nämedir bir zatlar ýetmeýärdi; dogrusyny aýtsaň, onuň bar lybasy ýukajyk ap-ak keltejik bir zatdan ybaratdy, onuň diňe Gresiýada eşik ornuny tutup biläýmegi ähtimaldy.

— Tutuň ony! — diýip, ol bagyrýardy. — Ol meň balagymy alyp gaçyp barýa! Ruhanyňam ähli eşigini ogurlady!
— Häzir men onuň yzyndan ýetýän! — diýip, ol ýerde serlip ýatan Hakstersiň gapdalyndan ylgap geçip barşyna Henfrä gygyrdy, Göze ilmezegiň yzyndan kowup barýan mähellä goşulmak üçin burçdan öwrüliberen mahaly aýagyna kakylyp ýykyldy hem-de gaty gelşiksiz, göz-gülban ýagdaýda gürpüldäp gitdi. Kimdir biri onuň eline agram berip basdy. Ol agyrynyň derdinden wägirdi, dikelmäge çytraşdy, ýöne ýene düňderilip, dört aýak halda durdy, ahyrynda-da özüniň kowguçylaryň hatarynda däl-de, gaçýançylaryň hataryndadygyna düşündi. Bar kişi yza jypydýardy. Ol ýene ör turdy, ýöne gulagynyň düýbüne berlen zarply urgudan ýaňa gözleri uçganaklap gitdi. Ol entrekläp, ähli kişiniň owarrama salan Hakstersiň üstünden böküp, traktire tarap ýüzlendi, şo mahala çenli Haksters eýýäm özüne gelipdi hem-de ýoluň orruk ortarasynda otyrdy.
Traktiriň bosagasyndan ýokaryk çykyp barýan jenap Kass birden özüniň yzynda zarply şarpyk sesini hem-de her jüre wagyrdynyň üstüni basyp, «W-ä-k!» diýen aldajy agyry sesini eşitdi. Ol Göze ilmezegiň sesini tanady. Hamala, duýdansyz ýiti agyry ony guduz açana dönderen ýalydy.
Jenap Kass myhman otagyna okduryldy.
— Banting, ol ýene yzyna gelýä! — diýip, otaga atylyp girişine gygyrdy. — Başyňyzy gutaraweriň! Ol däliräpdir!
Jenap Banting penjiräniň öňünde durdy hem-de diwar pejiniň halyçajygyndan, şonuň ýaly-da, «Günbatar sereý gazetiniň» böleginden özi üçin penjek ýasaýardy.
— Kim gelýä? — diýip, ol sorady hem-de şeýlebir ziňkildäp gitdi welin, neden özüniň ýasan tutuş penjegini puja çykarypdy.
— Göze ilmezek! — diýip, Kass jogap berdi hem-de penjiräniň ýanyna ylgaşlap geldi. — Bahymrak bärden garaňy saýlamaly. Ol däli ýaly uruşýa. Hakyt däli ýaly! Sähel wagtyň içinde-de ol eýýäm howluda gezip ýördi.
— Ýa Biribar, özüňden medet! — diýip, Banting nähili karara geljegini bilmän, süňňüne gorky aralaşyp haýkyrdy.
Ýöne şu ýerde traktiriň otagara inçejik geçelgesinden şakgy-da-şukgy sesi geldi, ine, şu-da onuň ikirjiňlenmesiniň soňuna sogan ekdi. Ol penjirä çykdy, howul-hara penjegini düzedişdirdi hem-de özüniň ýogyn, keltejik aýaklaryna agram baryny berip, köçe bilen uçara gelip, waz ýasady.
Göze ilmezegiň çirkin sesi eşidilenindäki hem-de jenap Bantingiň at salyp gidenindäki pursatdan başlap, Aýpingdäki wakalaryň barşyndaky yzygiderliligi kesgitlemek indi mümkin däl. Belki-de, Göze ilmezek ilki diňe eli egin-eşikdir kitaply Marweliň yza çekilmesini örtmek, goramak isländir. Ýöne dogabitdi gyzma häsiýetli bolansoň, üstesine, tötänden üstüne inen urgy ony gutarnykly telbelik hetdine ýetirenden soň, ol saga-sola zarba ýagdyryp, eline ilenleriň barysyny ýumruklap başlapdy.
Ýazzyny berip barýan adamdan doly köçäni, gapylaryň gürpüldisini, gizlenip bolaýjak çola ýer üçin depeşegi göz öňüne bir getirip görüň. Bu apy-tupanyň goja Fletçeriň aşhanasyndaky iki oturgyjyň üstüne goýlan tagtanyň yrga deňagramlylygyna nähili täsir edişini, yzyndanam munuň nähili weýrançylyga

getirişini göz öňüne bir getirip görüň. Hiňňildikde uçup duran mahallary gapyllykda bela-betere üstüni basdyryp, gorkudan ýaňa tas janlary karkara gelen aşyk-magşugy göz öňüne getirip bir görüň. Soňam apyla-sapyla sowuldy, baýdaklardyr her dürli nagyşlar bilen bezelen Aýpingiň köçesi-de gugaryp galdy: diňe Göze ilmezek ýeriň ýüzünde dargap ýatan kokos hozlarynyň, agdarylan kendir germewleriň hem-de göçme söwda dükanjygynyň ýanynda çaşyp ýatan süýji nygmatlaryň arasynda guduz açmasyny dowam edýärdi. Dumly-duşdan ýapylýan gabsalaryň hem-de süýşürilýän sürgüleriň şakyrdysy eşidilýärdi, diňe o ýerde-bu ýerde yşgalaňyň arasynda gorkudan ýaňa gerlip giden gaşyň astyndan peträp duran göz gaýmalaşyp gidýärdi.

Göze ilmezek bir meýdan «Paýtunçy hem-de bedewler» traktiriniň äpişgelerini döwüşdirip, keýpden çykdy, soňra köçe çyrasyny hanym Grogremiň myhman otagyna sokdy. Edderdin ýolundaky Higginsiň öýüniň aňyrsyndaky aragatnaşyk siminem, megerem, şol üzäýdi öýdýän. Şundan soň bolsa, özüniň üýtgeşik gurluşyndan peýdalanyp, atsyz-sorsuz, gördüm-bildimsiz ýitirim boldy, şeýlelikde, Aýpingde dagy-duwara o barada hiç hili habar-hatyr eşidilmedi. Ol ömürlik gürüm-jürüm boldy.

Ýöne diňe doly iki sagat geçenden soň käbir garadan gaýtmaz kişi ýene-de Aýpingiň yns-jynssyz köçesine çykmaga ýürek edip bildi.

## XIII Bap

### Jenap Marwel özüniň boşadylmagyny towakga edýär

Iňrik garalyberende Aýpingiň ýaşaýjylary henizem ätiýaçly, üýşenişip öýlerinden bosup, baýramçylyk güni gopan ýakalaşygyň hopukdyryjy yzlaryna mölerişip duran mahallary Bremblherst ýolunyň ugrundaky buk[6] tokaýjygynyň aňyrsynda başy sary giden zömmek şlýapaly döşlek pyýada has-haslap ýöräp barýardy. Ol daşyna maýyşgak lenta pisnt bir zat daňlyp çekilen üç sany kitaby hemem gök saçaga baglanan odur-budurlary göterip barýardy. Onuň çym-gyzyl ýüzünde sussupesligiň hem-de argynlygyň, ýörişinde-de nähilidir bir aljyraňňy alňasaklygyň alamaty görünýärdi. Kimdir biriniň sesi ony gyssaýardy, olam şonda göze görünmeýän eliň galtaşmasyndan zol-zol bükülýärdi.

— Bardy-geldi ýene gaçyp gidäýseň — diýip, Ses yzyny dowam etdirdi. — Eger ýene sypmaga çytraşaýsaň...

— Ýa ýaradan Biribar — diýip, Marwel iňňildedi. — Onsuzam ýagyrnymda abat ýer galmady.

— Çypbakaý-çynym, edil janyňy alaryn! — diýip, Ses duýduryş berdi.

— Men-ä gaçaýyn diýip pikirem etmedim — diýip, Marwel neden möňňüripdi. — Duz bar. Men öwrülmeli ýerimi bilmedim-dä, bar bolany şol. Düýşürgäp bilmeli däl-ä ony? Onsuzam almytymy alybildim.

[6] Buk — buklar maşgalasyndan bolan, çalymtyl reňkli, tekiz gabykly uly gaty agaç (ter. bel.).

— Eger sen gulak asmajak bolsaň, mundan beterräginem görersiň — diýip, Ses gürledi welin, Marwel şo bada lak bolaýdy. Ol owurdyny çişirdi, gözlerinde-de mese-mälim çuňňur lapykeçlik göründi.
— Maňa bu çoçalaň syrymy bilenlerem aňryýany bilen ýetik, walla, seňki artyk degýä, kitaplammy göterip, jyrmaga hyýallanypsyň-a. Henizem olaň çöregi bitin eken, wagtynda gizlenip ýetişäýdiler... Ýogsam... Göze görünmezekdigimi hiç kim bilmeýädi. Indi men näme etmeli?
— A men näme etmeli? — diýip, Marwel madyrdady.
— Bar syrym açyldy. Entek gazete-de düşer! Indi ähli kişi meni gözläp başlar, hüşgär bor... — Ses ýaglyja sögündi hem-de dymdy.
Marweli öňküdenem beter lapykeçlik gurşap aldy, ol ädimini haýallatdy.
— Hany, çaltrak gymylda — diýip, Ses ony gyssady.
Marweliň ýüzündäki gyzyl menekleriň aralygy agaryp gitdi.
— Kitaplary gaçyraýma, sammyk — diýip, Ses käýindi. — Gepiň küle ýeri — diýibem, gürrüňini dowam etdirdi. — Men senden haýyrlanmaly boljak... Dogry, sen dereksiz gural, ýöne mende başga çykalga ýok.
— Men ejiz gural — diýip, Marwel janykdy.
— Ol-a hakykat — diýip, Ses makullady.
— Men siziň saýlap alan guralyňyzyň iň bir ugursyzy — diýip, Marwel sözüniň yzyny sugşurdy. — Men gowşajyk. Juda gowşajyk — diýip, ol jogaba-da garaşman gaýtalady.
— Şeýlemi?
— Ýüregimem gowşak. Siziň tabşyrygyňyzy berjaý etdim. Maňa ynanaýyň, göwnüme bolmasa, häziriň özünde güpürdäp gaýdaýjak ýaly.
— Çynyňmy?
— Mende size zerur gerek gaýratlylygam ýok, güýjem ýok.
— Men seň güýjüňe güýç, gaýratyňa gaýrat goşaryn.
— Şeýtmeseňiz has gowy bor! Ähli işiňizi puja çykarasym gelenok, ýöne şeýle bolmagy ähtimal. Birden gorkaryn ýa-da aljyraryn...
— Şeýle bolmazlygy üçin jan edeweri — diýip, Ses parahat, ýöne kesgin gürledi.
— Şundan-a öleniňem gowy — diýip, Marwel janykdy. — Muň özi biadalatlyk bolýa ahyry — diýip, ol gürrüňini dowam etdirdi. — Ylalaşaýyň şuň bilen... Meň pikirimçe, özümiň hakym bar...
— Öňe ýöre! — diýip, Ses onuň gürrüňini kesdi.
Marwel ädimini çaltlandyrdy, belli bir wagtyň dowamynda ikisi sesini çykarman gitdi.
— Juda jebir-jepaly iş — diýip, Marwel sojady.
Onuň janyndan syzdyryp aýdanlaryna per beren bolmady. Şondan ötri başga hörpden gopmagyň kararyna geldi.
— Ýogsa-da, mundan maňa ne peýda? — diýip, ol ýene-de halys janyna degleniň äheňinde gürledi.
— Bes et! — diýip, Ses azgyryldy. — Men seni hor etmen. Ýöne özüňe näme buýrulsa, şonam berjaý kyl. Arkaýyn hötdesinden gelersiň. Akmakdygyň görnüp dursa-da, hötdesinden gelersiň.

— Jenap, men muň üçin kybap adam däl diýip aýdyp durun. Gaňryşyňyza gaýdasym gelenok, ýöne meň bolşum şeýle-dä...
— Hany, lal aç, ýogsa, ýene eliňi towlap başlaryn — diýip, Göze ilmezek jabjyndy.
— Sen maňa pikir etmäge päsgel berýäň.
Öňde, daragtlaryň arasyndan sarymtyl yşyk ýalpyldap gitdi, alagaraňkylykda dörtburç jaňyň sudury görnüp ugrady.
— Obadan saýlanýançak egniňden saklap duraryn — diýip, Ses gürrüňini dowam etdirdi. — Göni ýöre, birden samsyklaýmagyn. Ýogsa, oňullygyň üstünden barmarsyň.
— Wah, bilýän-le — diýip, Marwel uludan demini aldy. — Şony-ha gaty gowy bilýän.
Başy sary giden zömmek şlýapaly naýynjar gabara ýüküni göterip, köçe bilen çyralary ýanyp duran penjireleriň duşundan geçip, obanyň çetinde garaňkylyga siňip gitdi.

## XIV Bap

## Port-Stouwda

Şol günüň ertesi ir sagat onda sakgaly wagty bilen syrylmansoň, halys ösüp giden, üsti-başy garagäz, saçlary buýr-bulaşyk Marwel Port-Stou şäherçesindäki traktirjigiň girelgesiniň ýanyndaky uzyn oturgyjyň üstünde dyzyny epipdi; elleri jübüsindedi, daş sypatyndan juda argyn, perişan, ynjalyksyz görünýärdi. Gapdalynda kitaplar ýatyrdy, indi olar ýüp bilen daňlypdy. Düwünçek Bremblherstiň aňyrsyndaky tokaýda galdyrylypdy, sebäbi Göze ilmezegiň etsem-goýsamlary üýtgäpdi. Marwel uzyn oturgyjyň üstünde otyrdy, hiç kimiň özüne jinnek ýaly-da üns bermeýändigine garamazdan, onuň howsalasy durdugyça güýjeýärdi. Elleri birahatlyk bilen zol-zol birgiden jübülerini sermeleşdirýärdi.
Şeýle ýagdaýda tutuş bir sagat oturandan soň, traktirden eli gazetli ýaşy durugşan bir deňizçi çykdy hem-de Marweliň ýanynda çökdi.
— Howaň ajapdygyny — diýip, deňizçi gep goşdy.
Marwel howsalaly ýagdaýda daş-töweregine ýaltaklady.
— Howa dagy däl — diýip, ol tassyklady.
— Tüýs möwsüme laýyk howa — diýip, deňizçem ony alyp göterdi.
— Hut şeýle — diýip, Marwelem makullady.
Deňizçi dişsynçgaryny çykardy hem-de birnäçe dakykalap diňe şonuň bilen meşgullandy. Şu ikarada-da onuň nazary Marwele gönügipdi, ol çaň-tozan basan pyýadany hem-de gapdalda ýatan kitaplary dykgat bilen elekden geçirýärdi. Deňizçiniň Marweliň ýanyna gelen mahaly, göwnüne bolmasa, onuň jübüsinde şaýyjyklar jyňňyrdan ýaly göründi. Marweliň daşky sypaty bilen hem-de şu jyňňyrdynyň arasyndaky nälaýyklyk ony haýrana goýdy. Şeýle bolansoň, ol içki pikirini daşyna çykardy.
— Bulaň kitapmaý? — diýip, ol aldygyna dişsynçgary işledip durşuna, duýdansyz sorady.

Marwel tisginip gitdi hem-de ýanyndaky daňa seretdi.
— Hawa — diýip, ol jogap berdi. — Hawa, hawa, bular kitap.
— Kitaplarda geň-enaýy zatlara duşmak bolýa — diýip, deňizçi janykdy.
— Siz bilen doly ylalaşýan — diýip, Marwel jogap berdi.
— Diňe bir kitaplardanam däl — diýip, deňizçi diňşirgedi.
— Dogrudyr — diýip, Marwel tassyklady. Ol söhbetdeşiniň ýüzüne äňetdi, soňam daş-töweregine garanjaklady.
— Ynha, meselem üçin aýtsak, käwagt gazetlerde öte täsin zatlar barada ýazylýa — diýip, deňizçi ýene gürrüňe başlady.
— Aý hawa, bolup biler.
— Ine, şu gazetde-de — diýip, deňizçi elindäki gazete ümledi.
— Bä! — diýip, jenap Marwel üşerildi.
— Ynhalykga, şu ýerde — diýip, deňizçi ýiti nazaryny Marwelden sowman, gürrüňini dowam etdirdi. — Göze ilmezek barada ýazylypdyr.
Marwel gulaklarynyň gyzaryp gidenini duýup, agzyny gyşartdy hem-de ýaňagyny gaşady.
— Her jüre zatlar toslanyp tapyljak oguşýa! — diýip, ol pessaý ses bilen gürledi. — Nirede ol, Awstraliýadamy ýa-da Amerikada?
— Ýok, beýle däl how — diýip, deňizçi garşy çykdy. — Şu ýerde.
— Eý, Taňrym! — diýip, Marwel tisginip haýkyrdy.
— Edil şu ýerde diýildigi däl — diýip, deňizçi düşündirmäge durdy, şonda jenap Marwel birneme ynjalyp, özüni tutdy. — Ikimiziň häzir oturan ýerimizde däl, ýöne golaý-goltumda.
— Göze ilmezek diýdiňmi? — Marwel oýurgandy. — Ýogsa-da, ol näme edýä?
— Etmeýän zady ýok — diýip, deňizçi Marweli üns bilen synlap durşuna, gürrüňini dowam etdirdi. — Onuň elinden gelmeýän zat ýok.
— Men indi dört gün bäri gazet göremok — diýip, Marwel düşündirdi.
— Ol ilki Aýpingde peýda bolupdyr — diýip, deňizçi gözlerini tegeledi.
— Bäh, şeýlemi? — diýip, Marwel içini çekdi.
— Ilkinji gezek şo taýda peýda bolupdyr — diýip, deňizçi gürrüňini dowam etdirdi. — Onuň nireden düşenini welin, hiç kim bilmeýän borly. Ynha: «Aýpingdäki geň-enaýy hadysa». Gazetde-de aýdylypdyr şulaň barysy çyn hem-de hakykat diýlip.
— Eý, Perwerdigär! — diýip, Marwel gygyranyny duýman galdy.
— Dogrudanam, gaty üýtgeşik waka how. Ruhanam, doktoram ony bütinleý anyk görendiklerini... ýagny, has dogrusy, görmändiklerini tassyklaýalar. Bärde, ynha, şeýle ýazylýa. Ol «Paýtunçy hem-de bedewler» traktirinde ýaşapdyr, birbada hiç kim onuň betbagt ýagdaýyna şübhelenmändir, soňam traktirde jenjel gopupdyr, onuň kellesine saralan ak hasany sypyrypdyrlar. Ana, şonda-da onuň kellesiniň göze görünmeýändigi mälim bolupdyr. Gazetde ýene şeýle ýazylypdyr, ony gabyr-gubur tutmak isläpdirler, emma oňa ähli eşigini sypyryp taşlamak hem-de gizlenmek başardypdyr. Ýöne ol aldym-berdimli darkaşa döz gelmeli bolupdyr, şol tutluşykda-da sylagly, hormatly polisiýa işgäri jenap Jeffersi erbet ýaralapdyr. Bärde hut şeý diýlibem aýdylýa. Barysy aç-açan how, hä? Adam atlary doly getirilýä, galanlaram şeýle.

— Ýa ýaradan Biribar! — diýip, Marwel ynjalyksyzlyk bilen daş-töweregine ýaltaklap, jübüsindäki pullary sermeleşdirip sanamaga çytraşdy: onuň serine üýtgeşikden gyzykly bir pikir urdy. — Bu zatlaň barynyň beýle geňdigini! — diýibem, sözüni jemledi.
— Dogry gerek? Akyla sygar ýaly zat däl. Ömrümiň durkuna göze görünmezekler bar diýip eşitmändim. Aýdyp oturasy iş näme: biziň döwrümizde käte şeýlebir zatlar barada eşidýäň, asyl...
— Onuň bar goparan işi şularmy? — diýip Marwel, özüni mümkingadar, arkaýyn alyp barmaga dyrjaşdy.
— Mundan beter saňa näme gerekdi? — diýip, deňizçi ör-gökden geldi.
— Näme, ol Aýpinge öwrülip barmanmydyr? — diýip, Marwel sorady. — Diňe gizlenipmi, wessalammy?
— Wessalam — diýip, deňizçi sözüniň üstüni ýetirdi. — Az görýäňizmi?
— Goýaweriň, artygy bilen ýeterlik — diýip, Marwel ýüzüniň ugruna sugşurdy.
— Artyk bolmanam bir görsün — diýip, deňizçi madyrdady. — Artyk dagy däl how...
— Oň ýaranlary ýokmudy? O barada hiç zat ýazylanokmy? — diýip, Marwel howsalaly sorady.
— Size şeýle ýeser ýigidiň bir özi azlyk edýämi? — diýip, deňizçi sorady. — Edenine şükür, hernä onuň ýeke özüdi. — Deňizçi ýüz-gözüni çytyp, başyny ýaýkady. — Hatda nirelerdedir şu töwerekde sümsünip ýör diýip pikir etmegem aňryňy bärik getirýä! Ol erkinlikde, gazetde ýazyşlaryndan çen tutsaň, käbir maglumatlara görä, onuň Port-Stouwa tarap ýönelen bolmagyny doly çaklamak mümkin. Bizem laýyk şu taýda! Bu size haýsydyr bir amerikan täsinligi däl. Onuň bärde nämeler gaýryp biljegini özüňiz oýlanyp görüň-ä! Birden artygrak gulkudagetdin üstüňize topulmaga hyýallanaýsa niçik bor? Beýewbar talaňçylyk edeýin diýse-de, oňa kim päsgel berip biljek? Ol talaňçylyk edibem biler, adamyny kaklabam biler, ogurlygam edip biler, ikimiziň sokur körden aňsatjak jypydyp bilşimiz ýaly, ol polisiýa edarasynyň içinden emgenmän geçip biler. Ikimiziňkidenem has ýeser geçer! Batyllar gaty gowy eşidýämiş diýýäler. Bardy-geldi agzynyň tagam tapjak şerbediniň üstünden dagy baraýsa...
— Hawa, elbetde, onuň ýagdaýy juda amatly — diýip, Marwel sözüniň üstüni ýetirmek isledi. — Onsoň...
— Dogry — diýip, deňizçi onuň sözüni böldi. — Öte amatly.
Tutuş şu gürrüňiň dowamynda Marwel galagoplulyk bilen daş-töweregine ýaltaklamasyny goýman, göze ilmeýän hereketleri aňşyrmaga çalşyp, çala eşidilýän çybşyldylara diň salýardy. Bolşundan çen tutsaň, ol nähilidir bir möhüm karara gelmäge çalyşýana meňzeýärdi.
Ol eline üsgürinjiräp, ýene bir ýola töweregine garanjaklady, timisgendi, soňra deňizçä tarap egildi, sesini peseldibem, şeýle diýdi:
— Şü Göze ilmezek barada käbir zatlaň tötänden gulagyma kaklyşany çyn. Käbir adamlardan eşitdim.
— Oh-ho! — diýip, deňizçi gygyryp goýberdi. — Çynyňyzmy?
— Hawa — diýip, Marwel tassyklady. — Çynym.
— Bäý-bä! — diýip, deňizçi içini çekdi. — Onda soramaga rugsatmydyr...

— Siz haýran galarsyňyz — diýip, Marwel eli bilen agzyny tutdy. — Aýtsam, öwelip galarsyňyz.
— Dagy näme! — diýip, deňizçi gözüni ýiteltdi.
— Bar gep şunda... — diýip, Marwel içini dökermen boldy. Ýöne birdenkä, misli, doga-jady edilen ýaly, onuň ýüzüniň terzi üýtgäp gitdi. — Waý! — diýibem, hyklady hem-de uzyn oturgyjyň üstünde haly harap halda eýlesine-beýlesine towlanjyrady; agyrydan ýaňa ýüzi-gözi bürşüp gitdi. — Waý-waý! — diýibem, ol ýene-de hyklady.
— Size näme boldy? — diýip, deňizçi duýgudaşlyk bilen sorady.
— Dişlem agyrýa — diýip, Marwel elini owurdyna ýetirdi. Soňam çakganlyk bilen kitaplara ýapyşdy. — Gider wagtymam boluberdi — diýibem, öz söhbetdeşinden gaýyrrak süýşüp, uzyn oturgyçda birhili gelşiksiz oýkanjyramaga başlady.
— Ýöne siz maňa Göze ilmezek barada gürrüň berjek diýdiňiz ahyry — diýip, deňizçi nägilelik bildirdi.
Marwel alasarmyk ýagdaýda sägindi.
— Myş-myş gürrüň — diýip, Ses ugry belertdi.
— Bu bir myş-myş gürrüň — diýip, Marwelem alyp göterdi.
— Ahow, ynha, gazetde ýazylypdyr ahyry... — diýip, deňizçi garşy çykdy.
— Ýöne myş-myş habar-da — diýip, Marwel sözüniň üstüni ýetirdi. — Bulaň baryny kimiň toslap tapanyny bilýän. Göze ilmezek diýilýäniň adam ýok, soram. Ýalançylaň tapýan çypdyrmalary.
— O nähili beýle? Gazetde bar-a...
— Başdanaýak hemmesi çypdyrma — diýip, Marwel çürt-kesik gürledi.
Eli gazetli deňizçi ýerinden turdy hem-de gözlerini petretdi. Marwel bolsa, aljyraňňy halda töweregine ýaltaklaýardy.
— Hany dursana — diýip, deňizçi haýal hem-de arasyny bölüp-bölüp gürledi. — Siz çypdyrma diýjek bolýaňyzmy...
— Hawa — diýip, Marwel jogap berdi.
— Onda näme üçrip siz meň samahyllamalammy jyňkyňyzy çykarman diňlediňiz? Onda, näme, ýanyňyzda wälli-wülli edip otyrkam, al-petimden alaýmadyňyz? Hä?
Marwel owurdyny çişirdi. Deňizçi birden gyzardy hem-de ýumruklaryny düwdi.
— Men bärde on dakyka dagy otyryn hem-de bu wakany irginsizlik bilen gürrüň berýän, a sen, ýasy tumşuk, sammyk, barypýatan töňňäň biri töňňe, aýdaýman...
— Gadyrdan, sögünmäňizi goýuň — diýip, Marwel onuň sözüni böldi.
— Näme-näme? Sögünmäň diýen bolýaňyzmy? Hany, dursaňyz-la...
— Gitdik — diýip, Ses gyssady.
Marwel birden dikeldilip aýlandyryldy, şundan soňam ol nähilidir bir üýtgeşik, ziňkildili ýöriş bilen gadam urdy.
— Almytyňy almakaň, gümüňi çek — diýip, deňizçi hemle urdy.
— Men gümümi çekmelimişimmi? — diýip, Marwelem herrelip galdy. Ýöne ol nähilidir bir çarkandakly ýoldan ýöreýän mysaly howlukmaç, ýorgalap diýen ýaly gidip barýardy. Soňam ýazykly, şonuň bilen birlikde-de öýkeli äheňde nämedir bir zatlary burnuna salyp madyrdady.
— Garry göhert — diýip, deňizçi käýindi. Ol aýaklarynyň arasyny açyp, ellerinem bykynyna urup, gözden ýitip barýan Marweliň yzyndan seredip durdy. — Ynha,

gazet, munda bar zat aýdylypdyr-a. Utançsyz bihaýa diýse, gözüňe görkezerin entek! Meni aldap biläýmersiň!
Marwel başly-barat, düşnüksiz jogap berdi; soňam öwrümiň aňyrsynda sumat boldy, deňizçi welin, henizem ýedi ýoluň ortasynda durdy, diňe gassabyň arabajygy ony sowulmaga mejbur etdi. Şonda ol Port-Stouwa sowuldy.
— Dünýede sammyklar köpelipdir-ow! — diýip, deňizçi özbaşyna hüňürdedi. — Meni oýnajak boldy öýdýän. Eşşegiň biri! Ahow, bu barada gazetde ýazylypdyr-a...
Şundan känbir uzaklaşman, ol ýene bir geň-enaýy wakany eşitdi, şol waka-da edil golaýjaklarynda bolup geçdi. Sent-Maýkls-Leýn köçesiniň burçundaky diwar bilen ugurdaş bir goşawuç şaýy puluň (şondan köpem däl, azam däl) hiç bir eýesiz-beýlekisiz gezip ýöreni görlüpdir. Şol säher başga bir deňizçi bu akylyňy haýran galdyryjy tomaşanyň şaýady bolupdyr. Ol, elbetde, puly aljak bolupdyr, ýöne şo bada düňderilipdir, ýerinden galan mahalam pul, kebelek deýin, uçup gidipdir. Şol deňizçiniň özüniň aýtmagyna görä, ol herki zada ynanmaga taýýar, emma bu welin çendenaşa artyk gelýärdi. Emma, birneme soňurrak, deňizçi öz pikirini üýtgetdi.
Uçup ýören pul baradaky waka hakykata doly laýyk gelýärdi. Şol gün ähli töwerekde, hatda London bankynyň ajaýyp bölüminiň, traktiriň hem-de dükanlaryň kassalaryndaky — howa maýyl bolansoň, ähli ýerde gapylar giňden açylyp goýlupdy — şaýy pullar goşawuçlap, kagyz pullar petdeläp, usullyk hem-de ýeserlik bilen böküp çykýardy we golaýlaşyp gelýän adamlaryň nazaryndan gaty çalt sypyp, diwarlaryň üstünden, çola köçejiklerden uçup gidýärdi. Pullar özleriniň syrly syýahatyny — dogrusy, olary yzarlaýanam ýokdy — Port-Stou şäherçesindäki traktiriň gapysynyň ýanynda oturan başy sary giden zömmek şlýapaly ynjalyksyz, aladaly adamynyň jübülerinde tamamlaýardy.

## XVI Bap

## Ýüwrüp barýan adam

Doktor Kemp ilkagşam öz iş otagynda, depäniň üstünde gurlan öýüniň ýokarky bölejiginde otyrdy, şo taýdan Berdok eliň aýasynda ýaly görünýärdi. Bu çaklaňjadan rahat üç penjireli otagdy, äpişgeler demirgazyga, günbatara, günorta tarapa açylýardy, bärde tekjeden doludy, olarda kitapdyr ylmy žurnallar goýlandy, şonuň ýaly-da gabaraly stol durdy; bulardan başga-da demirgazyk tarapdaky penjiräniň ýanynda mikroskoply, çüýşejikli, her dürli ownuk esbaplar, barlaghanalarda synaglaryň netijesinde alnan mikroorganizmleriň jemi hem-de içi reaktiwli stoljagaz durdy. Ýaşyp barýan Günüň şöhleleri asman gümmezini mazaly ýagtylydýandygyna garamazdan, otagdaky çyra bireýýäm ýakylypdy; perdeler ýokaryk galdyrylypdy, çünki kimdir biri penjireden jyklamaga synanyşar öýdüp howatyrlanara esas ýokdy.
Doktor Kemp uzyn, ýüpek saçly hem-de ak gatyşykly sarymtyl ýaş ýigitdi. Häzirki meşgullanyp ýören işine doktor gaty uly ähmiýet berýärdi, şu işiniň arkasyndan Patyşalyk ylmy jemgyýetiniň agzalygyna düşmäge bil baglaýardy.
Ol tötänden gabagyny galdyranda penjiräniň gabat garşysyndaky baýryň depesinde ikindin şapagynyň gyzyl çog bolup ýaşyşyna nazary kaklyşdy. Megerem, bir dakyka

çemesidir, ol, özi aňşyrmazdan, ruçkasynyň ujuny dişläp, baýryň depesindäki tyllaýy şapagyň ýalkymyndan lezzet aldy; soňra baýryň üstünden özüniň öýüne tarap süýşüp gelýän kiçijik gara gabara onuň ünsüni çekdi. Ol zömmek şlýapaly pessejik adamdy, özem şeýlebir çakgan ylgaýardy welin, onuň aýaklary çala göze ilýärdi.
«Ýene bir eşegiň biri öýdýän — diýip, doktor Kemp içini hümletdi. — Şu gün irden: «Göze ilmezek gelýä!» diýip gygyryp, meň bilen süsüşeniň biri ýaly bir zatdyr-da». Adamlara nä döw çalyp ýör, teý düşünemok. Hamala, biz on üçünji asyrda ýaşaýan ýaly».
Ol ýerinden turdy, penjiräniň ýanyna bardy hem-de garaňka bürelip başlan baýry, şonuň ýaly-da, ýüwrüp gelýän garamtyl gabarany synlamaga durdy.
— Öler ýaly howlugýa öýdýän — diýip, doktor içki pikirini daşyna çykardy. — Ýöne ondan näme netije bar. Jübüleri, hamala, gurşundan dykylyp doldurylan ýaly, gaty tagaşyksyz ylgaýa. Badyňy gatalt, jenap, badyňy gatalt! — diýip, doktor Kemp öz ýanyndan onuň «häsini» ýetirdi.
Bir dakykadan soň Berdok tarapdaky baýryň ýapgydyndaky willalaryň[7] biri ýüwrüp gelýäni gözden gizledi. Ýöne ýene bir dakykadan ol täzeden willalaryň aralygyndaky zolakda göründi, soň ýene-de gözden gaýyp boldy, ýene täzeden göründi, tä gutarnykly ýitirim bolýança, şeýle ýagdaý üç gezek gaýtalandy.
— Eşekler! — diýip, doktor Kemp janyndan syzdyryp käýindi hem-de penjireden öwrülip, ýene ýazuw stolunyň ýanyna ýöneldi.
Emma şu döwürde ýolda bolmak miýesser gelenler hem-de golaýlaryndan ylgap gelýän adamynyň derden ýaňa gara suw bolan ýüzündäki aýylganç gorkyny görenler welin doktoryň äsgermezçilikli müňkürligi bilen ylalaşmaýardylar. Adam ýüwrüp gelýärdi, özem ondan zyňňyrdy sesi gelýärdi, hamala, içi dykylyp doldurylan gapjygy bir eýläk-bir beýläk zyňanyňdaky çykýan ýaly zyňňyrdy eşidilýärdi. Ol ne sagyna, ne soluna garanjaklaýardy, gorkan gözleri bilen gös-göni öňe seredýärdi, şo taýda — baýryň eteginde-de yzly-yzyna çyra ýanýardy hem-de märeke hümerlenýärdi. Onuň betgelşik aşaky äňi salparypdy, dodaklary köpürjik ýygnap gidipdi, bogazyny jygyldadyp, has-haslap dem alýardy. Ötegçileriň hemmesi säginişip, ýola garanjaklap başlaýardy hem-de şeýle aldyrany bar ýaly ýüzin salyp gelmegiň aňyrsynda näme bolup biljegini ynjalyksyzlyk bilen birek-birekden soraýardy.
Birdenem aňyrraklarda, baýryň depesinde, ýolda seňkildäp ýören it, waňkyrdy-da, derwezäniň aşagyna tarap okduryldy, ýolagçylar nämäniň-nämedigine aň salman öwelişip duran mahallary-da duşlaryndan düşnüksiz bir zat şuwlap geçdi: ol ýa-ha ýeldi, ýa-da aýaklaryň şypbyldysydy, ýa-da has-haslap dem alýanyň sesidi.
Adamlar wägirişdi. Märeke bir gapdala pytrady. Çirkin gygyryşyp, aşak indiler. Olaryň gykylygy Marwel heniz baýryň ortasyndaka eýýäm köçede eşidilip başlapdy. Ylgap öýlerine ýeten adamlar howlukmaçlyk bilen yzlaryndan gapylaryny ýapýardylar, zordan demlerini dürsäbem, aýylganç habary dillerine getirýärdiler. Marwel gapylaryň düňküldäp ýapylýan sesini eşidýärdi hem-de bar güýjüni bir ýere jemläp ylgaýardy.
Bela-beter onuň duşundan geçipdi, ondan öňürdipdi hem-de göz açyp-ýumasy salymyň içinde tutuş şäheri gaplap alypdy.

[7] Willa — şäheriň çetindäki bag-bakjaly kaşaň öý (ter. bel.).

«Göze ilmezek gelýä! Göze ilmezek!..».

## XVI Bap

## «Şadyýan kriketçiler[8]» çaýhanajygynda

«Şadyýan kriketçiler» çaýhanajygy baýryň edil aşak eteginde ýerleşýär, şo taýdanam at goşulýan demir ýol gatnaw ugry başlanýar. Çaýhanajygyň hojaýyny ýasy gyzylymtyl ellerini söýege direnip, gorum-gowşagrak görünýän paýtunçy bilen ýabylar barada gürrüň edýärdi, çal lybasa bürenen garasakgal pyýada bolsa, gatadylan çörek bilen peýnir symyşlaýardy, şerbetjik süzýärdi hem-de ýap-ýaňy nobatçylygyny sowan poliseý bilen söhbet gurýardy. Şiwesinden çen tutsaň, ol amerikala ogşaýardy.
— Bu nämäň gohy? — diýip, paýtunçy birden gürrüňiniň arasyny üzdi hem-de çaýhanajygyň pessejik penjiresiniň garagäz, sary tutusynyň ýokarsyndan baýryň ýokarsyndan uzap gaýdýan ýoly synlamaga çytraşdy. Kimdir biri köçe bilen gapynyň agzyndan ylgap geçdi.
— Bir ýeri ot alaýdymyka? — diýip, hojaýyn diňşirgendi.
Ýakynlaşyp gelýän aýak sesleri eşidildi; kimdir biri hasanaklap gelýärdi. Alagüpürdi bolup gapy serpildi, şonda içerik aglap-eňräp duran, elem-tas halda, indi başy zömmek şlýapasyz, ýakasy ýyrtylan Marwel atylyp girdi. Sandyraklap yzyna öwrülibem, gapyny ýapmaga synanyşdy, ýöne şeýtmek başartmady, diwara daňlan çeki päsgel berdi.
— Ýetip gelýä! — diýip, Marwel jynssyz çygyrdy. — Ol ýetip gelýä, Göze ilmezek! Yzymdan kowalaýa! Allaň haky üçin... Başymy gutaryň! Başymy gutaryň! Başymy gutaryň!
— Gapyny ýapyň! — diýip, poliseý tabşyryk berdi. — Kim gelýä? Bolan zat näme?
— Ol gapynyň ýanyna geldi, çekini aýyrdy, gapy tarkyldap ýapyldy. Amerikaly gapynyň beýleki böleginem ýapyp goýberdi.
— Meni söýegiň aňyrsyna goýberiň — diýip, Marwel saňňyldap hem-de aglamjyrap, ýöne kitaplary berk gysyp durşuna gürledi. — Goýberiň meni şo taýyk. Bir ýerlerde gizläň. Aýdylyp dur-a size ol yzymdan kowalap gelýä diýip. Men ondan gaçdym. Ol maňa: «Seni öldirin!» diýdi. Öldürerem şol.
— Size gorkup oturmagyň hajaty ýok — diýip, garasakgal gürrüňiniň yzyny sugşurdy. — Gapylar ýapyldy. Ýogsa-da, näme boldy?
— Meni bukuň — diýip, Marwel gaýtalady hem-de birden gorkudan ýaňa bagyrdy: güýçli düňküldiden ýaňa gapy sarsyp gitdi, soňra daş tarapdan alňasak tarkyldy hem-de gykylyk sesi eşidildi.
— Eý! — diýip, poliseý gygyrdy. — Kim bar o taýda?
Marwel däli-diwana deýin çykalga gözleginde otagyň içinde pelesaň kakdy.
— Ol meň janymy alar! — diýip, Marwel waýkyrýardy. — Elinde pyçagy bar! Allaň haky üçin!
— Hany, şu taýyk geliň! — diýip, hojaýyn söýegi galdyrdy.
Marwel şo tarapa okduryldy. Ýamaşgandan gapy kakylyp başlandy.

---

[8] Kriket — agaç bilen oýnalýan top oýny (ter. bel.).

— Açaýmaň! — diýip, Marwel bögürdi. — Haýyş edýän, açmaweriň! Men nirede gizleneýin?
— Diýmek, ol Göze ilmezek-dä? — diýip, garasakgal bir elini arkasyna aýlap sorady.
— Meň pikirimçe-hä, ony görmäge-de bir çen boldy.
Birdenem çaýhanajygyň penjiresi çym-pytrak boldy, daşarda gyk-bak sesleri, hysyrdy eşidildi. Poliseý uzyn oturgyja mündi hem-de kellesini penjireden sokup, gapynyň agzynda nämeleriň gopýanyny synlajak boldy. Soňam aşak düşdi-de, aladaly ýagdaýda gaşlaryny gerip, şeýle diýdi:
— Bü şol.
Hojaýyn goňşy otagyň gapysynda durdy — şo taýda Marweli daşyndan gulplap goýupdylar, — ol döwlen äpişgä äňetdi, soňam müşderileriniň ýanyna geldi.
Birdenem doly imisalalyk aralaşdy.
— Haýp, ýanymda serdessämiň ýoklugy — diýip, poliseý ýaýdanybrak gapynyň agzyna bardy. — Gapyny açan badymyza şo pille urdurylyp girer. Ol hiç zat bilenem saklatmaz.
— A siz gapyny açjak bolup onçakly howlukmaňam — diýip, gorum-gowşagrak görünýän paýtunçy gorkubrak gürledi.
— Sürgini çekiň — diýip, garasakgal haýbatly gürledi. — Girmäge milt edip bir göräýsin... — Şeýle diýibem ol elindäki sapançany sereşledi.
— Beýtmek bolmaz — diýip, poliseý tykyrady. — Biriniň ganyna galynmagy mümkin.
— Men nä-niçigräk ýurtda gezip ýörenimi gowy bilýän — diýip, garasakgal özüniňkini öňe sürdi. — Men aýagyndan nyşana alaryn. Sürgini çekiň.
— Birden ýagyrnymy otlaýsaňyz nähili bor? — diýip, hojaýyn tutynyň aňyrsyndan penjirä seredip durşuna sorady.
— Ýeri, bolýa-da — diýip, garasakgal sapançasyny häzirläp durşuna, eglip sürgini çekdi. Hojaýyn, paýtunçy hem-de poliseý ýüzlerini gapa öwürdiler.
— Giriň — diýip, garasakgal ýuwaşrak gürledi hem-de açyk gapydan gözüni aýyrman, bir ädim yza çekildi; ol sapançasyny arkasynda saklap durdy. Ýöne giren bolmady, gapam açylmady. Bäş dakykadan soň, başga bir paýtunçy seresaplyk bilen çaýhanajyga giren mahaly olaryň barysy henizem irikgä bolup garaşyp durdy, ýanaşyk otagdan bolsa, solgun keşpli howsala düşen mysala zol-zol jyklap durdy.
— Öýdäki ähli gapy ýapykmy? — diýip, Marwel sorady. — Ol nirededir bir şu ýerde, ysyrganýa. Ol şeýtan ýaly aldajy ahyry.
— Eý Hudaý! — diýip, hojaýyn içini çekdi. — Yzky gapy nähilikä? Wah, içine jöwen düşmüş... — Ol alaçsyz ýagdaýda daş-töweregine ýaltaklady. Goňşy otagyň gapysy düňküldäp ýapyldy, gulpda duran açaram şarkyldap gitdi. — Howla çykýan gapy hem-de aýratyn girelge! Howla çykýan gapy...
Ol otagdan ylgap çykyp gitdi.
Bir dakykadan soňam eli aşhana pyçakly öwrülip geldi.
— Howla barýan gapy açyk! — diýende, onuň galyň aşaky dodagy sallanyp gitdi.
— Belki, ol eýýäm öýdedirem? — diýip, birinji paýtunçy oýurgandy.
— Aşhanada-ha ýok ekeni — diýip, hojaýyn düşündirdi. — O taýda iki sany hyzmatkär gyz bar, menem elim pyçakly aşhanaň ähli künjüni dürtüşdirip çykdym,

eliň aýtymy ýaly ýerem boş goýmadym. Gyzlaram bärik hiç kim gelenok diýişýä. Olar hiç zat duýmandyr...
— Siz gapyny gurduňyzmy? — diýip, birinji paýtunçy sorady.
— Hudaýa şükür, men oglan-oglanjyk däl — diýip, hojaýyn jogap berdi.
Garasakgal sapançasyny ýygnady. Edil şo pilläniň özünde-de söýegiň serpilýän tagtasy takyrdady, sokma kilt şakyrdady, goňşy otagyň gapysy serpilip gitdi, olar Marweliň, ele düşen towşan deýin, çyrlanyny eşitdiler-de, oňa kömek etmek üçin söýegiň aňyrsyna eňdiler. Garasakgal atyp goýberdi, goňşy otagdaky gözgi (ýüz görülýän aýna) jatyrdady onuň bölejikleri ses edip, ýeriň ýüzüne pytrady.
Hojaýyn ylgaşlap otaga girende, Marweliň aşhanadan howla çykylýan otagyň gapysynyň agzynda towlanyp hem-de çapalanyp duranyny gördi. Çaýhanajygyň eýesi ikirjiňlenip duran mahaly gapy açyldy hem-de Marwel aşhana süýrelip äkidildi. Şo taýdan gyk-bak sesleri hem-de aşak gaýdýan pitileriň güpürdisi eşidildi. Marwel, başyny egip direnýärdi, ýöne şonda-da ony howla barýan gapynyň agzyna süýräp alyp gitdiler. Gapynyň sürgüsi çekildi.
Hojaýynyň duşundan dykylyp geçen poliseý, gapdaly paýtunçylaryň biri bilen birlikde, aşhana ylgaşlap girdi hem-de Marweliň ýakasyndan tutup duran görünmeýän goluň penjesinden ýapyşdy, ýöne şo pille ýüzüne ýumruk degdi, entrekläp gitdi hem-de yza serpdi. Gapy açyldy, Marwelem şonuň aňyrsynda gizlenjek bolup, bialaçlyk bilen çytraşdy. Şu aralykda paýtunçynyň eline nämedir bir zat ildi.
— Men ony tutdum! — diýip, paýtunçy gygyrdy. Hojaýynyň gyzylymtyl gollary-da nähilidir bir göze görünmeýän zatdan ýapyşdy.
— Tutdum! — diýip, olam gygyrdy.
Göze görünmeýän ellerden sypan Marwel ýere ýykyldy hem-de ýaka tutuşyp duran adamlaryň aýaklarynyň arasyndan emedekläp geçmäge synanyşdy. Tutda-baslyk gapynyň agzynda bir ýere jemlendi. Ilkinji gezek Göze ilmezegiň sesi eşidildi — ol çirkin-çirkin haýkyrdy, sebäbi poliseý onuň aýagyna basypdy. Şonda Göze ilmezek şir ýaly arlady hem-de ýumruklaryny edil zynjyr mysaly işledip başlady. Döşüne ýelmenen paýtunçy birden bögürdi hem-de bükülip gitdi. Otaga girilýän gapy ýapyldy hem-de gaçyp ýören Marweli bukdy. Adamlar tä gury howa bilen gidişýändiklerine göz ýetirýänçäler darajyk aşhanada itenek-de-çomanak boluşdylar.
— Ol nirä ýitirim boldy? — diýip, garasakgal waýkyrdy.
— Bärik — diýip, poliseý howla girdi hem-de sägindi.
**Çerepisanyň**[9] bölegi onuň gulagynyň duşundan şuwlap, gap-gaç goýlan aşhana stolunyň üstüne düşdi.
— Men onuň gözüne görkezerin! — diýip, garasakgal gygyrdy.
Poliseýiň egnaşyr polat bölegi ýalpyldap uçup gitdi, çerepisa zyňlan tarapa, alagaraňkylyga yzly-yzyna bäş gülle paýrady. Garasakgal atýan mahaly elini keseligine ýaý kimin aýlaw edensoň, gülleler darajyk howla ýelpewaja meňzeş görnüşde düşdi.
Ümsümlik aralaşdy.

[9] Çerepisa — üçek basyrylýan material (ter. bel.).

— Bäş gülle paýratdym — diýip, garasakgal hekgerdi. — Gaty ýeser! Üýtgeşik emel! Hany, çyrany alalyň-da, jesedi gözlemäge gideliň.

## XVII BAP
## DOKTOR KEMPIŇ MYHMANY

Doktor Kemp tä tüpeň sesi ünsüni bölýänçä öz otagynda ýazuw işini dowam edip otyrdy. «Gümp-gümp-gümp» edip yzly-yzyna tarkyldady.

— Oho! — diýip, doktor gygyrdy, ýene ruçkasyny dişläp, diňşirgenmäge durdy. — Berdokda sapançadan ok ýagdyrýan kimkä? Bü eşşek atalylar indi näme tapyp ýörkä?

Ol günorta tarapdaky penjiräniň ýanyna bardy, ony açdy-da, boýnuny uzadyp, şäheriň gijeki görnüşini synlamaga durdy — onuň gözüniň öňünden yşyklandyrylan penjireler, gaz bilen ýanýan çyralar, garalyp görünýän üçekdir howlularyň aralygyndaky witrinalar seteran geçdi.

— Baýryň eteginde, «Kriketçileň» ýanynda märeke üýşäýen ýaly-la — diýip, ol içgin-içgin seredip durşuna gürledi. Soňam onuň nazary gämilerdäki hem-de kenar duralgasyndaky ýylpyldap duran yşyklara bakan gönükdi — ýiti yşyklandyrylan kiçeňräk binalar misli sarymtyl göwher deýin lowurdaýardy. Aý ýaňybir baýyrlaryň ýokarsyndan, günbatardan dogup gelýärdi, ýyldyzlar bolsa, tropikleriň astyndaky ýaly, öwşün atýardy.

Bäş dakykadan soň — şol döwrüň içinde onuň pikiri geljegiň durmuş şertlerine göterilipdi hem-de çäksiz döwürleriň jümmüşinde awara bolupdy — doktor Kemp uludan demini aldy, penjiräni ýapdy hem-de ýazuw stoluna dolanyp geldi.

Şundan takmynan sagat ýarym çemesi soň girelge gapysynyň jaňy basyldy. Doktor Kemp tüpeň sesini eşideli bäri, işi haýal ýöreýärdi, zol-zol ünsi bölünýärdi hem-de oýa batýardy. Gapynyň jaňy basylanda işini goýup, diň saldy. Ol hyzmatkär zenanyň gapyny açmaga gidenini eşitdi hem-de onuň gaýdyşyn basgançakdan çykjak aýak seslerine garaşdy, ýöne näçe garaşsa-da, ol yzyna köwlenmedi.

— Allajanlarym, bu kim bolup bilerkä? — diýip, doktor Kemp içini hümletdi.

Ol gaýtadan işe girişermen boldy, ýöne şeýtmek başartmady. Şonda ol ýerinden dikeldi, iş otagyndan çykdy hem-de basgançak bilen meýdança düşdi. Şol ýerde-de elindäki jaňy kakdy, aşakda, giň zalda otag hyzmatkäri peýda bolanynda, ol germeçden eglip sorady:

— Hat getirdilermi?

— Ýok, jenap, tötänleýin jaň kakylypdyr — diýip, otag hyzmatkäri düşündirdi.

«Özümi birhili galagoply duýýan öýdýän» — diýip, ol içinden oýlandy.

Ol iş otagyna öwrülip geldi, hyjuw bilen işe girişdi hem-de birnäçe dakykadan soňam bütin düýrmegi bilen şoňa berildi. Otagdaky ümsümligi diňe sagadyň jykgyldysy hem-de çyranyň ýagtysyndan stola düşýän ýap-ýagty halkanyň edil ortarasynda eýläk-beýläk gatnaýan döwet galamynyň gyjyrdysy bozýardy.

Doktor Kemp şu günlükçe bessir etmegiň kararyna gelen mahaly gije sagat ikidi. Ol ýerinden galdy, pallady hem-de aşak, özüniň ýatýan otagyna düşdi. Penjegini,

gursakçasyny çykardy, birdenem suw içesi geldi. Şemi eline alybam, içilýän sodaly suwuň hem-de şerbediň gözleginde damak iýilýän ýere düşdi.
Ylym bilen meşgullanmasy doktor Kempde synçylygy oýarypdy; damak iýilýän ýerden öwrülip gelýärkä ol basgançagyň agzynda, boýranyň ýanyndaky linoleumyň üstünde goýy tegmili gördi. Ol eýýäm ýokaryk galypdy, ýöne birdenem bu tegmil nireden peýda bolduka diýip öz-özüne sowal berdi. Megerem, bu alasarmyk duýgynyň netijesinde dörän pikirdi. Ýöne nähili bolanlygynda-da, ol giň zala dolanyp geldi, sifony hem-de şerbedi stoljagazyň üstünde goýdy, soňam eglip, tegmili synlamaga durdy. Hiç bir geňirgenmesizdenem, onuň edil guraňkyrlan gan ýaly şireli, goýy gyzyldygyna göz ýetirdi.
Ol sifondyr şerbetli çüýşäni alyp, ýokaryk galdy, dykgat bilenem daş-töweregine garanjaklap, bu ganly tegmiliň nireden peýda bolup biljegini öz-özüne düşündirmäge çytraşdy. Meýdançada sägindi hem-de öz otagynyň gapysyna haýran galyp, tiňkesini dikdi: gapynyň tutawajynda gan yzy bardy.
Ol eline äňetdi. Eli bütinleý tämizdi, şu ýerde-de iş otagyndan çykan mahaly ýatalga jaýynyň gapysynyň açykdygy güpbe ýadyna düşdi, diýmek, tutawaja elinem degirmändi. Ol özüni tijäp, ýatalga otagyna girdi. Ýüzi juda parahatdy, diňe adatdakylaryna garanyňda, birneme aýgytlyrakdy. Otagy dykgat bilen göz eleginden geçirip, nazaryny krowata dikdi. Ganyň derdinden ýaňa ýorgan gos-goýudy, ýukajyk örtgi düşek jyrym-jyrym edilipdir. Ilkinji sapar otaga girende muny duýmandy, sebäbi gös-göni özüňe timar-serenjam berilýän stoljagazyň ýanyna ýüzlenipdi. Düşegiň bir ýeri ýygrylypdy, hamala, şo taýda ýap-ýaňy kimdir biri oturan ýalydy.
Şu ýerde onuň gulagyna kimdir biriniň çalarak sesi eşidilen ýaly boldy: «Eý, Hudaý! Ahow, bu asyl Kemp ýaly-la!». Ýöne doktor Kemp syrly — daşarky seslere ynanmaýardy.
Ol ýygrylan düşege seredip durdy. Çaky bu ses gulagyna eşidilen borly. Ýene töweregine garanjaklady, emma ýygrylan hem-de gana boýalan düşekden başga şübheli zada gözi ilmedi. Şu ýerde-de otagyň künjünde, el ýuwulýanyň ýanynda nähilidir bir hereketiň sesini aýyl-saýyl eşitdi. Islendik adamynyň, hatda iň bir ylymly-düşünjeli hasaplanylýanlarynyň kalbynyň töründe-de nähilidir bir aň ýetirip bolmajak yrym-ýorumyň galyndylary mesgen tutýar. Doktor Kempiň süňňüni elhenç duýgy gaplap aldy. Ol ýatalga jaýyň gapysyny ýapdy, pessejik yşgabyň ýanyna bardy hem-de onuň üstüne sifony goýdy. Birdenem ziňkildäp gitdi: özi bilen el ýuwulýanyň aralygyndaky boşlukda gara gana boýalan sargy sallanyp durdy.
Ol halys akyly çaşan halda oňa çiňerilip-çiňerilip seretdi. Sargy boşdy, ykjam oralandy, ýöne bütinleý boşdy. Ol baragetdin sargydan ýapyşasy geldi, emma kimdir biriniň çalaja galtaşmagy ony sägindirdi, edil gulagynyň ýanynda-da ses eşitdi:
— Kemp!
— Ä? — diýip, Kemp agzyny öweltdi.
— Gorkmaň — diýip, Ses dowam etdi. — Men Göze ilmezek.
Kemp biraz sessiz-üýnsüz sarga seredip durdy.
— Göze ilmezek diýýäňmi? — diýip, ol ahyry dillendi.
— Hawa, Göze ilmezek — diýip, Ses gaýtalady.

Kempiň heniz şu gün irdenem keýpden çykynça ýaňsylap gülen wakasy ýadyna düşdi. Ýöne şu pursatda welin ol, megerem, beýle bir gorkmadam, geňem galmadam. Süňňüni gaplap alan duýgulary barada ol diňe soňurrak öz-özüne hasabat berip biljekdi.

— Men bu zatlaň bary toslama diýip ýördim — diýip, ol oýurgandy. Şonuň bilen birlikde onuň kellesinde irdenki getiren dellilleri at salýardy. — Siz sargylymy? — diýip, ol sowal berdi.

— Hawa — diýip, Göze ilmezek jogap berdi.

— Bäý-bä! — diýip, Kemp tolguna-tolguna gürledi. — Me saňa gerek bolsa! — Galat zat. Nähilidir bir gözbagçylyk. — Ol çakganlyk bilen öňe gadam urdy. Şonda onuň sarga uzan goly göze görünmeýän barmaklara degdi.

Şol galtaşmadan soň ol yza tesdi, ýüzüniň terzi bozulyp gitdi.

— Taňryň haky üçin, Kemp, ýüregiňizi eliňize almaň. Maňa ýaman siziň kömegiňiz derkar! Duruň!

Göze görünmeýän el Kempiň tirseginden tutdy. Kemp onuň eline urup goýberdi.

— Kemp! — diýip, Ses gygyrdy. — Köşeşiň, Kemp! — Göze ilmezegiň goly onuň tirsegini öňküdenem beter gysdy.

Kempiň ondan sypasy gelip, guduz açana dönüpdi. Saralan gol onuň çigninden ýapyşdy, birdenem Kempi düňderdiler hem-de krowatyň aşagyna sokdular. Ol gygyrjak bolup, agzyny açdy, ýöne şo pilläniň özünde ýukajyk örtgi düşejigiň ujy onuň dişleriniň arasyna dykyldy. Göze ilmezek ony berk saklap durdy, ýöne Kempiň elleri boşdy, boş elleri bilenem çem gelen ýeri guduzlan dek ýumruklaýardy.

— Paýhaslyrak bolaýyň — diýip, Göze ilmezek, üstüne ýagýan ýumruklara garamazdan, Kempi sypdyrman saklaýardy. — Allaň hatyrasyna, meň kakynymy tutdurmaň. Sammygyň biri diýse, gymyldaman ýat! — diýip, Göze ilmezek Kempiň gulagynyň düýbüne haýkyrdy.

Kemp ýene bir dakyka töweregi ikiýana urunmasyny goýmady, soňra ýuwaşady.

— Bardy-geldi gygyraýsaňyz, kelläňizi pytradaryn! — Göze ilmezek Kempiň agzyndan ýukajyk düşejigiň bölegini çykardy. — Men Göze ilmezek. Bu toslama-da däl, gözbagçylygam däl. Men, hakykatdanam, Göze ilmezek. Maňa-da siziň kömegiňiz zerur. Eger berebekgeýlik etmän, özüňizi idili alyp barsaňyz, size hiç hili zyýan ýetirmen. Kemp, siz meni tanaňzokmy näme? Men Griffin, ikimiz uniwersitetde bile okapdyk.

— Hany, ýerimden galmaga bir maý beriň! — diýip, Kemp hyk-çoklady. — Gaçyp gitjek ýerim ýok. Azajygam bolsa, demimi dürsäýin.

Ol krowatyň üstüne çykyp oturdy hem-de ýeňsesini sypalaşdyrdy.

— Men Griffin, uniwersitetde bile okapdyk. Öz-özümi göze görünmez ýaly etdim. Men özüňiziň tanaýan adaty bir adamyňyz, ýöne gözden gaýyp.

— Griffin diýdiňizmi? — diýip, Kemp gaýtalap sorady.

— Hawa, Griffin — diýip, Ses jogap berdi. — Uniwersitetde sizden bir ýyl aşakdadym, tas durşum bilen diýen ýaly aksowult saçly, boýum alty **fut**[10], gerdenlek, gyzgylt ýüzli, gözüm gan öýen ýaly. Himiýadan eden işim üçin baýragam alypdym.

[10] Fut — 30, 48 sm. barabar bolan uzynlyk ölçegi (ter. bel.).

— Hiç zada düşünýän däldirin — diýip, Kemp gözlerini tegeledi. — Halys başym çaşyp gitdi. Bärde Griffiniň näme dahyly bar?
— Griffin diýilýän men-dä.
Kemp oýa batdy.
— Muň özi gaty aýylganç — diýip, ol saçyny penjeledi. — Ýöne haýsy al-arwah adamy göze görünmez ýaly edip bilýä?
— Bärde hiç hili al-arwah ýok. Bu bir doly bolup biläýjek hem-de onçakly çylşyrymly bolmadyk ýagdaý...
— Muň özi gaty aýylganç zat — diýip, Kemp içini çekdi. — Nädip şeýdip bolýa?
— Hawa, aýylganç kemi ýok. Ýöne men ýaralandym, syzlap agyrýa, üstesine, juda ýadadymam. Eý, Hudaý, ahow, Kemp, erkek bolaýsana! Şuny gaty arkaýynlyk bilen kabul edäý-dä. Maňa iýer-içer ýaly bir zat berseňizläň, oňa çenlem oturyp, özümi dürsäýin.
Kemp otagyň içinde eýläk-beýläk gatnaýan sargyny synlaýardy, soňam ol örme kürsiniň poluň üsti bilen süýrelip, onuň krowatyň ýanynda duranyny gördi. Kürsi şatyrdady, onuň ýumşak ýeri-de biraz aşak çökdi. Kemp gözlerini owkalaşdyrdy hem-de ýene ýeňsesini gysymlady.
— Bul-a her jüre al-arwahlardanam beter — diýip, ol samsyklaç güldi.
— Ine, indi ýene ýagşy. Hudaýa şükür, bolsa-da, akyllanyp ugradyňyz.
— Ýa-da pekgeleşip, aňkam aşyp barýan — diýip, ýene gözlerini owkalaşdyrdy.
— Maňa şerbet berseňizläň. Demim zordan gelip-gidýä.
— Meň-ä şondan habarym ýok. Siz nirede? Eger ýerimden tursam, siz bilen çakyşmarynmy? Hä, siz bärde. Ýagşy. Şerbet diýdiňizmi?.. Baş üstüne. Ony nirä äbermeli?
Kürsi şatyrdady, Kemp elinden bulguryň alynýanyny duýdy. Ol ony zordan elinden sypdyrdy, çünki bulgur döwläýer öýdüp, gary jany galmandy, bulgur kürsiniň ýokarysyndan ýarym metr gowrak aralyk boşlukda asylyp galdy. Kemp bulgura agzyny öweldip änedýärdi.
— Bu bir... Hawa, elbetde, muň özi, göz baglama... Siz, megerem, özüňiziň göze görünmezekdigiňizi gursagyma guýansyňyz.
— Şama-şaýyrdy zat! — diýip, Ses çürt-kesik etdi.
— Ýöne, muň özi, akyla syganog-a!
— Hany, maňa gulak goýuň.
— Diňe şu günüň özünde men jedelsiz subutnamalary getirdim ahyry... Gözden gaýyp bolmagyň özi... — diýip, Kemp gürrüňe başlady.
— Şu subutnamalaň barysyny owarrama dykyň — diýip, Ses onuň gürrüňiniň arasyny kesdi. — Men ajymdan ölüp barýan, üsti-başy ýeke soýkasyz adam üçinem bäri, gaty salkyn.
— Ol açlygy duýýamy? — diýip, Kemp ör-gökden geldi.
Bir bulgur şerbet düňderilip gitdi.
— Hawa — diýip, Göze ilmezek bulgury düňküldedip goýdy. — Siziň haladyňyz ýokmy?
Kemp nämedir bir zatlary çalarak hüňürdäp, geýim-gejim yşgabynyň ýanyna bardy-da, şo taýdan goýy gyzyl halady çykardy.

— Saňa laýyk bormy? — diýip, ol sorady.
Halady onuň elinden aldylar. Bir dakyka töweregi ol howada hereketsiz asylyp durdy, soňra nähilidir bir geň-enaýy yrgyldady, tutuş uzaboýuna süýndi, ähli iligi ildirilibem, kürsä goýberildi.
— Içki jalbar, jorapdyr köwüş bolsa-da, gowy bordy — diýip, Göze ilmezek üzlem-saplam gürledi. — Garbansagam, kem bolmazdy.
— Göwün söýlän zadyňyz bor. Ýöne meň durmuşymda beýle elheder aman ýagdaý — ýakaňy tutdurýan ýagdaý duşmandy.
Kemp Göze ilmezegiň soran zatlaryny pessejik yşgapdan aldy hemem kiçijik ammara düşdi. Ol sowan kotletdir nanly dolanyp geldi, çaklaňja stoljagazy süýşürip, getiren zatlarynyň baryny-da myhmanyň öňünde goýdy.
— Pyçaksyzam oňaryn — diýip, Göze ilmezek gürlände, kotlet howada asyldy; yzyndanam şapbyldy eşidildi.
— Men hemişe ilki geýinmegi, diňe şondan soň garbanmagy makul bilýädim — diýip, Göze ilmezek agzy doly halda, açgözlük bilen nandyr kotleti bokurdagyndan geçirip durşuna gürledi. — Täsin häsiýet!
— Eliňiz hereket edip duran ýaly-la? — diýip, Kemp gözlerini çerreltdi.
— Hatyrjem boluň — diýip, Göze ilmezek arkaýyn gürledi.
— Herhal, muň özi, birhili geň-taň...
— Şeý diý-de, goýaý. Ýöne iň geň-taň ýeri özüme sargy zerurlygy ýüze çykan mahaly hut siziň ýanyňyza düşmegim. Birinji gezek şeýle şowuna düşüşim. Dogrusy, barybir, gijämi şu öýde geçirmekçidim. Buýtar-suýtar edip bilmersiňiz şuňa! Ganymyň seçelenmegi aýylganç gelşiksiz, şeýle gerek? Durşy bilen suw-sil. Çaky gatap ugran mahaly göze görnüp başlaýan borly. Maňa diňe bedeniň janly öýjüklerini üýtgetmek başartdy, men Göze ilmezek, diňe häzirlikçe diri... Üç sagat bärem men şu ýerde.
— Ýöne beýtmek size nädip başartdy? — diýip, Kemp janagyryly gürledi. — Kim bilýä, muň näjüre zatdygyny! Tutuş şu wakaň özi başdanaýak durşy bilen — ugur-utgasyzlyk, şama-şaýyrdylyk.
— Nahak ýerden şeýle pikir edýäňiz — diýip, Göze ilmezek sözüniň üstüni ýetirdi. — Bulaň bary doly akyla laýyk.
Ol elini uzatdy-da, şerbetli çüýşäni aldy. Kemp şerbedi sokga sorup duran halada agzyny öweldip seredýärdi. Şemiň ýagtysy haladyň sag egnindäki deşigiň arasyndan geçip, ýalkymly üçburçluk emele getirýärdi.
— Tüpeň sesleri nämedi? — diýip, Kemp sorady. — Atyşyk nämeden başlandy?
— Şo taýda bir sammyk bardy, tötänleýin şärikdeşimlaý, wah, şony bir ýer ýuwutsady, ana, şol pullamy ogurlajak boldy. Asyl ogurladam.
— Olam göze görünmezekmi?
— Ýok-la.
— Ýeri, yzy näme boldy?
— Garbanarym ýaly ýene oduk-budugyňyz ýokmudy, hä? Soňra baryny jikme-jik aýdyp biýrin. Men aç, elimem agyrýa. Siz welin, gürrüň bererimi isleýäňiz.
Kemp ýerinden turdy.
— Diýmek, tüpeň atan siz däl-dä onda? — diýip, ol sorady.

— Men däl — diýip, myhman jogap berdi. — Ömrüme ýüzüni görmedik bir tentek kişi degene gözüm menden däl edip atdy. Olaň ýüregine wehim indi. Menden bar kişi gorkýa. Jyn uranlar diýse. Näme diýsene, Kemp, meň içim eljuk diýýä.

— Hany, aşakda ýene iýer ýaly nämedir bir zatlaň baryny-ýoguny gözläp gaýdaýyn — diýip, Kemp oýurgandy. — Ýöne üýşüp duran zad-a galan dälmikä öýdýän.

Gerk-gäbe doýup, iýip-içip bolandan soň, Göze ilmezek şybyk sorady. Şybygyň içine dermanlyk ot dykyp, tüsseläp başlady. Onuň tüsse dartyşyny synlamak juda geňdi: agyz, bogaz, damak, burun deşikleri, köwsarlaýan tüsseden nusgalanan ýaly derejede bildirip durdy.

— Dermanlyk ot ýeser zat — diýip, ol mazaly içine sorup gürledi. — Kemp, siziň öýüňize düşüp, batgym çüwdi. Siz maňa hemaýat edäýmeli. Tüýs jaý wagty size sataşyşymy göz öňüne getir ýalam däl! Men halys çoçgara çolaşyp, paltam daşa degdi. Däli-diwana derejesine ýetdim. Başyma ne külpetler inmedi! Ýöne indi işler ugrugar. Ynanaýyň şuňa...

Ol ýene sodaly şerbeti içdi. Kemp ör turdy, töweregine garaňjaklady hem-de goňşy otagdan özi içinem bir bulgur getirdi.

— Bulaň bary eýmenç... ýöne, hany, menem bokurdagy ölläýsem öýdýän.

— Kemp, şu geçen onki ýylyň içinde siz üýtgemänsiňiz diýen ýaly. Saryýagyzlar aňsat-aňsat üýtgänok. Şol öňküleňňiz deýin sowukganly hem-de ykjam. Men size barysyny düşündirmeli. Ikimiz bile işläris!

— Ýöne beýtmek size nädip başartdy? — diýip, Kemp sorady. — Nädip muň ýaly bolup bildiňiz?

— Allaň hatyrasyna maňa azajyk demimi dürsemäge maý beriň. Soň jikme-jik aýdyp bererin.

Şol gije ol hiç zat aýdyp bermedi. Onuň eli sorkuldap başlady, üşüdip ugrady, özem gaty gowşady. Baýryň üstündäki kowgy, çaýhanajygyň ýanyndaky ýaka tutuşyk zol gözüniň öňünde gaýmalady durdy. Ol gürrüňe başlaberen ýaly etdi-de, derhal ünsi başga ýana sowuldy. Marwel barada başly-barat gürrüň berýärdi, sesinde-de gahar duýduryardy. Kemp onuň aýdýanlaryndan ähli gerek zady çekip almaga çytraşýardy.

— Ol menden gorkýady... Onuň gorkýanyny görüp durdum — diýip, Göze ilmezek zol-zol şol bir heňine tutdurýardy. — Menden sypmagyň alajyny gözleýädi, bar küýi-köçesi şondady. Menem pekgeligimi edipdirin-dä! Häý, nejisiň biri! Ganyny gotura derman etmeli ekeni-dä weli...

— Siz puly nireden tapdyňyz? — diýip, Kemp duýdansyz sorady.

Göze ilmezek dymdy.

— Şu gün aýtmaga ýagdaýym ýok — diýip, ol jogap berdi.

Birdenem ol göze görünmeýän elleri bilen göze görünmeýän kellesini tutup, iňledi hem-de büküldi.

— Kemp — diýip, ol haýaljak gürledi. — Men indi üç gün bäri ýatamok, tutuş şu döwrüň içinde bir sagatdan köp ymyzganan däldirin. Men ukymy almasam bolmaýa.

— Ýagşy — diýip, Kemp makul bildi. — Şu ýerde, meň otagym ygtyýaryňyzda.

— Ýöne maňa ýatmak bolýamyka? Eger uklaýsam, ol jypydar. Wah! Ýeri, bolýa, maňa parhy ýok!

— Ýara beýle betermi? — diýip, Kemp sogduryp sorady.
— Üýtgeşik zat ýok, çalak-çulak sypjyryk-la. Eý, Taňrym, ukym tutup alyp barýa!
— Gyşaraýyň, onda.
Göze ilmezek Kempiň ýüzüne seredýän ýalydy.
— Mende golaý-goltumymdakylaň girisine düşmek meýli ýok — diýip, ol haýaljakdan gürledi.
Kemp ziňkildäp gitdi.
— Päheý, meň bir kelesaňdygymy! — diýip, Göze ilmezek stoly ýumruklady. — Şu ýoly özüm size elin salgy berip durun.

## XVIII BAP

## GÖZE ILMEZEK DYNÇ ALÝAR

Argyndygyna hem-de syzlap duran ýarasyna garamazdan, Göze ilmezek, herhal, hiç kim size barmagynam batyrmaz diýip özüne söz beren Kempe ynanyp durmady. Ýatalga otagynyň iki penjiresini-de ilikdüwme barlady, birden zerurlyk çykaýan halatynda şu ýol bilen gaçyp boljagyna-bolmajagyna göz ýetirmek üçinem perdeleri galdyrdy, gabsalary açdy. Penjireleriň aňyrsynda gijäniň parahat ümsümligi höküm sürýärdi. Baýyrlaryň ýokarsynda Aý sallanyp durdy. Soňra Göze ilmezek ýatalga otagynyň gulpuny hem-de hajathanadyr ýuwnulýan ýeriň gapylaryny barlady, şeýdibem, şu taýdan gaçaýmaga mümkinçiligiň baryny-ýoguny anyklady. Ahyrsoňunda-da özüniň bu zatlardan kanagatlanýandygyny mälim etdi. Ol diwar pejiniň ýanynda durdy, Kemp onuň pallaýan sesini eşitdi.
— Özümiň gaýran işlemmiň barysy barada häzir aýdyp bilmeýänime gaty gynanýan — diýip, Göze ilmezek sözüniň yzyny sugşurdy. — Ýöne men halys tapdan düşdüm. Munuň akyla sygar ýaly zat däldigine dawam ýok. Bu bir aýylgançlyk. Ýöne, Kemp, maňa ynanaýyň, bu hakyt bolaýjak iş. Men açyş etdim. Onuň syryny saklap bolar öýtdüm. Emma beýtmek mümkin däl. Maňa kömekçi zerur. Siz bolsa... Ikimiz birigsek, başarmajak goşumyz bolmaz!.. Gel, gowusy, bulaň hemmesini ertire goýaly. Kemp, häzir welin, men ýataýmaly, ýogsa, amanadymy tabşyryn.
Kemp başsyz halada öwelip, otagyň ortarasynda durdy.
— Ýagşy, onda men ötägitjek — diýip, ol sözüni dowam etdirdi. — Ýöne muňa ynanar ýaly däl-ä. Ýene şular ýaly iki sany maglumat tapylsa, onda ähli nazaryýet çaklamam çepbesine çöwrülýä, özümem dälilik hetdine ýetýän. Herhal, görnüşi ýaly, bu hakykat! Size başga-da nämedir bir gerek-ýarak zat barmy?
— Diňe gijäňiz rahat bolsun diýeniňiz ýeterlik — diýip, Griffin jogap berdi.
— Gijäňiz rahat bolsun — diýip, Kemp göze görünmeýän goly gysdy.
Ol ýanyn ýöräp, gapa tarap gitdi. Birdenem halat çakganlyk bilen onuň ýanyna golaýlady.

— Bilip goýuň — diýip, Göze ilmezek haýbatly gürledi. — Hergiz meni tutjak ýa-da gola saljak bolup synanyşaýmaň. Ýogsam...
Kempiň ýüzi biraz üýtgäp gitdi.
— Häli men size söz beren ýalydym-la — diýip, ol üzlem-saplam gürledi.
Kemp daş çykdy, yzyndan usullyk bilen gapyny ýapdy, şo bada-da gulpdaky açar şakyrdap gitdi. Kemp gymyldy-hereketsiz — hem kaýyl gelip, hem haýran galyp duran mahaly çalasyn ädilýän aýak sesleri eşidildi, şonda ýuwnulýan otagyňam gapysynyň ýapylandygy belli boldy. Kemp maňlaýyny ýumruklady.
— Bilmen oýanlykda, bilmen ukuda? Tutuş giň jahan üýtgäp ýörmükä ýa-da akylymdan azaşaýdymmykam? — Ol güldi-de, iç tarapdan gulplanan gapyny sermeledi. — Öz ýatalga otagymdan şakyrdyk dakyldym — kowanam kim diýsene? Alamat kowdy! Hiç bolar-eder dagy ýaly däl!
Ol basgançagyň ýokarsyna bardy, daş-töweregine garanjaklady, soňam gulply gapylara äňetdi.
— Jedelsiz hakykat — diýip, ol çalarak sorkuldaýan ýeňsesine elini ýetirdi. — Hawa, jedelsiz hakykat. Ýöne... — Ol umytsyzlyk bilen kellesini ýaýkap, yzyna öwrüldi-de, aşak düşdi.
Ol damak iýilýän otagda çyrany ýakdy, nämedir bir zatlary başly-barat madyrdap, birem öz-özi bilen gaty-gaty ses bilen jedelleşip, içeride eýläk-beýläk okkessirme geçip ugrady.
— Göze ilmezek! — diýip, ol dillendi. Göze görünmeýän jandar bolup bilermi? Deňizde — mümkin. Şo taýda şeýle jandarlar müňlerçe, millionlarça! Ähli maýdajyk **naupliuslar**[11] hem-de **tornariýalar,** ähli mikroorganizmler... a **meduzalar**[12] näme! Deňizde göze görünýän jandarlardan göze görünmeýänleri köp! Bular barada mundan ozal hiç haçan oýlanmandym... Howdandakylara-da näme diýjek! Howdanlarda ýaşaýan şol ähli maýdaja organizmler — açyk, dury, aňyrsy görnüp duran nemiň bölejikleri... Ýöne howada nähili? Aý, ýok! Beýle ýagdaý mümkin däl. Aslynda näme üçin mümkin dälmiş? Adam aýnadan ýasalan bolaýanlygynda-da — şonda-da ol göze görnerdi.
Kemp çuňňur oýa batdy. Esli salymdanam gygyranyny duýman galdy. Soňra otagdan çykdy, özüniň kabulhanasyna geçdi hem-de şo ýerde gaz çyrajygyny ýakdy. Otag çaklaňjady. Çünki doktor usulyýet bilen meşgullanmaýardy, o taýda gazetler ýatyrdy. Epinleri açylan irki gazet stoluň üstündedi. Ol gazeti garbady-da, ony çalasyn gözden geçirdi hem-de Port-Stouwda deňizçiniň Marwele şeýle janygyp gürrüň beren «Aýpingdäki görlüp- eşidilmedik waka» baradaky habary okamaga durdy. Kemp bu setirleri gaty çalt okap çykdy.
— Mazaly bürenen! — diýip, ol haýkyrdy. — Kesekiň eşigini geýnen! Öz syryny ýaşyrýa. Görnüşi ýaly, onuň başdan geçiren muşakgatlyklaryny hiç kim bilmeýän borly! Al kakmyş, onuň kellesinde näjüre pikir barka? — Ol gazeti bir gapdala oklap goýberdi-de, stoluň üstüne göz gezdirdi. — Ähä! — diýip, ol heniz epini açylmadyk

[11] Nauplius, tornariýa — deňiz hem-de derýalarda ýaşaýan, suw akymynyň güýji bilen hereket edýän kiçijik jandarlar (ter. bel.).
[122] Meduza — meduzanyň bedeni 98 göterim suwdan ybarat. Käbir iri meduzalaryň gabarasy bir metrden geçse-de, agramy birnäçe sentnere ýetse-de, olar deňiz akymyna garşy durmaga ukyply däldir. Şonuň üçinem olar suw akymynyň güýji bilen hereket edýän jandarlaryň hatarynda görülýär (ter. bel.).

«Sent-Jeýms — gazetti» eline aldy. — Häzir ähli hakykaty bileris — diýip, ol gazeti açyşdyrdy. Onuň gözüne iki sütün ildi. Onuň sozbaşysy «Tutuş Sasseks obasy akylyndan azaşdy» diýip durdy. — Eý merhemetli Perwerdigär! — diýip, bokurdagyna bat berip gygyrdy hem-de biziň ýokarda suratlandyran düýnki Aýpingdäki wakalar baradaky yrga pikirli hasabaty dykgat bilen okamaga durdy.
Kemp hemmesini başdanaýak okady. «Saga-sola ýumruk baryny inderip, köçe bilen gaçyp barýardy. Jeffers çaşyp-üýşüp ýatyrdy. Jenap Haksters mazaly şikes aldy hem-de gören zatlary barada hiç hili habar berip bilmeýär. Ruhanynyň gaty degnasyna degildi. Zenanyň gorkusyna dili tutuldy. Penjireler kül-uşak edildi. Şu geň-enaýy waka, megerem, toslamadyr, ýöne toslama bolsa-da, gaty gyzykly, çap edeniňe degýär».
Kemp gazeti elinden gaçyrdy hem-de manysyz nazaryny bir nokada dikdi.
— Megerem, toslamadyr! — diýibem, ol gaýtalady.
Soňra gazeti garbap aldy-da, ýene bir ýola barysyny başdanaýak okap geçdi.
— Ýöne sergezdan nireden peýda bolduka? Sergezdany kowalap başyna ýapjakmyka?
Kemp mejalsyz halda hirurgiýa kürsüsine özüni goýberdi.
— Ol diňe bir göze görünmezek däl — diýip, ol dillendi. — Akyly üýtgänem! Was-waslyga-da ýolugypdyr! Adamyň ganyna galmak keselem gozgapdyr!
Daň şapagy gyzaran hem-de onuň solgun şöhleleri damak iýilýän otagdaky gaz çyrajygynyň yşygy bilen garyşan mahaly, Kemp bu akyla sygmajak zadyň magadyna ýetmäge çalşyp, henizem ikibaka at salýardy.
Ol uky barada pikir ederden çakdanaşa ynjalyksyz ýagdaýdady. Ukudan doly açylyşyp ýetişmedik hyzmatkärler, irden ony şeýle ýagdaýda görüp, munuň özi, dartgynly işlemegiň ýaramaz netijesidir diýip pikir etdiler. Ol gaty üýtgeşik, ýöne bütinleý anyk görkezme berdi: ýokardaky iş otagyna iki adamlyk ertirlik naharyny eltmeli, soňam aşak gidip, ýokarda görünmeli däl. Ol tä irden çykýan gazeti getirip berýänçäler damak iýilýän otagda eýläk-beýläk gatnamasyny goýmady. Göze ilmezek barada aýdylma kemi galmandyr, özem köpsözlülikden doludy, ýöne ýekeje täze habar bardy, olam «Şadyýan kriketçiler» çaýhanajygyndaky düýnki bolup geçen waka, özem küteksi, ugur-utgasyz beýan edilýärdi. Şo taýda Marwel ilkinji gezek ýatlanylyp geçilýärdi. «Ol meni tutuş bir günläp zor bilen ýanynda saklady» diýip, Marwel gürrüň berýärdi. Aýpingdäki wakalaryň hasabatynyň üstüne käbir ownuk maglumatlaram goşulypdy, hususan-da, telegraf siminiň zaýalanyşy agzalyp geçilýärdi. Emma şu habarlaryň barysynda Göze ilmezek bilen sergezdanyň arasyndaky baglanyşygy açyp görkezýän hiç zat ýokdy, sebäbi jenap Marwel üç sany kitap, özüniň jübüleri dykylyp doldurylan pul barada ýeke sözem pyşgyrmaýardy. Indi gümürtik äheň ýokdy, tutuş habarçylar topary-da eýýäm yhlas bilen derňewe girişipdi.
Kemp ähli habarlary iň soňky setirine çenli okady hem-de otag hyzmatkärini tapyp bilen ähli irki gazetleriň baryny satyn almak üçin iberdi. Soňam olary ilikdüwme okady.
— Ol göze görünmezek! — diýip, Kemp dillendi. — Eger gazetlerden çen tutsaň, onuň gahar-gazaby telbelik hetdi bilen serhetleşýä. Gör, ol näme-nämeleri goparjak!

Gör, nämeleri goparjak! Ol häzir şo taýda, ýokarda, ýel kimin erkin. Näme etsemkäm? Bardy-geldi ony... dönüklik hasaplap bormy? Aý, ýok! Ol burçdaky üsti kagyzdan gyrma çaklaňja stoljugyň ýanyna baryp, nama ýazmaga başlady. Birnäçe setir ýazyp, ony ýyrtdy hem-de täzesini ýazdy. Gaýtalap okady hem-de oýa çümdi. Soňra bukja alyp, salgysyny ýazdy: «Polkownik Edaýa, Port-Berdok».
Göze ilmezek Kempiň bukjany edil ýelimläp duran mahaly ukudan turdy. Ol keýpi bozuk halda oýandy, ähli çykýan sese, gymyldy-herekete durşy bilen gulaga öwrülip diň salýan Kemp ýokarda, dynç alynýan otagdaky aldajy düňküldili aýak sesini eşitdi. Soňra düňderilen oturgyjyň sesi hem-de döwlen bulguryň jaňkyldysyny eşitdi. Kemp ýokaryk alňasady hem-de sabryny suwa gaçyryp, ýatalga otagynyň gapysyny kakdy.

## XIX BAP

## KÄBIR ESASY ÝÖRELGELER

— Näme boldy? — diýip, Kemp Göze ilmezek özüni otaga salan mahaly sorady.
— Üýtgeşik bolan zat ýok — diýip, ol jogap berdi.
— Onda bu nämäň gohy?
— Gyzmalygyň tutgaýy — diýip, Göze ilmezek düşündirdi. — Elimiň agyrýanyny ýadymdan çykarypdyryn.
— Görýän welin, siziň birden-birden kejigibermegiňiz bar öýdýän.
— Hawa.
Kemp otagyň içinden geçdi-de, döwlen bulguryň bölejiklerini çöpledi.
— Siz barada indi bar zat mälim — diýip, Kemp sözüni dowam etdirdi. — Aýpingde, etekde, çaýhanajykda bolan wakalaň bary belli. Göze görünmezek kişiň bardygy dünýä jar boldy. Ýöne siziň bärdedigiňizi welin, hiç kim bilenok.
Göze ilmezek sögündi.
— Syryň üsti açyldy — diýip, Kemp dillendi. — Çakym çak bolsa, muň özi, syrdy ahyry? Näme niýetiňiziň bardygyny-ha bilemok, ýöne, elbetde, size kömek etmäge-hä taýýar.
Göze ilmezek krowatyň üstünde oturdy.
— Ýokarda ertirlik taýynlanyp goýuldy — diýip, Kemp arkaýyn, ine-gana gürlemäge çalyşdy, şu sözleri agzyndan sypdyran mahaly-da täsin myhmanyň höwes bilen ýerinden galanyny kaýyllyk bilen duýdy. Kemp ony daryşgan basgançak boýunça ýokarlygyna alyp gitdi.
— Ikimiziň haýsydyr bir zada başlamazymyzdan ötri — diýip, Kemp gürrüňini dowam etdirdi. — Özüňiziň nädip göze görünmezek bolanyňyzy jikme-jik bilesim gelýä.
Çakganlyk bilen aladaly nazaryny penjirä dikibem, Kemp uzak hem-de düýpli söhbetdeşlik garaşýan mysaly, ynjalykly ornaşdy. Serinde ýene başky pikir gaýmalap gitdi: şu bolýan zatlaryň ählisi şama-şaýyrdylyk, bolgusyzlyk — emma Griffine sereden badyna bu pikiri derhal dagap gitdi. Çünki kellesiz, elsiz halat stoluň başynda

otyrdy hem-de gudrat bilen howada duran desmalça bilen göze görünmeýän dodagyny süpürýärdi.
— Bu bir örän ýönekeý hem-de ap-aňsatjak — diýip, Griffin desmalçasyny bir gapdala goýdy hem-de göze görünmeýän elini göze görünmeýän kellesine diredi.
— Özüňiz üçin, elbetde, şeýledir, ýöne... — Kemp gülüp goýberdi.
— Aý hawa, meň üçinem ilki bu bir jadygöýlik ýaly göründi, ýöne häzir... Ýa Ýaradan Biribar! Ikimize beýik işler garaşýa. Şeýle pikir ilkinji gezek Çezilstouwda kelläme geldi.
— Çezilstouwda diýýäňizmi?
— Şo taýyk Londondan bardym. Näme diýseňizläň, men medisinany başymdan aýlap urdum-da, fizika bilen meşgullanyp başladym. Eşitmänmidiňiz? Ynha, şeýle-dä. Men ýagtylyk meselesine düýrmegim bilen berildim.
— Hä-ä!..
— **Optiki**[13] syzdyrmazlyk! Tutuş şu mesele — birgiden tapmaçalaň toplumy, şolaň arasyndan diňe ele salyp, tutup bolmaýan garjaşyk netije çykýa. Şo wagt bary-ýogy ýigrimi iki ýaşymdadym, hyjuw, höwes dolup-daşyp durdy, onsoň, öz-özüme şeýle diýdim: «Şu meselä ömrümi bagyş ederin. Bärde synag geçirmäge zat köp». Ýigrimi iki ýaşda nähili akmak-tokmak kelle bolunýanyny özüňizem bilýäňiz ahyry.
— Kim bilýä ony, belki, biz häzir hasam pekgediris — diýip, Kemp dillendi.
— Hamala, ylym-bilim ynsany kanagatlandyraýjak ýaly! Ýöne men şoňa düýrmegim bilen ýapyşdym hem-de jebir-jepa bilen, misli, gul kimin, işledim. Jan çeke-jan çeke, oýlana-oýlana ýarym ýyly geçirdim — ine, şonda bulaşyk, dumanly örtügiň aňyrsyndan göz gamaşdyryjy ýagtylyk ýaldyrap gitdi. Men **pigmentleň**[14] hem-de ýagtylygyň üýtgemeginiň, özgermeginiň umumy kanunyny tapdym — ol dört ölçegi öz içine alýan geometriýa aňlatmasynyň kesgitlemesi. Adaty adamlaň, hatda adaty matematikaçylaňňam kelleleri işlänok, olar molekulýar fizikasyny derňeýänler üçin umumy aňlatmanyň nähili ähmiýetiniň bolup biljegini gümanam edenoklar. Kitaplarda — şol sergezdanyň ogurlan kitaplarynda gudrat köki, örän täsin, jadylaýjy sanlar bar! Emma ol heniz gutarnykly usul, ugur däldi-de, şol usula, täre gözükdirip biljek pikirdi. Şu usulyň kömegi arkaly materiýanyň häsiýetlerini üýtgetmezden — aýry-aýry ýagdaýlarda reňki hasap etmezden — käbir gaty hem-de suwuk maddalaň üýtgemek koeffisiýentini (mynasybetini) howany üýtgetmek koeffisiýentine öwürmek mümkin bordy.
Kemp sygyryp goýberenini duýman galdy.
— Bu gaty täsin. Ýöne herhal maňa onçakly aýdyň däl... Şeýle tär bilen siziň gymmatbaha daşy haraplap bilmegiňiziň mümkindigine düşünýän, ýöne adamyny göze görünmez ýaly etmek welin, oňa çenli entek gaty daş.
— Elbetde — diýip, Griffin sözüni dowam etdirdi. — Ýöne oýlanyp görüň: göze görünmek göze görünýän jisimiň, ýagny bedeniň ýagtylygy kabul edişine, duýmagyna bagly. Geliň, gowusy, men başdan başlaýyn, şonda siz yzyna gowy düşünersiňiz. Siz jisimiň ýagtylygy ýa-ha özüne çekýändigini, ýa-da yzyna

[13] Optika — fizikanyň ýagtylygyň döremegini hem-de häsiýetlerini derňeýän bölümi (terj. bell.).
[14] Pigment — dokumalara reňk berýän madda (terj. bell.).

serpikdirýändigini, ýa-da ony üýtgedýändigini, ýa-da, belki-de, barysynyň bilelikdedigini gaty oňat bilýäňiz. Eger jisim ýagtylygy yzyna serpikdirmese, üýtgetmese, özüne çekmese, onda onuň öz-özi göze görünýän bolup bilmez. Ynha, mysal üçin, aýdaly, siziň dury bolmadyk, aňyrsy saýgartmaýan gyzyl gapyrjagy görýäniňiziň sebäbi — ol ýagtylygyň käbir ülşüni özüne çekýä hem-de galanlaryny, has anygyny aýdaňda, ähli gyzyl şöhleleri yzyna serpikdirýä. Beýewbar gapyrjak ýagtylygyň käbir ülşüni özüne çekmän, eýsem, ony tutuşlygyna yzyna serpikdirýän bolanlygynda, onda ol ýalpyldawuk, ap-ak bordy. Kümşi göz öňüne getirip görüň! Almaz gapyrjak ýagtylygy köp özüne çekmezdi, şonuň bilen birlikde-de onuň üsti ýagtylygy az yzyna serpikdirerdi, emma aýry-aýry ýerlerde, tekizligiň ýerleşişine baglylykda, ýagtylyk yzyna serpigerdi hem-de üýtgärdi, bizem şonda ýagtylygyň skeletine meňzeş lowurdyly yza serpikmeleň hem-de dury tekizlikleň ýalpyldaýan kerebini görerdik. Aýna gapyrjagyny almaz gapyrjagy ýaly şeýle aýyl-saýyl görmegimiziň sebäbi, onda yzyna serpikdiriji tekizlikleň hem-de üýtgeme häsiýetleriniň azlygy üçindir. Niçik, düşnüklimi? Belli nukdaý nazaryndan şeýle gapyrjak dury bolar; käbir aýnalaň görnüşi beýlekilere garaňda has dury görünýä; adaty penjire aýnasyna seredeňde hrustal gapyrjak beter ýalpyldap görner. Köregräk yşykda öte ýuka adaty aýna gapyrjagy saýgarmak gaty kyn düşerdi, çünki şeýle aýna gapyrjak hiç hili şöhleleri özüne çekmeýä diýen ýaly, ol ýagtylygy-da sähelçe yzyna serpikdirýä hem-de üýtgedýä. Bardy-geldi siz adaty aýna bölegini suwuň ýa-da, iň gowusy-ha, suwa garaňda has goýy nähilidir bir suwuklygyň içine salsaňyz, onda aýna saýgartmaz derejesine ýeter, çünki ýagtylyk suwdan aýna geçmek bilen üýtgeýä, juda gowşak serpigýä hem-de aslynda tas hiç hili täsire düşmeýä. Şeýle ýagdaýda aýna, edil uglekislotaň (kömür aşgary, kömür turşusy) akymy ýa-da howadaky wodorod (himiki element) ýaly göze görünmeýä. O-da şo sebäbe görä.

— Hawa — diýip, Kemp makullady. — Bulaň bary düşnükli. Häzir her bir mekdep okuwçysynyň bu zatlardan başy çykýa.

— Ynha, her bir okuwçyň başy çykaýjak ýene bir maglumat. Eger aýnany döwüp, owunjak edip uşatsaň, ol howada mese-mälim görner hem-de ap-ak bulançak külkä öwrüler. Muň şeýle bolmagynyň sebäbi, aýnaň külkä öwrülmegi üýtgemäň hem-de serpikmäň tekizlik sanyny artdyrýa. Aýna plastinkasynyň bary-ýogy iki sany ýüzi bar, külkede bolsa, her bir zerre üýtgeme tekizligi hem-de ýagtylygy serpikdiriji bolýa, ýagtylyk külkäň arasyndanam örän az geçýä. Ýöne beýewbar ap-ak aýna külkesini suwa dökseň, onda ol tas ýiteňkirläberýä. Aýna külkesiniň hem-de suwuň birmeňzeş diýen ýaly üýtgeme ýagdaýy bar, ýagtylygam bir şertden beýlekä geçen mahaly üýtgemeýärem, yzyna serpikmeýärem diýen ýaly. Siz aýnany takmynan deň derejeräk ýagdaýda üýtgeýän suwuklygyň içine salyp, ony göze görünmezek edýäňiz; eger islendik dury zady özi bilen deň derejede üýtgeýän şertde goýsaň, onda ol göze ilmezek bolýa. Eger siz sähelçe beýnä agram salyp oýlansaňyz, onda aýna külkesini howada-da göze görünmez ýaly edip boljagyna düşünersiňiz, ýöne diňe ondaky ýagtylygyň üýtgemek ýagdaýyny ýagtylygyň howadaky üýtgemek ýagdaýyna eltip bilmegi başaranlygyňyzda. Sebäbi şeýle ýagdaýda ýagtylygyň howadan külkä geçen mahaly ol yzyna-da serpikmez, üýtgemezem.

— Bulaň bary şeýle-le — diýip, Kemp sözüni dowam etdirdi. — Ýöne ynsan aýna külkesi däl-ä!

— Dogry — diýip, Griffin makullady. — Adam has dury.

— Büý-ä bir patarraky!

— Weý, lukman halyna aýdyp duran zatlaryny muň! Barysyny şeýle aňsatlyk bilen unudyp bormy! Eýsem-de bolsa, siz on ýylyň içinde fizikadan bilýänleňňiziň ählisini ýatdan çykaraýdyňyzmy? Hany oýlanyp görüň; bütinleý dury görünmeýän dury zatlaň, gör, näçesi bar? Mysal üçin, kagyz dury süýümden ybarat, onuň bize ak hem-de dury däl bolup görünýäniniň sebäbi owradylan aýnaň ak hem-de dury däl bolup görünýäniniň sebäbi bilen birmeňzeşdir. Ak kagyza ýag çyrşap görüň, kagyzyň ähli bölejikleriniň öýjüklerini şeýlebir mazaly ýaglap çykyň, şonda ýagtylygyň üýtgemesi hem-de serpikmesi diňe onuň ýüzünde bolup geçer, şeýlelikde, kagyzam aýna deýin dury bor. Diňe bir kagyz däl, eýsem, pagtaň, zygyryň, ýüňüň, agajyň süýümleri-de şeýle bor, şonuň ýaly-da — Kemp, bek belläp goýuň! — süňklerem, myşsalaram, saçlaram, dyrnaklaram, nerwlerem. Bir söz bilen aýdaňda, adamyň tutuş bedeni — gyzyl gan düwmejiklerinden hem-de saçlaň gara pigmentlerinden (dokumalara reňk berýän madda) başga — dury solgun öýjüklerden ybaratdyr; biziň birek-biregi görmegimiz üçin ynha şeýle az zat gerek. Janly jandarlaň öýjükleri, köplenç halatda, suwuň durulygyndan pes däl.

— Dogry, dogry — diýip, Kemp tassyklady. — Ýöne şu gije men deňiz liçinkalary hem-de meduzalar barada oýlanypdym!

— Ine-ine! Ahyry maňa düşündiňiz! Şulaň baryny bilýädim hem-de alty ýyl mundan ozal, Londondan gidenimden eýýäm bir ýyl soň ölçerip-döküpdim. Ýöne öz pikirim barada hiç kimiň ýanynda dil ýarmadym. Iňňän kyn şertlerde işlemeli boldum. Oliwer, meň professorym, ylymda içi güjüklidi, iliň pikirine gezek gelende açgözdi — ol mydama meň yzymda ysyrganar ýörerdi! Ylym dünýäsinde nähili kezzaplygyň höküm sürýänini bilýäňiz ahyry. Men öz açyşymy çap etmegi hem-de şöhraty onuň bilen bölüşesim gelenokdy. Işlemegimi dowam edýädim hem-de özümiň nazaryýet kesgitlemämi synaga, anyk tejribä öwürmäge has golaý gelip barýadym. Öz işlem barada hiç kimiň ýanynda pyşgyrmaýadym, öz açyşym bilen dünýäni aňk edesim hem-de bada-bat meşhurlyga ýetesim gelýädi. Men käbir ýetmezçilikleň üstüni dolmak üçin pigmentler baradaky mesele bilen meşgullanyp başladym. Birdenem, hakyt işim tötänden şowlap, fiziologiýa ugrundan açyş etdim oturyberdim.

— Bä, şeýlemi?

— Gany reňkleýän gyzyl madda size mälimmi? Ynha, şeýle: ol şol bir wagtyň özünde öz gurluşyny saklap ap-ak, reňksizem bolup bilýä!

Kemp haýran galmakdan ýaňa içki duýgusyny daşyna çykaranyny duýman galdy. Göze ilmezek ýerinden turdy hem-de daryşgan iş otagynda gezmelemäge başlady.

— Siz ör-gökden gelensiňiz, ýagdaýyňyza düşünýän. Şol gije gowy ýadymda. Wagt gaty gijigipdi — gündiz maňa agzyny öweldip äňedýän bisowat talyplar işlemäge päsgel berýädi, menem, onsoň, kädaýym daňdana çenli oturýadym. Bu açyş duýdansyz kellä geldi, özüniň doly ajaplygy hem-de gutarnyklylygy bilen peýda boldy. Meň bir özümdim, barlaghana ümsümlikdi, depämde çyralar lowurdap

ýanýady. Durmuşymdaky üýtgeşik, ähmiýetli pursatlarda mydama tenha-täk galýan. «Haýwanlary — onuň öýjüklerini — dury, aýna ýaly etmek mümkin! Ony göze görünmez ýaly etmek mümkin! Pigmentlerden öňňe ähli zady şeýdip bolýa. Men göze görünmezek bolup bilýän!». — Şeýle bilimi ele alyp, **albinos**[15] bolmagyň nämedigine birden düşünip, gygyryp goýberenimem duýmandyryn. Men serpmeden gaýdana dönüpdim. Süzgüçden geçirme bilen meşgullanmamy goýup, uly penjiräň ýanyna bardym. «Men göze görünmezek bolup bilýän» diýip, asman gümmezini dolduryp duran ýyldyzlara seredip durşuma gaýtaladym.

Şuny başarmagyň özi gözbagçylykdyr jadygöýligi ompa oturtmak diýmekdi. Onsoň, her bir şübheden, ikirjiňlenmeden azat-erkin halda göze görünmezligiň adama näme berip biljeginiň ajaýyp şekilini göz öňüne getirmäge durdum: syrlylyk, kuwwatlylyk, azatlyk. Muň çöwre tarapynyň pikirinem edemokdym. Oýlanyp görüň! Welaýat kollejinde sammyklary okadýan nalajedeýin, pukara assistent halyma çensiz-çaksyz güýçli, zor kişä öwrülip bilýän... Kemp, bardy-geldi ynha siz... Ynanaýyň, islendik biri şeýle açyşdan aslyşardy. Men ýene üç ýyl işledim, gaty kynlyk bilen ýeňil geçýän her bir päsgelçiligimden soň ýene täzesi döreýädi! Sansyz-sajaksyz ownuk-uşaklyklar, üstesine, bir dakyka-da dynçlyk ýok! Bu dar düşünjeli professoryňam gözi hemişe mende! Zol-zol ýürege düşüp iňňildeýä: «Ahow, siz indi haçan öz işiňizi çap edýäňiz?». Talyplaram üstesine dert, mätäçligem, goly ýukalygam! Üç ýyllap itiň gününi gördüm... Men üç ýyllap üznüksiz howsalaň astynda ýaşyryn işledim hem-de ahyrsoňunda öz tejribämi gutaryp bolmajagyna düşündim... Gutaryp bolmajagyna...

— Näme üçin? — diýip, Kemp sorady.

— Pul sebäpli... — diýip, Göze ilmezek penjireden seretmäge durdy.

Birdenem ol hyrra yzyna öwrüldi.

— Şonda men öz garrymy, mähriban kakamy taladym... Pulam onuň özüniňki däldi — iliňkidi, olam onsoň, özüni atdy.

## XX BAP

## GREÝT-PORTLEND-STRITDÄKI ÖÝDE

Kemp penjiräniň öňündäki başsyz gabaranyň arkasyna seredip durşuna bir dakyka dymyp oturdy. Soňam hyýalyna nähilidir bir pikir gelip, ziňkildäp gitdi, ýerinden dikeldi, Göze ilmezegiň elinden tutup, ony penjiräniň ýanyndan äkitdi.

— Siz ýadadyňyz — diýip, ol sözüniň üstüni ýetirdi. — Men-ä häliden bäri otyryn, siz bolsa, zol-zol eýläk-beýläk gatnap dursuňyz. Meň kürsimde oturyň.

Onuň özi Griffiniň hem-de golaýdaky äpişgäniň aralygynda oturdy.

Griffin kürsä çökdi, biraz dymdy, soňra uzaklaşman ýene gürläp başlady:

— Şu waka ýüz beren mahaly men Çezilstouwdaky kollej bilen hoşlaşdym. Bu geçen ýylyň dekabr aýynda bolupdy. Men Londonda bir otagy kireýne aldym, otag

[15] Albinos-albinizm — organizmiň normal reňkiniň ýoklugy (terj. bell.).

uludy, içinde hiç hili mebel ýokdy, bu ullakan, ugruna seredilmeýän öý Greýt-Portlend-stritdäki çola mähellede ýerleşýädi. Basym otag her dürli üýtgeşik-üýtgeşik enjamlardan doldy, olary kakamyň pullaryna satyn alypdym, şeýlelikde, maksada tarap üstünlikli öňe süýşüp, işlemegimi dowam etdim. Men gos-goýy okaraň içinden çykagetdin, birdenem haýsydyr bir bolgusyz, manysyz başagaýlyga, betbagtlyga çörňeşen adam ýalydym. Kakamyň patasyna gitdim. Süňňüm bilen öz tejribelemme gaplanamsoň, ýaman atly bolup galan kakamyň at-abraýyny goramak üçin ýatan çöpem galdyrmadym. Jaýlanyş dessury henizem ýadymda, arzan tabyt, içiňden-bagryňdan geçip barýan çapgyn ýelli howada eňňit depe bilen ýokarlygyna dyrmaşyp barýan pukaraja gölegçiler... Kakamyň köne uniwersitet ýoldaşy... naýynjar, ýüzi-gözi garört, dümewe ýolugan, bükülip giden goja ediläýmeli iň soňky dessurlary berjaý kyldy.

Gonamçylykdan gugaryp galan öýe dolanyp gelýänim ýadymda, bolýan ýerimiz birmahallar obaçylykdy, häzir welin elujundan täzeden gurlup, ýülmenip-suwalyp ýamalansoň, şähere meňzeş betnyşan bir zada öwrülipdi. Haýsy biri bilen ýöreseň, ýöräber, köçeleň ählisi gazym-gazym edilen meýdanlaň üstünden eltýädi hem-de çagyl üýşmegidir gür haşal otlaň arasynda ýitýädi. Ýalpyldap duran taýgançak ýol bilen ýöräp barýanym ýadyma düşýä — tutuksy gap-gara gabara — şonda şu içgysgynç, ýürek hopukdyryjy şäherjikde meni nähilidir bir üýtgeşik ýalňyzlyk duýgusy gaplap aldy.

Kakamyň ölümi meni birjik-de gynandyrmady. Men ony özüniň halyssalla sammyk ynanjaňlygynyň pidasy boldy diýip hasaplaýadym. Jaýlanyş dessurynda bolmagymy ikiýüzlüligimi bassyr-ýussur etmegim talap edýädi, hakykatda welin muňa ullakan baş galdyrybam duramokdym.

Ýöne esasy köçe bilen ýöräp barşyma, bir pursatlyk özümiň geçmişimi ýada saldym. Men on ýyl mundan ozal tanan gyzymy gördüm. Biziň göreçlemmiz gabatlaşdy...

Näme üçin öwrülenime hem-de gyz bilen gürleşenime özümem düşünmedim. Gyz iň bir ýönekeýden sadaja bir zat eken.

Özümiň köne mähriban öýümde bolan wagtlam düýş ýalydy. Şol wagt ýalňyzdygymy, durmuş gaýnap duran dünýäden gum-gukluk çölüstanlyga geçendigimi duýmaýadym. Daş-töwerege bolan gyzyklanmamy ýitirendigimi aňşyrýadym, ýöne muny aslynda durmuşyň manysyzlygynyň, boşdugynyň üstüne ýükleýädim. Öz kireýne alan otagyma dolanmak meň üçin ýene çyn hakykatyň bosagasyndan ätlemekdi. Bärde bilýän hem-de halaýan zatlammyň ählisi bardy: enjamlar, taýýar tejribeler. Indi tas bar päsgelçilikler ýeňlip geçiliberipdi, diňe käbir bölek-büçek zatlaň pikirini edäýmek galypdy.

Kemp, haçanam bolsa bir wagt şu ähli çylşyrymly ýagdaýlary size suratlandyryp bererin. Häzir jikme-jikliklere dolanyp durmalyň. Öz aňymda saklamagy dogry hasaplaýan käbir maglumatlardan başga bulaň bary, esasan, şol sergezdanyň ogurlap gaçan kitaplarynda şertli belgiler bilen ýazylan. Ikimiz ony gola salmaly. Biz şol kitaplary yzyna gaýtarmaly. Esasy mesele şundan ybaratdy: efir — howa hereketiniň iki sany ýagtylyk ýaýradyjy merkezinde dury bir predmeti ýerleşdirip, onuň üýtgeme mynasybetini — koeffisientini peseltmek gerekdi. O barada size soňrak gürrüň bererin. Ýok, bu rentgen şöhleleri däldi. Meň aýdýan şöhlelemmi kimdir biriniň

suratlandyryp-suratlandyrymanyny bilemok. Ýöne olar bar, özem şek-şübhesiz bar. Men iki sany kiçeňräk dinamo-maşynlary ulanýadym, olar arzan gaz bilen işleýän hereketlendirijiler arkaly aýlanýady. Özümiň ilkinji synagymy ak ýüň mata böleginde geçirdim. Şu ak ýumşak mataň, bug akymy deýin, ýuwaş-ýuwaş azalyp, soňam bütinleý ýitip gidişini synlamak juda geňdi!
Şuňa başaryp bilşime öz-özüm ynanamokdym. Men elimi boşluga sokdum, şonda ozalkysy ýaly şeýle galyň matany sermäp tapdym. Atdanlykda ony çekäýipdirin, olam ýere gaçdy. Ony bada-bat tapaýmadymam.
Şundan soň men ýene bir synag tejribesini geçirdim. Arkamdan mawlaýan ses geldi, yzyma gaňryldym welin, penjiräň aňyrsyndaky suw akýan turbada horja, mürtük, durşy bilen garagäz ap-ak pişigi gördüm. Birhili serim durlanyp gitdi. «Ahow, seň üçin bar zat taýýar» diýibem, penjiräň ýanyna geldim, ony açdym hem-de hoşamaýlyk bilen pişigi çagyrdym. Pişik myrlap, otaga girdi, görgülijik tas ajyndan ölen eken. Menem, onsoň, oňa süýt berdim. Ähli azyk-suwlugym burçdaky yşgapda saklanýady. Süýdi ýalap bolan pişik otagyň ähli künjüni ysgaşdyryp, gezmelemäge başlady — çaky, bäri indi täze ýaşajak ýerim bor diýen netijä gelipdir. Göze görünmeýän esgi ony ynjalykdan gaçyrdy — onuň nähili tyssyldaýşyny eşiden bir bolsadyňyz! Men ony özümiň eplenýän krowatymda örän oňaýly bolar ýaly ýagdaýda ýerleşdirdim. Öz-özüni ýalap-ýuwary ýaly ýag berdim.
— Sizem ony synaga goýduňyzmy?
— Hawa. Kemp, ýöne pişige däri-derman içiräýmek dilde aňsat! Garaz, synagym onçakly şowlamady.
— Beýle bir şowlamady diýýäňizmi?
— Iki ugur boýunça başa barmady. Birinjiden, dyrnaklary, ikinjidenem, pigment (dokumalara reňk berýän madda) — onuň adyny unudypdyryn — pişikleň gözüniň ýokarsyndaky zat, ýadyňyza düşýämi?
— Tapetum.
— Edil özi, tapetum. Şu pigment ýitenokdy. Pişige ganyň reňkini gaçyrmak üçin serişde goýberenimden soň, başga-da her dürli synaglar geçirdim, oňa meýmirediji serişde berdim, soňam ýatýan ýassygy-passygy bilen ony enjamyň ýanynda ýerleşdirdim. Bar zadyň reňki gaçyp ýitensoňam, iki sany kiçijik tegmil — onuň gözleri galdy.
— Beh, gaty geň!
— Muny düşündirip biljek däl. Elbetde, pişik hasa bilen saralandy hem-de daňlyp goýlandy, şonuň üçinem ol gaçyp gider gorkym ýokdy, ýöne, ynha, gözden gaýyplyga öwrüliş entek doly gutarmanka pişik oýandy-da, zaryn-zaryn mawlamaga başlady, edil şo pille-de gapy kakyldy. Gapyny kakýan aşakda ýaşaýan kempirdi, ol **wawiseksiýa**[16] bilen meşgullanýandyryn öýdüp, maňa müňkürlik edýädi. Özem içegendi, dünýäde şu pişikden başga hiç zady-da, hiç kimi-de ýokdy. Men derrew **hloroform**[17] ulandym. Pişigiň sesi sem boldy, gapyny çalarak açdym. «Pişik sizde mawladymy? — diýip, kempir sorady. — Meň pişigim bolaýmasyn şo?». «Siz ýalňyşypsyňyz, bärde pişigiň aýaktozam ýok» diýip, men juda mylakatly jogap

[16] Wawiseksiýa — ylmy maksat bilen janly haýwanyň içini ýaryp, açyp görme (terj. bel.).
[17] Hloroform — umumy narkoz üçin ulanylýan, düzüminde hlor saklanýan reňksiz suwuklyk (terj. bel.).

berdim. Ol sözüme onçakly ynanyp barmady hem-de içerik girmäge çytraşdy. Çaky oňa otagym geň görnen borly: ýalaňaç diwarlar, tutusyz penjireler, epleme krowat, işläp duran gaz hereketlendirijisi, enjamyň ýalpyldysy hem-de hloroformyň gowşagrak melul ediji ysy. Ol gören zatlaryndan kanagatlanyp, öz öýüne gitdi.

— Muň üçin näçe wagt gerek boldy? — diýip, Kemp sorady.

— Pişik bilen bagly synaga üç-dört sagat gitdi. Iň soňunda süňkleri, damarlary, ýaglary, şonuň ýaly-da, tüýüniň reňk degen gyljagazlarynyň uçjagazlary ýitirim boldy. Ýöne, hälem aýdyşym ýaly, gözüniň ýokarsyndaky reňkli ýorka ýitmedi.

Tejribämi tamamlan wagtym eýýäm gije düşüpdi; gözüniň ornundaky ümezläp duran tegmillerden hem-de dyrnaklardan başga hiç zat görnenokdy. Men hereketlendirijini togtatdym, pişigi sermeleşdirip-sypalaşdyrdym, janawar heniz doly özüne gelmändi, ony çözüp, göze görünmeýän ýassykda ýatyrdym, özümem, öler ýaly ýadaw bolamsoň, düşege gyşardym. Ýöne uklap bilmedim. Beýnide garjaşyk, başly-barat pikirler at salýady. Ýap-ýaňy geçiren synagymyň ähli jikme-jikliklerini gaýtalap-gaýtalap elekden geçirýädim ýa-da galagoply uka batýadym, göwnüme bolmasa, töweregimdäki ähli zatlar bulaşýan, ýaýrap gidýän ýalydy, ahyrsoňunda-da aýagymyň astyndaky ýer ýitip gidýä, menem nireleredir bir ýerik güwläp gidýän, beýle ýagdaýlar diňe erbet garabasmalarda bolýa... Gije sagat iki töwereklerinde pişik oýandy hem-de zaryn-zaryn mawlap, otagyň içinde iki-baka tasap başlady. Höre-köşe bilen ony rahatlandyrjak boldum, soňam kowmagyň kararyna geldim. Otluçöp çakan mahalym allaniçigsi bolanym häzirem ýadymda — men iki sany tes-tegelek ýanyp duran gözi gördüm — onuň töwereginde welin hiç zat ýokdy. Oňa süýt içiresim geldi, emma süýt gutaran eken. Pişik welin, ynjalar ýaly däldi, janawar gapyň agzynda oturyp, şol mawlap durdy. Penjireden çykaryp goýbermek üçin ony tutmaga çytraşdym, ýöne ele iler ýaly däldi, zol ýitirim bolýady. Otagyň bir bu künjünde, bir-de o künjünde mawlaýan sesi eşidilýädi. Ahyry penjiräni açyp otagyň içinde ikibaka pelesaň kakyp ugradym. Megerem, janawar haýykdy öýdýän, penjireden böküp çykyp gitdi. Şodur-da-şodur ony görmedimem, sesinem eşitmedim.

Soňam, Hudaý bilsin nämüçindigini, kakamyň jaýlanyşyny ýatlap ugradym, baýryň eňňidinden öwüsýän sowuk, çapgyn şemal... Şeýle alasarmyk ýagdaý daňdana çenli dowam etdi. Ýatyp bilmejegimi duýamsoň, ýerimden turdum, gapyny daşyndan gurup, säheriň asuda köçelerine gezmelemäge çykdym.

— Eýsem, siz häzire bu güne çenli şol göze görünmeýän pişik ýagty jahanda gezip ýörendir öýdýämisiňiz? — diýip, Kemp sorady.

— Eger öldürmedik bolsalar — diýip, Göze ilmezek jogap berdi. — Näme üçin gezmeli dälmiş?

— Dogrudanam, näme üçin gezmeli dälmiş? — diýip, Kemp gaýtalady hem-de ötünç sorady. — Gürrüňňizi bölenim üçin bagyşlaweriň.

— Çaky, janawary öldüren bolsalar gerek — diýip, Göze ilmezek sözüni dowam etdirdi. — Şondan dört gün geçenden soň-a ol diridi — şony-ha magat bilýän: megerem, pişik Greýt-Tiçfilu-stritdäki haýatyň astynda oturandyr, şo taýda-da mawlama sesiniň nireden gelýänine düşünmäge dyrjaşýan agzy öwelek mähelle bary üýşendir.

Ol az-owlak dymdy, soňra ýene çalt-çalt gürlemäge durdy:

— Şol günüň säheri juda gowy ýadymda. Men tutuş Greýt-Portlend-striti aýlanyp geçäýdim öýdýän. Olbeni-stritdäki harby bölümiň ýerleşýän jaýy hem-de şo ýerden çykyp gelýän atly esgerler ýadymda. Ahyrsoňunda-da Primroz-Hilliň depesinde peýda bolupdyryn; özümi bütinleý keselbent duýýadym. Ýanwaryň güneşli günüdi; şol ýyl entek gar ýagmandy, howa-da açykdy, aýazdy. Ýadaw halda ýagdaýdan uç tapmak üçin, etsem-petsemlemmi belertmek üçin ölçerip-döküädim.
Bir zada geň-taňlyk bilen göz ýetirdim: indi tas arzyly maksada ýeteňkirlän mahalym bu meni bütinleý begendirmeýädi. Çakdanaşa argynlyk basypdy; tas dört ýyllyk üznüksiz aldajy dartgynly işden soň, ähli duýgulam kütelipdi. Meni perwaýsyzlyk, sussupeslik gurşap alypdy, ilki işe başlamdaky hyjuw-joşgunymy gaýtaryp getirjek bolup, nahak çytraşýadym, açyşlara bolan yhlasly, okgunly höwesimi yzyna dolasym gelýädi, şolam maňa sowukganlylyk bilen garry kakamdan dynmaga güýç-kuwwat beripdi. Meň üçin dünýäň gyzygy gaçypdy. Ýöne munuň aşa sütünimiň süýnmeginiň hem-de ukusyzlygyň edýän wagtlaýyn oýnudygyna, däri-derman bolmasa-da, dynçlygyň meni ýene-de ozalky gujur-gaýratyma getirjekdigine ynanýadym.
Diňe bir zada anyk göz ýetirýädim: işi hökmany suratda soňuna çenli alyp çykmaly. Erkime goýmaýan pikir entegem beýnimi çokalap durdy. Özem muny, mümkingadar, çalt bitirmelidi, çünki eýýäm ähli pulumy harçlap gutaryp barýadym. Daş-töweregime ýaltaklap, oýnap ýören çagalara hem-de olara göz-gulak bolup ýören enekelere seredip, gaýyp adamyň görlüp-eşidilmedik artykmaçlyklardan peýdalanyp biljek mümkinçilikleri barada oýlanyp başladym. Öýe öwrülip geldim, az-owlak garbandym, strihniniň ep-esli mukdaryny içdim hem-de eşiklemmi çykarman bulam-bujar düşegiň üstüne geçip ýatdym. Kemp, strihnin güýç-gurbat berýän ajaýyp bir serişde, ol adamyň ruhy taýdan ejizlemegine maý bermeýä.
— Şeýtan oýnawajy — diýip, Kemp sözüniň yzyny sugşurdy. — Ol sizi ilkidurmuş ýabany adamsyna öwürýä ahyry.
— Men güýjüme güýç goşulanyny duýup, ukudan oýandym, ýöne süňňümde nähilidir bir galpyldy bar. Şeýle ýagdaýdan siziň habaryňyz barmy?
— Habarym bar.
— Kimdir biri gapyny kakdy. Ol uzyn çal sýurtukly hem-de ökjesi gyşaryp giden köwüşli garry polýak jöhidi, oý eýesidi, özem haýbat baryny atyp, üstümi soragdan gömdi. Gije pişigi gynapsyň diýip boýnuma goýjak bolýady; çaky kempir barysyny şugullap ýetişen borly. Ol nämäň-nämedigini özüne düşündirmegimi talap edýädi. Wiwiseksiýa kanun esasynda berk gadagançylyk girizilen, şondan ötri jogapkärçiligiň öz boýnuna düşmegi-de mümkin. Men hiç hili pişigiň ýokdugyny birsyhly ýanjaýadym. Şonda ol hereketlendirijiden gelýän gazyň ysynyň tutuş öýüň içini tutandygyny aýtdy. Elbetde, onuň bu diýýänleri bilen ylalaşdym. Ol otaga zyrpyldap girjek bolup, zol töweregimde köwejekleýädi, kümüş çarçuwaly äýneginiň içinden içerä jyklaýady, birdenem syrymyň üstüni açaýmasyn diýip gara janym galmady. Men öý eýesiniň hem-de enjamyň aralygynda durmaga howlukdym, ýöne beýle ýagdaý diňe onuň şübhesini artdyrdy. Men näme bilen meşgullanýan? Näme üçin mydama ýeke gezýän hem-de ilden gizlenýän? Nähilidir bir jenaýatly hereketler bilen meşgullanokmy? Bu hatarly dälmi? Men adaty jaý kireýinden başga hiç zat tölämok ahyry. Onuň öýi hiç haçan gep-gürrüňe ýakyn däldi, goňşy öýler welin, bu babatda

dili gysgady. Ahyry sabyr käsäm pürepürlendi. Onuň bärden garasyny saýlamagyny haýyş etdim. Ol närazylyk bildirdi, meň ýanyma islän wagty girmäge hukugynyň bardygy barada nämedir bir zatlary hüňürdäp başlady. Sähel salymam geçen däldir — onuň ýakasyndan ebşitläp tutdum... Nämedir bir zat jatyrdap ýyrtyldy, olam ok deýin dälize atylyp gitdi. Onuň yzyndan gapyny ýapdym, soňam gulpladym, durkum bilenem galdyrap, oturgyja çökdüm.
Öý eýesi gapyň aňyrsynda ýene-de birneme gopgun turuzdy, emma men oňa per bermedim, olam onsoň basym bärden gitdi.
Bu waka meni aýgytly hereketlere iterdi. Men onuň ne näme maksadynyň bardygyny, ne-de onuň näme etmäge hukugynyň bardygyny bilýädim. Başga jaýa göçmek işimde bökdençlik döretjekdi, bankda-da bary-ýogy ýigrimi funt pulum galypdy. Ýok, hiç hili süýrenjeňlige salyp biljek däldim. Gözden gaýyp bolmalymy! Şeýle meýil alyp-ýolup barýady. Ýöne şonda derňew başlar, otagymam talarlar...
Edip ýören işimiň aýan bolmagy ýa-da onuň tas gutaraňkyrlan mahaly gapbilinden üzülmegi baradaky pikir meni guduz açana dönderdi hem-de gujur-gaýratymy başky kaddyna getirdi. Özümiň üç jiltlik belliklem hem-de çek kitapçajygym bilen alňasak çykyp gitdim — indi bulaň bary şol sergezdanda galdy — hem-de olary ýakyndaky aragatnaşyk bölümine — Greýt-Portlend-stritdäki hatdyr beýleki gönderilen zatlaň saklanýan edarasyna iberdim. Men öýden, başaryp bildigimden, sessiz-üýnsüz çykmaga çalşypdym. Yzyma öwrülip gelen mahalym men öý eýesiniň basgançak bilen keramara galyp barýanyny gördüm — çaky, ol gapyny ýapyp duramda sesini eşiden borly. Basgançagyň aýtymynda yzyndan ýeten mahalym onuň nähili serpigenini gören bolsadyňyz, baý, gülüp-gülüp, kese ýykylardyňyz. Ol maňa şeýlebir otlukly nazaryny dikdi welin, gözlerinde oky bolsa atarlydy, ýöne men onuň duşundan ylgap geçdim hem-de otagyma atylyp düşdüm, gapyny şeýlebir tarkyldadyp ýapdym welin, nädersiň, tutuş öý sandyraýsa! Onuň köwşüni şarkyldadyp gapymyň agzyna zordan süýrenip gelenini eşitdim, şo taýda biraz durdy, soňra aşak düşdi. Men derhal synag tejribäme taýýarlanyp başladym.
Barysy şu agşamyň hem-de gijäniň dowamynda berjaý kylyndy. Ganymyň reňkini gaçyrmak üçin kabul eden däri-dermanlammyň netijesinde entek melul ýagdaýda gezip ýörkäm, kimdir biri gapyny kakdy. Soň gapy kakylmasy galdy, çybşyldy sesleri daşlaşdy, ýöne ynha ýene golaýlaşdy hem-de gapy kakylmasy gaýtalandy. Kimdir biri gapyň aşagyndan haýsydyr bir gök kagyzy sokjak bolýady. Sabyr käsäm doldy, böküp turdum, gapyň agzyna gelip, ony bütinleý açdym. «Ýeri, indi näme boldy?» diýip soradym.
Ol öý eýesi eken, otagdan çykarylýandygym baradamy ýa-da şoňa bir meňzeş mazmundaky duýduryş hatyny getiren eken. Maňa kagyzy uzatdy, ýöne meň elim ony geň galdyran borly, şonda ol ýüzüme äňetdi.
Bir dakyka töweregi agzyny öweldip durdy, soňam nähilidir bir düşnüksiz zatlary jynssyz gygyrdy, elindäki şemi hem-de kagyzy gaçyrdy, zol-zol büdräbem garaňky däliz bilen basgançaga tarap okduryldy. Men gapyny ýapdym, açar bilen gulpladym hem-de gözgiň (ýüz görülýän aýna) ýanyna bardym. Şonda onuň näme üçin allaniçigsi bolanyna düşünip galdym. Ýüzüm mermer ýaly ap-akdy.

Ýöne men beýle beter ejir çekmeli bolar öýdüp garaşmandym. Muň özi gaty edrençdi. Tutuş gijämi diýip-aýdyp bolmajak jebir-jepalar, ýürekbulanmalar, çaşyp-üýşmeler bilen geçirdim. Dişlemmi berk gysýadym, tutuş bedenim ot alan deý lowlaýady, ýöne merhum ýaly galman ýatyrdym. Ana, şonda-da pişigi hloroformalaýançam onuň näme üçin zaryn-zaryn mawlaýandygyna düşündim. Gara bagtyma hyzmatkärsiz ýaşaýadym. Aglap-eňrän, iňňildän, öz-özüm bilen gürleşen wagtlammam bolupdy. Ýöne baryna çekip-çydadym... Men özümden gidipdirin hem-de gijäň ýarynda halys gorum-gowşak halda oýanypdyryn.
Indi agyry-ynjy duýamokdym. Ölýändirin öýdüp pikir etdim, emma muňa bütinleý parhsyz garadym. Şol günüň säherini hiç haçan unutman, ellemmi gören mahalym aldajy gorky basanyny-da hiç ýadymdan çykarman, ellem misli çalymtyl aýna kimindi, howa ýagtyldygysaýy-da durdugyça durlanyp hem-de inçelip barýady, şondan ötri men ellemiň arasyndan, hatda özümiň dury gabaklammy ýumsam-da, otagda bitertip ýagdaýda dagap ýatan ähli zatlary görýädim. Bedenim aýnadan ýasalana döndüm, süňklem hem-de gan aýlanyş damarlam assa-ýuwaş solup ýitip gidýädi: iň soňundan inçejik nerw (degna) dokumalary ýitirim boldy. Men dişlemmi gyjyrdadýadym, ýöne soňuna çenli döz geldim... Ynha, indem diňe dyrnaklaň ap-ak solgun uçjagazlary hem-de barmakdaky nähilidir bir kislotaň goňur tegmili galdy.
Gaty kynlyk bilen düşegimden galdym. Gözüme görünmeýän aýaklam bilen ýere basamda birbada özümi emzikli bäbek ýaly gowşajyk duýdum. Juda ejizdim hem-de gyzyl açdym. Köplenç sakgalymy syramda ulanýan gözgimiň öňüne baramda, boşluga gözüm kaklyşdy, şo taýda gözüň ýagtylyk kabul edýän içki bardasynda entek dokumalara renk berýän maddaň ümezli yzlaryny çalarak saýgarmak mümkindi. Men stoluň gyrasyndan ýapyşdym-da, maňlaýymy gözgä degirdim.
Diňe özüme zor salyp, enjamyň ýanyna bardym hem-de erkime buýrup, synagy tamamladym.
Gözümi ýagtydan goramak üçin kellämi ýorgana sokup, günorta çenli ýatypdyryn; günortan çaglary ýene gapy kakylýan sese oýandym. Süňňüme güýç gelipdi. Oturyp, diň saldym, şonda pyşyrdy eşidildi. Böküp turdum hem-de şakyrdatman, enjamy sökmäge durdum, onuň gurnawynyň nämedigine düşünip bolmazy ýaly-da, her bölegi otagyň dürli burçuna dykyşdyrdym. Ýene gapy kakyldy, aňyrda ses köpeldi, ilki öý eýesiniň, soňam ýene iki sany nätanyş ses eşidildi. Wagt utmakdan ötri olara hä berdim. Elime göze görünmeýän esgidir ýassyk ildi, menem olary penjireden goňşy öýüň üçegine okladym. Äpişgäni açýan mahalym gapy gulagyňy gapara getirip şatyrdady. Çaky kimdir biri gulpy sograryn öýdüp gara güýjüni bir ýere jemläp, egni bilen gapyny iten borly. Şundan birnäçe gün öň öz elim bilen berkiden gapyň sürgüsi eýgerder ýaly däldi. Ýöne şeýdilip dyzalyp durulmasy meni howsala saldy hem-de ganymy gyzdyrdy. Süňňüm bilen sandyraklap, alňasaklyk bilen etjek işimi paýawlap barýadym.
Ýerde çaşyp ýatan bellik-ýazgylammyň garalamalaryny, az-owlak sypaly, dolamak üçin ulanylýan kagyzy hem-de şoňa meňzeş hapyr-hupury bir ýerik üýşürip, gazy açdym. Gapyny ýygy-ýygydan düňküldedip urup başladylar. Men teý otluçöpi tapyp bilmedim. Gaharyma bäs gelip bilmän diwary ýumruklap başladym. Men ýene-de gazyň şahjagazyny towlap ýapdym, penjireden goňşy jaýyň üçegine çykdym,

penjiräni gaty ýuwaşlyk bilen ýapyp, arkaýyn oturyberdim — hiç hili howp-hatar ýok, göze görnemok, gahardan ýaňa sabyr-takatymy ýitirip saňňyldaýadym. Men gapyň tagtasyny goparyşlaryny, soňam sürgin tutawajyny urup gaçyryşlaryny, otaga-da öý eýesidir ýigrimi üç-ýigrimi dört ýaşlaryndaky iki sany deşli ýigidiň, onuň öweý ogullarynyň girenini görüp durdum. Olaň yzysüresi aşakda ýaşaýan melgun kempir gybyrdyklap girdi.

Olaň otagyň gugaryp duranyny gören mahallary haýran galyşlaryny göz öňüne bir getirip görüň. Ýigitleň biri bada-bat penjirä tarap ylgady, ony açyp, töweregi synlamaga durdy. Onuň peträp duran gözleri bilen dodakman sakgallak mysalasynyň meň bilen aralygy iki sereden köp däldi. Bu akmak bedroý ýüze ýumruk bilen ýelmäsim gelip, halys içim byjyklap alyp barýady, bolsa-da, saklandym. Ol ýanyna gelen beýlekiler bilen birlikde gös-göni parran içimden aňryk seredip durdy. Goja otaga öwrüldi hem-de krowatyň aşagyna äňetdi, soňra hemmesi yşgaba tarap okduryldy. Şondan soňam olar Londonyň etekleriniň üýtgeşik aýdyşyk sözleri bilen ýahudylaň üýtgeşik aýdyşyk sözlerini garjaşdyryp, bolup geçen wakany joşup-joşuşyp, ara alyp maslahatlaşmaga durdular, olar gapy kakylan mahaly hä bermänimiň sebäbini meň öýde ýoklugym bilen düşündirdiler. Men öýdedir öýdüp özleri ýalňyş çak urupdyrlar. Gahar-gazabym üstün çykanyň üýtgeşik duýgusy bilen çalyşdy: men penjiräň aňyrsynda otyrdym hem-de bu dört kişiniň — pişik ýaly şübheli ýaltaklap, kempirem otaga giripdi — özümiň hereketlemmiň tapmaçasyny çözmäge çytraşyşlaryny parahatlyk bilen yzarlap otyrdym.

Gojanyň iki sany üýtgeşik aýdyşyk sözlerinden aň salşyma görä, kempir ikisi men wiwiseksiýa bilen meşgullanýan bolmaly diýşip bir çukura tüýkürýädi. Öweý ogullary çalgyrt iňlis dilinde muňa garşy çykyp, meň elektrotehnikdigimi tassyklaýadylar, subutnama hökmünde-de dinamo-maşynyna hem-de ýagtylyk ýaýradyjy enjama salgylanýadylar. Barysy dolanyp gelerimden ätiýaç edýädi, ýogsa, soň bilşime görä, olar oýe girilýän esasy gapyny gulplap goýan ekenler. Kempir yşgaby hem-de krowatyň aşagyny sermeleşdirip ýördi, basganҫagyň aýtymynda goňşulammyň biri göründi, ol meň otagymyň garşysynda gassap bilen bile bir otagda ýaşaýan köçelerde aýlanyp söwda edýän kişidi. Ony-da meň otagyma çagyrdylar hem-de oňa akyla sygmajak gürrüň köküni aýdyp berdiler.

Bardy-geldi meň enjamlam synçy hem-de üşükli hünärmeniň eline düşäýse, onda olar çakdanaşa köp zadyň üstüni açyp biler diýen pikir hyýalyma geldi; şonuň üçinem, pursat arap, çemini tapagetdin, otaga girdim, dinamo-maşynyny sökdüm hem-de enjamlaň ikisini-de döwdüm. Baý, şonda turandyr bir başagaýlyk! Muň nämedigini öz-özlerine düşündirmäge jan çekýän mahallary-da, otagdan çykdym-da, ses-selemsiz aşak düşdüm.

Men myhman kabul edilýän otaga girdim hem-de olaň gaýdyp gelerine garaşyp başladym; uzaklaşman geldilerem, entegem bolup geçen wakany ara alyp maslahatlaşýadylar hem-de onuň düşündirişini tapmaga dyrjaşýadylar. Hiç hili «äjit-mäjidiň» üstünden barmansoňlar, biraz lapykeç bolupdylar, şonuň bilen birlikde-de meň garşyma eden hereketleriniň kanunyň çägine sygýanyna-sygmaýanyna düşünip bilmän ýaman basga galypdylar. Olar aşak düşen badyna, bir guty otluçöp alyp, ýene-de öz otagyma bardym, kagyzdyr hapa-hupalary

ýakdym, oturgyçlary hem-de krowaty oda tarap süýşürdim, **guttaperçadan**[18] ýasalan inçejik turbajygyň kömegi arkaly gazy oda eltdim hem-de otag bilen hoşlaşdym.
— Siz öýi oda beräýdiňizmi? — diýip, Kemp gygyranyny duýman galdy.
— Hawa şeýtdim. Muň özi syry ýaşyrmagyň ýeke-täk serişdesidi, öý bolsa, gürrüňsiz, ätiýaçlandyrylandy... Men esasy girilýän gapyň sürgüsini çekdim hem-de köçä çykdym. Indi göze görünmezekdim, onuň özüm üçin nähili artykmaçlyklarynyň bardygyna diňe ýaňy düşünip ugrapdym. Beýnimde ýüzlerçe batyrgaý hem-de görlüp-eşidilmedik hyýaly meýiller döreýädi, jeza-temmiň özüm üçin ýatdygyna aň ýetirmekden ýaňa-da başym aýlanýady.

## XXI BAP

## OKSFODR-STRITDE

Ilkinji sapar basgançakdan düşüp barýakam duýdansyz bir kynçylyga sataşdym: asyl öz aýaklaňňy görmän ýöremek ýeňil-ýelpaý zadam däl eken, hatda birnäçe gezek büdredimem. Mundan başga-da gapyň sürgüsini çeken mahalym nähilidir bir adaty bolmadyk oňaýsyzlygy syzdym. Herhal, ýüzümi aşak bakmazdan, tizara tekiz ýerden bolşuna göräräk ýöremegi öwrendim.
Hälem bir ýaňzydyştm ýaly, keýpim göterilip, demim daş ýarýady. Men özümi batyllaň şäherinde ýumşak köwüşli hem-de ses-selemsiz eginbaşly gezmeläp ýören gözli adam ýaly duýýadym. Adamlaň üstünden gülesim gelip içim byjyklaýady — olary gorkuzasym, eginlerine kakasym, şlýapalaryny gaçyrasym, aslynda öz ýagdaýymyň üýtgeşik artykmaçlyklaryndan lezzet alasym gelýädi.
Ýöne ýaňybir Portlend-strite (men uly mata dükanynyň ýanynda ýaşaýadym) düşemde, birden jyňňyrdy eşidenimi hem-de ýagyrnyma güýçli zarba degenini duýup galdym. Yzyma öwrülsem, içimlik sodaly suwly sifonly (gazly ýa-da mineral suw üçin turbajykly gap) sebedi göterip gelýän hem-de özüniň ýüküne haýran galyp seredýän adamy gördüm. Zarba örän güýçlüdi, ýöne şol adam juda gülkünç, elem-tas görnensoň, hahahaýlanymy duýman galdym. «Sebediň içinde şeýtan otyr» diýdim-de, oslagsyz ýagdaýda onuň elinden sebedi garbap aldym. Ol boýun synyjylyk bilen sebedi sypdyrdy, menem ony ýokaryk göterdim.
Ýöne şu ýerde çaýhanaň gapysynda duran haýsydyr bir kelesaň paýtunçy ylgap gelip, sebedi aljak bolup, elini uzadan mahaly gulagymyň aşagyna degip, çydamaz derejede agyrtdy. Sebedi elimden gaçyrdym, ol alaşakyrdy, jaňňyrdy bilen paýtunçyň aýagynyň astyna düşdi, diňe goh-galmagalyň, dukanlardan çogup çykan adamlaň aýak sesiniň arasynda, sakga duran paýtunlaň arasynda nämeler goparanyma düşünip galdym. Özümiň tentekligimi näletläp, dükanyň penjiresine ýaplandym hem-de

[18] Guttaperça — kauçuga meňzeş maýyşgak madda (terj. bell.).

garma-gürmelikden duýdansyz çykmagyň çemine garaşyp ugradym. Tasdanam märekäň arasyna dykylypdym, şonda bardygym mälim boljakdy. Men et dükanyndaky oglanjygy itip goýberdim, hernä, bagtyma ol özüni boşlugyň itelänini duýman galdy, onsoň paýtunçyň paýtunynyň aňyrsynda bukuldym. Olaň bu wakaň ýumagyny nähili çözlänlerini bilemok. Men köçeden ylgap geçdim, Hudaýa şükür, o taýda paýtunlar ýok eken, gopan jeňjelden haýygybam, tä Oksford-strite ýetýänçäm, ýol seljermän, alňasaklyk bilen gitdim, o taýy agşam çaglary mydama köp adamly bolýa.

Men adam akymyna siňmäge çytpaşdym, emma märeke çakdanaşa gürdi, bir dakyka geçip-geçmänem ökjäme basyp ugradylar. Şonda suw akdyrylýan ýapjagazyň içine geçdim. Aýakýalaňaç ýöremek dabanyňy agyrdýady, bir dakyka geçip-geçmänkä-dä gapdalymdan geçip barýan paýtunyň arşy baýak sebediň agyrdan ýerine, kebzäme degdi. Eýdip-beýdip paýtundan bir ýana sowuldym, alňasak hereket edibem, çaga arabajygy bilen süsüşmekden sypdym hem-de haýsydyr bir paýtunyň yzynda syňsyraklap galdym. Şolam maňa bähbit boldy: haýal ýöräp barýan paýtunyň yzyndan bir ädimem galman ýöräp gidiberdim. Başdan geçirmelemmiň şeýle duýdansyz öwrüm etmegi hopukdyryp, kejikdirip başlady. Onsoňam, diňe bir ýüregime düşen wehimden däl, eýsem, sowukdan ýaňa-da saňňyldap ugradym. Ýanwaryň şol açyk gününde bütinleý ýalaňaçdym, daş düşelen köçäň ýukajyk palçyk ýüzi tas doňara gelipdi. Wah, kellämi işletmeýşimi, göze görünmeýän bolaýyn, göze görünýän bolaýyn, parhy ýok, barybir, howaň täsirine, sowuga çydamsyzdygymy hasaba almandyryn.

Şu ýerde-de kelläme ajaýyp bir pikir geldi. Öňe ylgadym-da, paýtuna mündüm. Sowukdan ýaňa gagşap, ýaňy başlan dümewiň alamatlaryndan, kebzämdäki agyrysy durdugyça zarbygýan möçükmedir sypjyryklardan howatyrlanyp, haýaljakdan Oksford-stritden, şondan soňam Tottenhem-Kort-rouddan gidip barýadym. Mundan on dakyka ozal öýden çykan keýpimiň soňuna sogan ekilipdi. Ine, seň göze ilmezekligiň netijesi! Meni diňe ýekeje pikir gyzyklandyrýady: düşen şeýle ýakymsyz ýagdaýymdan nädip gutulmaly?

Biz Mýudiň kitap dükanynyň duşundan geçip barýadyk; edil şu ýerde-de sary kagyza bir petde kitap dolanan boýy uzyn zenan münüp barýan paýtunymyň paýtunçysyny saklady, men zordan böküp ýetişdim, şonda neden at goşulýan demir ýol ulagynyň wagonynyň aşagyna düşüpdim. Men Blumsberi-skwere ýöneldim, şo taýdanam çola mähelleli ýerlere barmak üçin muzeýiň aňyrsyndan demirgazyga sowulmakçydym. Sowukdan ýaňa gatap galypdym, tagaşyksyz, ebeteýsiz ýagdaýyma ýüregim howlap, içim byjyklap halys alyp baransoň, gidip barşyma hamsygýadym. Blumsberi-skweriň burçunda Farmasewtika jemgyýetiniň edarasyndan akja gürji ylgap çykdy hem-de daş-töweregini ysyrganyp, derhal söbügime mündi.

Itiň burny adamyň gözi ýalydyr diýip ýatsam-tursam oýuma-da getiremokdym. Biz adamlary gözümiz bilen görýän bolsak, itler adamyň hereketini burunlary bilen duýýa. Ýigrentgi haýwan daşymda üýrüp hem-de böküp başlady, şeýtmek bilen ol bardygymy göz-görtele, mese-mälim duýdurýady. Zol-zol egnaşyr garanjaklap, Greýt-Rassel-striti geçdim, diňe Montegýu-strite siňip gidemsoň, özüme garşy nämäň gelýänini gördüm.

Sazyň güňleç sesi geldi, şonda Rassel-skwer tarapdan birgiden mähelläň süýşüp gelýänini seljerdim — gyzyl keltekçeler, öňde-de **Halas ediş goşunynyň tugy**[19]. Tutuş köçäni tutup gelýän märekäň arasyndan duýdansyz, bildirtmän geçip bolmajagyny bilýädim, yzyma öwrülmäge, hasam gyrak-bujaga çekilmäge-de gorkýadym. Şonuň üçinem bada-bat karara geldim: çakganlyk bilen gös-göni muzeýiň haýatynyň garşysyndaky ak tamyň basgançagyna çykdym hem-de mähelläň geçip giderine garaşyp duruberdim. Hernä bagtyma gürji sazyň sesini eşidip, üýrmesini goýdy, biraz ýaýdanjyrap durdy, soňam guýrugyny ýamzyna gysyp, yzyna, Blumsberi-skwere garşy yglap gitdi.

Jemende bokurdagyny ýirere getirip, senaň setirlerini sanap, golaýlaşyp gelýädi, sena özüm üçin ýaňsyly kakdyrma bolup eşidildi: «Ýüzün görüp bilermikäk biz onuň?». Märeke duşumdan şol geçip durdy, geçip durdy. «Gümp, gümp, gümp» edip deprek kakylýady, şu aralykda iki sany oglanjygyň edil ýanymda säginenini birbada duýmandyrynam. «Hana, o taýyk seret!» diýip, olaň biri dillendi. «Ýeri, näme?» diýip beýlekisi sorady. «Aýak yzlary. Aýakýalaňajyň aýak yzlary. Jorkuň içinden ýöräp geçen ýaly».

Men aşak äňetdim, oglanjyklar ap-akja, tämiz basgançaklardaky aýak yzlamma gözlerini tegeleşip seredýädiler. Ötegçiler olary känbir sylap durman iteleşdirip geçýädiler, oglanjyklar bolsa, hiç zady piňine alman, öz açyşlaryna gyzygyp, entegem ýanymda durdular. «Gümp, gümp, gümp, ýüzün görüp, gümp, bilermikäk biz onuň, gümp, gümp...». — «Ahow, çynymy aýdýan, kimdir biri şu basgançaga aýakýalaňaç çykypdyr — diýip, oglanjyklaň biri wüjürdeýädi. — Aşagam düşmändir, aýaklaryndanam gan akypdyr».

Ýöriş bilen barýanlar eýýäm gözden ýitipdi. «Seret, Ted, seret!» diýip, ýiti gözlüje aňtaýjylaň kiçisi halys haýran galmakdan ýaňa gös-göni aýaklamma ümläp gygyrdy. Men aşak bakdym hem-de hapaň erňegi suratlandyrylan aýaklammyň çalarak şekilini gördüm. Şonda sähel wagtlyk doňňara daşa öwrüldim.

«Al kakmyş! — diýip, oglanjyklaň tokarrajygy haýkyrdy. Me saňa gerek bolsa! Duz bar, bu bir arwah-jyn-la!». Biraz ikirjiňlenip durandan soň ol ýanyma golaý geldi hem-de elini uzatdy. Kimdir biri oglanjygyň näme tutjak bolýanyny görmek üçin

[19] Halas ediş goşunynyň baýdagy — Halas ediş goşuny 1865-nji ýylda Angliýada ruhany Uilýam But tarapyndan döredilen dini-haýyr-sahawat guramasy. Halas ediş goşuny harby esasda guralan, olarda general, serkerdeler bolupdyr, baýramçylyk ýörişlerini hem-de şuňa meňzeşleri geçiripdir (terj. bel.).

sakga durdy, soň bir gyzam geldi. Sähel sägindigim oglanjyk maňa elini degirjekdi. Şu ýerde-de nähiliräk hereket etmelidigine aň ýetirdim. Oglanjyk öňe ädim edip, gygyryp, bir gyra tesdi, men derhal germewden aşyp, goňşy öýüň bosagasyna geçdim. Ýöne oglanjyklaň körpesi hereketimi aňdy, onsoň, ýanýoda düşüp ýetişmezimden öňürti, ol az-owlak aljyraňňylykdan aýňaldy hem-de aýaklar germewden towsup geçdi diýip gygyrmaga başlady.
Bar kişi şo taýyk eňdi hem-de aşakky basgançaklarda-da, ýanýoda-da ýyldyrym çaltlygynda täze yzlaň peýda bolýanyny gördi.
«Näme boldy?» — diýip, kimdir biri sorady. «Hanha, aýaklar! Serediň! Aýaklar ylgap barýa!».
Mekgäme münüp gelýän üç sany kowguçydan başga ähli millet Halas ediji goşunyň yzyndan haýdap barýady, şu adam akymy-da diňe bir meni däl, eýsem, kowguçylary-da bökdeýädi. Dumly-duşdan sowal ýagýady hem-de geň galyjy sesler eşidilýädi. Men haýsydyr bir ýigdekçäni düňderip, Rassel-skweriň töwereginde ýazzyny berdim, bu ahwalata serpmeden gaýdana dönen altymy ýa-da ýedimi adam yzym bilen okdurylyp gelýädi. Hernä, bagtyma, olaň bu zatlary düşündirmäge wagty ýokdy, ýogsa, belki, tutuş jemende yzymda guýruktutdy bordy.
Men iki gezek burçlardan aýlanyp geçdim, üç sapar köçeden eýläk-beýläk geçip, şol ýol bilen yzyma dolanyp geldim. Aýaklam ýylapdy, gurapdy, indi öljümek yzlary galdyrmaýady. Ahyry çemini tapyp, elim bilen aýaklammy doly süpürdim hem-de şeýlelikde, gutarnykly gizlenip bildim. Kowgudan iň soňky gören zadym on sany adamyň toparlanyşyp, Tewistok-skwerdäki lüýkdäki ýuwaş-ýuwaş gurap barýan aýak yzlamma agyzlaryny öweldişip seredişip duruşlarydy. Ol Robinzon Kruzonyň ýeke-täk aýak yzynyň üstünden baryp, hiç zada düşünmän aňalyp galyşy ýaly bir zat bolupdy.
Şu gaçyşym özümi belli bir derejede ýylatdy, menem indi birneme keýpliräk ýagdaýda çola hem-de darajyk köçejikleň egri-bugry ýerleri bilen sepimi bildirmän geçiberdim. Ýagyrnym kül-owramdy, paýtunçyň urgusy zerarly, gulagymyň aşagy sorkuldaýady, ol tenimem mazaly dyrnaçaklapdy, aýaklam aldajy agyrýady, dabanymy kesdiremsoň keýtikleýädim. Bir batyl bende-de töweregime golaýlaşdy, hernä wagtynda görüp ýetişäýdim, onuň güýçli eşidiş üşüginden howatyrlanybam, tarsa bir gapdala çekildim. Birnäçe gezek ötegçiler bilen tötänden çaknyşmaly boldy; olar nireden eşidilýäni mälim bolmadyk sögünç seslerine başlary çaşyp, ör-gökden gelşip säginýärdiler. Soňam ýüzüme nähilidir bir ýumşak zadyň düşüp ugranyny syzdym, şonda daş-töweregimi ýukajyk gar örtügi basyp ugrady. Çaky üşäpdirin, sebäbi aram-aram asgyrýadym. Öňümden çykýan her bir it tumşugyny süýndürip, bilesigelijilik bilen aýaklammy ysgaşdyryp, ýüregimi ýarara getirýädi.

Soň duşumdan bir adam gykylyklap geçdi, onuň yzysüresi ýene biri, üçünji biri, bir dakyka geçip-geçmänem ululardyr çagalaň giden topary menden ozup başlady. Olar ýangyn bolýan ýere alňasaýadylar, meň öýüme tarap ylgap barýadylar. Darajyk köçejige ýetemde, üçekleň hem-de aragatnaşyk simleriniň üstünden göterilýän goýy tüssä gözüm kaklyşdy. Öz öýümiň ýanýanyna birjigem şübhelenemokdym; ähli eşiklem, enjamlar, şonuň ýaly-da, Greýt-Portlend-stritde özüme garaşyp duran çek kitapçajygymdan hem-de üç tom belliklemden başga bar emlägim şo taýda galypdy. Men öz «gämilemmi» oda beripdim — iň ygtybarlysy şudy! Tutuş öý lowlap ýanýady!

Göze ilmezek dymdy hem-de oýurgandy. Kemp howsala bilen penjirä seretdi.

— Ýeri, onsoň? — diýip, ol üşerildi. — Yzy nähili, aýdyberiň!

## XXII BAP

## DÜRLI-DÜMEN SATYLÝAN DÜKANDA

— Şunlukda, ýanwarda, gardyr syrgynda — gar üstümi basyrdygy, göze ildigimdi, üstümiň açyldygydy! — argyn, üşän, endam-janym syrkyrap duran, henizem özümiň göze görünmezliginiň artykmaçlyklaryna indi diňe ýarym-ýalta ynanýan ýagdaýda. —Öz elim bilen gaýran täze durmuşyma başladym. Meň ne barara gapym, ne ýaşaýyş üçin serişdäm bardy, ne-de tutuş dünýäde bil baglarym ýaly ýekeje-de adamym. Syryňy ýaýmak özüňiň geljek üçin ullakan etsem-goýsamlaňdan ýüz döndermegi aňladýady: meni del, üýtgeşik zat hökmünde görkezme esbabyna öwrerdiler. Şonda-da tasdanam haýsydyr bir geçip barýan ötegçiň ýanyna baragetdin, oňa boýun bolmagyň kararyna gelipdim. Emma şeýle synanyşygyň özüniň nähili aýylgançlygy hem-de nähili aldajy ýowuzlygy oýarjagyna gaty gowy düşünýädim. Häzirlikçe täze etsem-goýsamlamma el ýeter ýaly däldi. Diňe gardan gizlenmegiň, üstümi çolap, ýylynmagyň gaýgysyny edýädim — ana, şonda geljek barada oýlanyp boljakdy. Ýöne hatda meň üçin, göze görünmezek adam üçinem Londonyň gulply jaýlarynyň hatary sarsmaz galady.

Şonda diňe ýeke zada mese-mälim gözüm ýetip durdy: sowuk, öýsüz-öwzarlyk, gije gar syrgynynyň astynda geçirjek jebir-jepalam. Birdenem ajap bir pikir serime doldy. Men Gauer-stritden Tottenhem-Kort-rouda eltýän köçä sowuldym hem-de äpet «Omnium» dükanynyň öňünde peýda boldum — siz oňa belet bolmaly, o taýda satylmaýan zat ýok; et, iýgi-içgiler, ýogran-düşek-ýassyk daşlyklar, mebeller, egin-eşikler, hatda surat eserlerine çenli satylýa. Ol bir ýeke dükan däl-de, eýsem, dürli-dümen satylýan dükanjyklaň ägirt bir öwrüm-çöwrümi. Dükanyň gapylary açykdyr öýdüp umyt etdim, ýöne ýapyk eken. Girelgäň öňünde duran mahalym paýtun gelip durdy, şonda papagynda «Omnium» diýen ýazgyly, zolak goýlup tikilen

eginbaşly bosaga sakçysy gapyny açdy. Maňa duýdurman içerik girmek başartdy, birinji jaýdan geçip — bu lenta, ellik, jorap-sorap hem-de şoňa meňzeşleň satylýan bölümidi — has giň jaýa düşdüm, bärde sebetdir örme mebeller satylýady.
Herhal özümi doly howp-hatarsyz duýamokdym, sebäbi alyjylaň hümer däl wagty ýokdy. Men tä ýokarky gatdaky gaty uly bölüme düşýänçäm, birmeýdan dükanyň içinde selpedim, bu taýy durşy bilen krowat goýlup çykylandy. Ahyry bärdäki birgiden düşekçeleň arasynda özüme pena, gonalga tapyndym. Dükanda eýýäm çyra ýakylypdy, özem juda ýyljakdy; men gaçybatalgamda galmagyň kararyna geldim hemem mebel bölüminde eýläk-beýläk gezmeleşip ýören satyjydyr alyjylary nazarymdan sypdyrman, dükanyň ýapylaryna garaşýadym. «Hemmesi giden mahaly — diýip, men oýlanýadym. — Özüme garbanar ýaly-da, geýner ýaly-da zat taparyn, tutuş dükanyň içini aýlanyp, nämeleň bardygyny bilerin, belki, krowatlaň birinde ýatyp, dynjymam alaryn». Bu etsem-goýsamlam aňsatjak başa barjak ýaly göründi. Mazaly çolanarym ýaly eginbaş tapasym gelýädi, ýöne şol eşikler keşbimde üýtgeşik şübhe döretmeli däldi, puluň ugruna çykmalydym, poçta edarasyndan kitaplammy almalydym, niredendir bir ýerden kireýne otag tapmalydym, daş-töweregimdäki adamlardan öz artykmaç mümkinçiliklemmi peýdalanmagyň usullaryny ölçerip-dökmelidim, göze görünmezekligim şeýtmäge esas berýädi.
Dükanyň ýapylar wagty gaty çalt geldi; birgiden düşekçäň üstüne çykanyma bir sagadam geçen däldir, ine-de, dükanyň perdeleri aşak goýberildi, iň soňky alyjylary-da ugratdylar. Şunuň yzysüresi köpsanly ykjam ýaş-ýeleňler tekjeleň üstünde başly-barat ýatan harytlary görlüp-eşidilmedik çalasynlyk bilen ýygnaşdyrmaga başladylar. Jemende seýrekleşiberen uçurlary sürenimden çykdym hem-de usullyk bilen dükanyň esasy bölümlerine golaý bardym. Gündiz satuwa çykarylyp goýlan harytlary ýigitdir gyzlaň tutuş toparynyň üýtgeşik çakganlyk bilen ýygnaýşy haýran galdyrdy. Ähli karton gutular, matalar, gözenek-gözenek nagyşlar, konditer bölümindäki süýji nygmatly gutular, tekjelerde ýerleşdirilen her dürli zerur zatlar — şulaň bary ýygnaşdyrylýady, dolanýady hem-de ýörite saklanylyp goýulýady, aýryp-ýygnap bolmaýanlaryny-da nähilidir bir kendire meňzeş irimçik matadan dokalan örtük bilen basyrýadylar. Ahyry ähli kürsi kapasa münderlendi, aşakda hiç zat galmady. Ýaşlar öz işini bitirip, ýüz-gözleri ýylgyryp duran ýagdaýda gitmäge alňasadylar, şeýle keýpihon keşpli satyjylary hiç haçan görmändim. Soňra ýonuşgaly, bedreli, çotgaly birgiden ýetginjek peýda boldy. Olardan zol-zol sowulmaly bolýadym, ýöne şonda-da ýonuşga aýagyma degýädi. Garaňky, çola jaýlarda gezmeläp ýörkäm, çotgalaň şarkyldysy ýoňsuz wagtlap gulagyma ildi durdy. Ahyry dükan ýapylanyndan bir sagat gowrak geçensoň, gapylaň gulplanýan sesini eşitdim. Ümsümlik aralaşdy, eýläk-beýläk öwrüm-çöwrümli bölümleň, birgiden dälizleň arasynda bir özüm galdym. Bütinleý ses-selem ýokdy: Tottenhem-Kort-rouda tarap çykalgalaň biriniň duşundan geçip barýakam ötegçiň aýak sesini eşidenimem ýadymda.

Ilkinji nobatda jorapdyr ellikleri gören bölümime tarap ýöneldim. Öte garaňkydy, çaklaňja jaýjagazdaky gapyrjagyň içinden otluçöp gözläp, zordan tapdym. Ýöne entek şemem gola salmalydy. Şonda tekerleri çekişdirmeli, gapyrjakdyr gutulary dörüşdirmeli boldy, herhal ahyrsoňunda ýitigimi tapdym: şemler «Ýüň jalbarlar hem-de güpbüler» diýlip ýazylan gapyrjakda ýatan eken. Soň jorapdyr galyň ýüň şarf aldym-da, taýýar eşikler bölümine tarap gitdim, şo taýdan balak, ýumşajyk keltekçe, possun hem-de ruhanylaň geýýänine meňzeş giň etekli şlýapa aldym. Men ýene-de özümi adam saýdym hem-de ilki bilenem gara bokurdagyň ugruna çykdym.
Ýokarky gatda garbanalgahana bar eken, şo ýerde-de sowuk kakmajyň üstünden bardym. Kofe çäýnejiginiň içinde az-owlak kofe galypdyr, gazy ýakdym-da, ony gyzzyrdym. Mahlasy, ýagdaýym oňuşmazça däldi. Soňra ýorganyň gözlegine çykdym — ahyrynda-da birgiden per düşekçe bilen kanagatlanmaly boldum — hem-de süýji nygmatlar bölümine düşdüm, o ýerde üýşmek-üýşmek şokoladyň hem-de şekere ýatyrylan miweleň üstünden bardym, şolardan iýip-iýip, tas aşa düşüpdim. Gapdalda oýnawaçlar bölümi ýerleşýädi, şolaram ajap bir pikire atardy: men birnäçe ýasama burun tapdym — näme diýseňizläň, olar ýelim hem-de kagyzyň goýy daryndysyndan edilipdir — şo pille-de gara äýnek kellä geldi. Gynansak-da, bärde optika bölümi ýok eken. Ýöne meň üçin burnuň ähmiýeti juda uludy; ilkibada hatda grimiňem pikirini etdim. Ýasama burun elime düşensoň, ýasama saçlaň, nykaplaň hem-de ýene gaýrylaň hyýalyna mündüm. Ahyrsoňunda-da birgiden per düşegiň üstünde uklap galdym, şo taýy gaty ýylydy hem-de rahatdy.
Uka gidip barşyma başymdan şeýle görlüp-eşidilmedik öwrülişik geçeli bäri ýeke saparam özümi şunuň ýaly ajap duýmandym. Men doly ünji-aladasyz ýagdaýdadym, süňňüm bilenem gowulyga ýugrulandym. Ir bilen geýnip hem-de ýüzüme ak şarf orap, dükandan duýdurman çykaryn diýip umyt edýädim: soňam ogurlan puluma äýnek satyn alaryn, şunlukda-da, şaýymy tutmak gutarýady. Gije ýatyrkam soňky birnäçe günüň içinde başymdan geçen ähli geň-enaýy wakalar garym-gatym bolup düýşüme girdi. Düýşümde üstüme çöwjeýän ýahudy öý eýesini, onuň aňk-taňk bolup duran öweý ogullaryny, öz pişigini indäp ýören kempiriň gasyn-gasyn ýüzüni görýädim. Gözden gaýyp bolan ak matany göremde ýene-de üýtgeşik duýgyny başdan geçirdim. Soňam göbek ganym daman şäherjigim hem-de kakamyň guburynyň üstünde dümewlän garryja ruhanyň: «Toprakdan alyndyň, topraga-da tabşyryldyň» diýip wazzy-wuzzy edip durşy düýşüme girdi...
«Senem» — diýip, kimdir biriniň sesi geldi, birdenem meni mazara tarap süýräp alyp gitdiler. Men sypjak bolýadym, bagyrýadym, gabyr gazyjylara ýalbarýadym, emma olar sarsman durdular hem-de jynaza okalyşyny diňleýädiler; garryja ruhanam durman bir labyzda doga sanaýady hem-de diňe asgyran mahaly doga okamasynyň arasyny bölýädi. Olaň maňa barsyňam diýmän, diýýämiňem diýmän, herhal, geplerini gögerdýändiklerini aňyp durdum. Elimde baryny edip garşylyk görkezýänime garamazdan, meni gubura okladylar, ýykylyp gaýdyşyma tabyda gütläp degdim, depämden bolsa, gum sürüp ugradylar. Hiç kim bardygymy duýanokdy, hiç kim

bardygymy-da güman edenokdy. Men saňňyldap, çabalanmak-çabalandym — hemem oýandym.
Tutuksy London şapagy eýýäm gyzaryp başlapdy; penjireleň perdeleriniň arasyndaky yşlardan sowuklaç çal ýagtylyk syzyp geçýädi. Men oturdym hem-de demir sütünli, tekjeli, top-top mataly, birgiden ýorgandyr ýassykly äpet jaýyň nämedigine uzak wagtlap akyl ýetirip bilmedim. Soňam nirä düşenim aňymda aýlandy hem-de kimdir biriniň sesini eşitdim.
Aňyrrakdan, birneme ýagtyrak otagdan — çünki o taýdaky perdeler eýýäm syrylypdy — iki sany adam ýanyma golaýlap gelýädi. Nirede gizlenip boljagyň köýünde böküp ýerimden turdum, şu hereketimem syrymy açdy. Olar diňe çalasynlyk bilen gaýyp bolup barýan sudury görüp ýetişendirler öýdüp oýlandym. «Kim bar bärde?» — diýip, olaň biri gygyrdy. «Dur!» diýibem beýlekisi haýkyrdy. Men burçuň aňyrsyna öwrüldim hem-de on bäş ýaş töweregindäki horja jahyl bilen süsüşdim. Ýüzsüz gabaradygymy ýadyňyzdan çykarmaň! Ol wägirdi, men ony düňderdim-de, aňyrlygyna ylgap gitdim, ýene bir burçdan öwrüldim, şu ýerde-de kellä ajaýyp pikir geldi: men tekjäň aňyrsynda serlip ýatyberdim. Ýene bir dakyka geçendir — ana, şonda bosuşyp gelýän adamlaň aýak sesini eşitdim, dumly-duşdan: «Ýapyň, gapylary ýapyň!», «Näme boldy?» diýen galmagal eşidildi — meni nädip gola salmalydygy barada-da çar töwerekden maslahat ýagdy.
Gorkujagyma janym çykara gelen ýagdaýda ýerde ýatyrdym. Hernäçe geň-taň görünse-de, şo pille eşiklemmi çykarmaly diýen düşünje kelläme gelmändir, şeýtmek welin, dogrusy, itiň aňsadydy. Geýnüwli ýagdaýda gitmegiň kararyna gelipdim, beýnide şondan başga pikir ýokdy. Soňra kapasalaň arasyndaky uzyn geçelgede: «Ol bärde!» diýen ses eşidildi.
Böküp ýerimden turdum, kapasadaky oturgyjy gysymlap aldym hem-de ony ilkinji gygyran sammyga tarap dazlatdym, soňam gaçdym, burçuň aňyrsynda ýene biri bilen süsüşdim, onam bir gapdala pyzyp, basgançak bilen ýokarlygyna okduryldym. Ýaňky itip goýberenim aýak üstünde saklanmagy başardy hem-de haýkyryp, mekgäme mündi. Basgançagyň ýokarsynda ala-mula nagyşlanan gaplar — nämedir-ä şoň ady — münderlenilip goýlandy.
— Güldanlar — diýip, Kemp ýatlatdy.
— Hawa, hawa, güldanlar. Basgançagyň ýokarsynda sägindim, yzyma gaňryldym, birgiden güldanyň arasyndan birini aldym-da, ony ylgap gelýän sammygyň kellesine oklap goýberdim. Güldanlaň tutuş topbagy dargap gitdi, gyk-byklar köpeldi, dumly-duşdan dükanyň işgärleri çozdy. Men aldyranym bar ýaly, garbanalgahana eňdim. Ýöne o ýerde-de aşpeze meňzeş ak eşikli kimdir biri bar eken, olam söbügime düşdi. Men ähli zatdan rişdämi üzüp, iň soňky öwrüm etdim hem-de çyradyr ownuk haryt önümleri bölümine dazlap düşdüm. Kapasanyň aňyrsyna geçip, aşpeze garaşyp başladym. Ýaňky kowguçylaň öňünde görnen badyna oňa çyrany zyňdym. Ol ýykyldy, menem kapasaň aňyrsynda ýygrylyp, gyssanmaçlyk bilen üstümdäki eşikleri sypyryşdyrdym. Keltekçäni, jalbary, köwşi — bulaň baryny gaty çalt aýyrmak

başartdy, ýöne şu näletsiňmiş güpbi welin, edil öz tenim ýaly, ýapyşyp ýatyr. Aşpez gymyldy-hereketsiz ýatyrdy, ol ýa-ha urgyň zarbasyna seňseläpdi, ýa-da gorkujygyna özünden gidipdi, ýöne men güpür-tapyr seslerini eşitdim, kowgy golaýlaşdy, edil agaçlaň düýbünden ürküzilen towşan deýin ýene gaçyp gutulmalydym.

«Polismen, bärik!» — diýip, kimdir biri gygyrdy. Men ýene-de mebel bölümine düşdüm, onuň aýagujunda birgiden geýim yşgaby durdy. Özümi şolaň jümmüşine urdum, ýere ýazyldym, ýylanbalyk ýaly towlanybam, ahyry güpbüden dyndym. Burçdan polismendir dükanyň üç gullukçysy peýda bolan mahaly, demim demime ýetmän has-haslap hem-de gorkyma saňňyldap durşuma eýýäm ýalaňaç ýagdaýdadym. Olar gursakçadyr içki jalbara topuldylar, balakdan aslyşdylar. «Ol özüniň oljasyny taşlapdyr — diýip, dükançylaň biri dillendi. — Gitjek ýeri ýok, gürrüňsiz, şu töwereklerdedir».

Ýöne olar meni tapyp bilmedi.

Olaň özümi agtaryp ýörüşlerine seredip durşuma, işimiň oňuna düşmäni üçin ykbalymy näletleýädim, sebäbi, herhal, geýim-gejimden gatumyt galypdym. Soňra garbanalgahana baryp, az-owlak süýt içdim, diwar pejiň ýanynda oturybam, öz düşen ýagdaýymyň pikirini edip ugradym.

Basym iki sany satyjy geldi hem-de janygyşyp-janygyşyp, bolup geçen wakaň maslahatyny etmäge durdy. Olar durşy bilen patarraky urýadylar! Çilen zatlammy ösdürip-ösdürip aýdýadylar, nirä ýitirim bolanymy-da müň dürli çak urýadylar. Şundan soň men ýene-de indiki hereketlemmiň oý-hyýalyna batdym. Şu garma-gürmelikden soň, dükandan nämedir bir zady sypyrmak bütinleý mümkin däldi. Ilki gaplap, soňam şo düwünçegi nähilidir bir tär bilen ammardan ugradyp bolmazmyka diýen niýet bilen şo taýyk düşdüm, ýöne olaň barlag düzgünine düşünmedim. Sagat on bir töwerekleri dükanda galmak manysyz diýen netijä geldim, garam indi eräpdi, howa-da düýnküden maýylrakdy, şeýlelikde, köçä çykdym. Paltamyň daşa degenine içim ot alyp durdy, geljekki etsem-goýsamlammyň biçüwi-de ümürdäki ýaly bulaşykdy.

## XXIII BAP
## DRURI-LEÝNDE

— Indi siz meň ýagdaýymyň nähili bijaý, bähbitsiz bolanyny göz öňüne getirip bilersiňiz — diýip, Göze ilmezek gürrüňini dowam etdi. — Meň ne sümelgäm bardy, ne-de egin-eşigim. Geýinmek — özümiň ähli artykmaçlyklamdan ýüz öwürmekdi, geň-enaýy, aýylganç bir zada öwrülmekdi. Hiç zat iýmeýädim, çünki nahar iýmek, ýagny aşgazanyňy görnüp duran iýgi-içgiler bilen doldurmak, betnyşan ýagdaýda göze görünmegi aňladýady.

— Bu barada pikirem etmändirin — diýip, Kemp içini çekdi.

— Menem pikir etmändirin. Gar bolsa, başga howp-hatarlaň bardygyna-da gözümi açdyrdy. Gar ýagyp duran mahaly köçä çykyp bilemokdym: ol üstümi örtýädi, şeýlelik bilenem syrymy açýady. Ýagşam sepimi açjakdy, daşymy suw sudury bilen gallap, meni ýalpyldap duran gabara — pökgüje gaba öwürjekdi. Ümre näme diýjek? Ümürde-de bulanyk çüýşä, adamyň galybyna öwrüljekdim. Bulardan başga-da, Londonyň howa şertlerinde köçelerde entäp ýörkäm, aýaklammy hapalaýadym, şonda dabanyma gurumdyr kirşen ýapyşýady. Hapaň gaty çalt üstümi açjakdygyny bilmeýädim. Ýöne şol wagtyňam beýle bir uzakda däldigine açyk düşünýädim, çünki Londonyň howa şertlerinde şundan oňullyga garaşyp boljak däldi. Men Greýt-Portlend-strit sebitindäki çolarak ýerlere ýöneldim hem-de öňki ýaşan ýerime, köçäň soňuna düşdüm. Bu ýol bilen gitmedim, sebäbi elim bilen ýakan öýümiň henizem tüsseläp duran harabalyklarynyň ýanynda mähelle bary üýşüp durdy. Maňa hökmany suratda egin-eşik tamak zerurdy. Ýüzümi näme bilen örtjegimi bilemokdym. Şu pursadam ähli zat satylýan dükanjyklaň biri gözüme ildi: şo taýda gazetlerem, süýji nygmatlaram, oýnawaçlaram, kanselýariýa harytlaram, arça bezeglerem, ýene gaýrylaram bardy; men kapasada nykapdyr ýasama burunlaň giden bir sergisini gördüm. Bular meni ýene «Omniumdaky» oýnawaçlary gören mahalymdaky ýaly hyýaly serime getirdi. Indi belli bir maksat bilen yzyma öwrüldim, märekeli köçelerden gaça durup, Strendden demirgazyga tarap çola mähellelere tarap ýöneldim: nirededir şu ýerlerde-de teatryň eginbaşlara serenjam berýän kişileriniň birnäçesiniň özleriniň önümleriniň söwdasyny edýänleri ýadyma düşdi.
Şol gün sowukdy, demirgazykdan öwüsýän şemal içiňden-bagryňdan geçip barýady. Yzymdan süsäýmezleri ýaly, çalasyn ýöreýädim. Her bir çatryk meň üçin hatarlydy, her bir ötegçä hüşgärlik bilen seretmeli bolýadym. Bedford-stritiň gutaraýan ýerinde bir adamyň duşundan geçip barýan mahalym ol hyrra yzyna öwrüldi hem-de meni süsüp goýberdi welin, köçä ýykylyp, neden paýtunyň aşagyna düşüpdim. Golaýda duran paýtunçylar ýaňky adama zarba meňzeş bir zat bolandyr diýen netijä geldiler. Şu çaknyşyk maňa şeýlebir ýaramaz täsir etdi welin, men Kowent-Garden bazaryna bardym. Şo taýda, bir burçda, benewşe güllerini satýan dükanjygyň ýanynda daljygyp hem-de gorkudan ýaňa saňňyldap oturdym. Çaky gaty üşäpdirin, şonuň üçinem asgyryp-üsgürip, ünsi özüme çekdirmezlik maksady bilen bärden gaty tiz garamy saýlamaga mejbur boldum.
Ahyry gözleglemmiň maksadyna ýetdim — bu Druri-Leýniň ýanyndaky hapa, siňek bary gonup, yz eden dükanjykdy, onuň penjiresinde teatr eginbaşlary, ýasama altyn-kümüş şaýlar, ýasama saçlar, köwüşler, plaş görnüşli, ýeňil hem-de başlykly maskarad eginbaşy, aktýorlaň suratlary goýlandy. Dükan gadymkyjady, pessejikdi, garaňkydy, onuň üstünde-de ýene tutuksy, hopukdyryjy dört gat jaý salgym atyp durdy. Men penjireden jykladym, hiç kimi görmänem, içerik girdim. Jaňjagaz jyňňyrdady. Gapyny açyk goýdum, özüm bolsa, manekeniň gapdalyndan sümüldim hem-de burçdaky ullakan dikdurma gözgiň (ýüz görülýän aýna) aňyrsynda bukuldym.

Bir dakyka töweregi hiç kes gara bermedi. Soňra dükanyň içinde kimdir biriniň agyr-agyr basýan aýak seslerini eşitdim.
Men eýýäm etsem-goýsamlammyň donuny biçip goýupdym. Öýüň içine aralaşmagy, nirededir bir ýokarda gizlenmegi, amatly pursada garaşmagy, imi-salalyk aralaşan mahaly-da, özüme ýasama saçy, nykaby, penjek-balagy saýlamagy çaklaýadym, belki, juda bolgusyz, ýöne, herhal, çyna ýakynrak görnüşde-hä boljakdy. Gepiň gerdişine görä aýtsam, elime näçe pul ilse, şonçasyny-da göterip gitmegiň hyýalyna münüpdim.
Dükanyň eýesi maňlaýy çytyk, kiçijikden arryk, uzyndan tagaşyksyz elli, öte keltejikden gyşyk aýakly bir adamdy. Görnüşi ýaly, meň gelmegim ony nahar-nowadan bimaza edipdir. Ol dükana göz gezdirdi, hiç kimiň ýokdugyny görensoňam, ilki çak uran pikiri ters çykansoň, birbada ör-gökden geldi, soňam gahardan ýaňa ýüzüniň terzi bozulyp gitdi. «Hernä şu oglanjyklary ýer ýuwutsa bolmaýamy!» diýibem ol hüňürdemek-hüňürdedi. Soň köçä çykyp, daş-töweregine garanjaklady. Bir dakykadan soňam, öwrülip geldi, janynyň ýangyjyna-da aýagy bilen gapyny ýapdy, öz ýanyndan madyrdabam, öýüň içine gitdi.
Men onuň söbügine düşmek üçin gaçybatalgamdan çykdym, ýöne ol hereketimi eşidip, gazyga çüýlenen dek sägindi. Onuň gulaklarynyň eşitgirligine haýran galyp, menem kürtdürdim. Ol edil gözümiň öňünde gapyny ýapdy.
Alasarmyk ýagdaýda galdym. Birdenem onuň çalt-çalt ýöräp gelýän aýak sesini eşitdim, şonda ýene gapy açyldy. Ol dükany içgin synlamaga durdy: şundan çak ursaň, ol müňkürlikden heniz doly saplanaýmandyr. Soňam, ýene hälkisi ýaly madyrdabam, dükänyň iki tarapyna-da aýlanyp çykdy, şo taýda duran mebeliň aşagyna-da seredip gördi. Şunuň yzysüresi-de ätiýaçlylyk bilen ýaltaklap, daýandy. Ol gapyny açyk goýansoň, menem goňşy otaga sümlüp gitdim.
Bu horaşaja ornaşdyrylan üýtgeşik tamjagazdy, burçunda-da nykap köki üýşürilip goýlandy. Stoluň üstünde sowap giden nahar durdy. Ynanaýyň, Kemp, kofäň ysyny demiňe dartyp, onuňam nahara ýapyşmasyna ymsynyp seredip durmak maňa gaty kyn düşýädi. Çaky ol çümhörekdi, işdäsi tutulan ýaly iýýädi. Otagda üç gapy bardy, biri ýokaryk alyp gidýädi, beýleki ikisem — aşak, ýöne olaň bary gulpludy. Özi otagda mahaly şol ýerden çykybam bilmeýädim, onuň aldajy duýgurlygy sebäpli, hatda ýerimden gozganmaga-da howatyrlanýadym, ýagyrnymdan welin, şemal urýady. Tas iki sapar asgyrypdymam.
Üýtgeşikden-üýtgeşik, gyzyklydan-gyzykly duýgulary başdan geçirýädim, ýöne şonuň bilen birlikde, çekip-çydamaz derejedäki ýadawlygam syzýadym, öý eýesi ertirlik naharyny gutaryňça-da zordan çydadym. Ahyry ol garnyny gözedi, bolgusyzja gabyny-da üsti kofe içilýän çäýnekli gara demir mejmäň üstünde goýdy, saçagyň üstündäki ajy hurşuň hapalan owuntyjyklaryny ýygnaşdyryp, eli mejmeli gapa tarap ýöneldi. Elleri boş bolmansoň, hernäçe islemese-de, gapyny yzyndan ýapyp bilmedi. Gapyny ýapmagy şeýle gowy görýän adamy ömrümiň durkuna gören däldirin! Men onuň yzy bilen ýerzemine, hapa, garaňky aşhana düşdüm. Şo taýda-da onuň gap

ýuwşuna «heziller edip» seretdim, soňam, aşakda bolmagymyň bütinleý bimanydygyna düşünip — üstesine daş düşekdäki aýak yzlammam gurapdy — ýokaryk dolanyp bardym hem-de diwar pejiň ýanyndaky öý eýesiniň kürsüsinde oturdym. Ot söneňkirläp baransoň, men soňuny saýmazdan, oňa kömür okladym. Bu şakyr-şukur şo pille öý eýesiniň ünsüni çekdi, ol howsalaly ýagdaýda ylgaşlap geldi hem-de otagy agtaryşdyryp başlady, üstesine, bir sapar-a tasdanam maňa galtaşypdy. Emma şunuň ýaly çyny bilen barlaşdyrmagy-da, megerem, ony onçakly kanagatlandyrmadyk borly. Ol gapyň ýanynda sägindi, aşak düşmezden ötri-de, ýene bir ýola tutuş otagy ilikdüwme gözden geçirdi.
Men çaklaňja otagjykda, walla, bar ömrümi geçirene döndüm. Ahyry ol gaýdyp geldi hem-de ýokaryk barylýan gapyny açdy. Maňa-da onuň yzysüresi sümülmek başartdy.
Basgançakda ol sakga durdy, ana, şonda neden onuň üstüne gaýdýadym. Ol kellesini öwrüp, gös-göni ýüzüme äňedýädi hem-de dykgat bilen üşerilýädi. «Ant içmäge taýýar...» — diýip, ol dillendi. Uzyn tüýlek eli bilenem aşaky dodagyny sypalaşdyrýady. Onuň nazary basgançaga tarap dikilipdi. Ol nämedir bir zatlary hüňürdäp, ýokaryk çykyp ugrady.
Gapyň tutawajyna ýapyşansoňam, ol ýene-de ýüzüni hiç zada düşünmeýän ýagdaýda eňşedip sägindi. Ol meň hereketlemmiň şygyrdysyny aýyl-saýyl duýýan borly. Bu kişiň, megerem, eşidiş duýgusy gaty ýiti bolmaly. Birdenem ol guduz açana döndi. «Beýewbar kimdir biri öýe giren bolsa!..» — diýip, ol ýaglyja sögünip abaýlady, haýbatyny gutarmanam, elini jübüsine sokdy. O taýdan gözleýän zadyny tapmansoňam, alagüpürdi bolup duşumdan aşak eňdi. Ýöne men welin öý eýesiniň, yzyna düşmedim-de, basgançagyň ýokarsynda oturyp, onuň gelerine garaşyberdim.
Basym ol nämedir bir zatlary hüňürdäp, ýene-de öwrülip geldi. Gapyny açdy, ýöne girip ýetişmänkäm, edil gözümiň öňünde gapyny ýapyp ýetişdi.
Men öýi gözden geçirmegiň kararyna geldim hem-de, ýagdaý tapdygymdan, ýuwaşja hereket etmäge çalşyp, muň üçin belli bir wagtymy giderdim. Öý juda çagşandy, şeýlebir çygdy welin, diwar bezegi gopup gidipdi, üstesine, alakadanam doludy. Gapy tutawaçlarynyň tas barysy kynlyk bilen burulýady, şonuň üçinem olary ellemäge-de gorkýadym. Käbir otaglarda mebeliň ady-soram ýokdy, beýlekileri welin, daş görnüşinden çen tutsaň, elin kişiden däl-de, ikinji bir kişiden satyn alnan teatr köne-sanalaryndan dykylyp doldurylandy. Ýatalgahana bilen ýanaşyk çaklaňja otagda köne geýimleň üýşmeginiň üstünden bardym. Sabyr-kanagatymy ýitiribem, şolary dörüp ugradym, kellämiň gyzgynyna-da öý eýesiniň eşitgirligini unudypdyryn. Men ogrynça ädim basyp gelýän aýak seslerini eşitdim, tüýs wagtynda-da başymy galdyraýypdyryn: öý eýesi bosagada eli köneje sapançaly peýda boldy hem-de agdar-düňder edilen geýimleň üýşmegine nazaryny dikdi. Ol agzyny öweldip, müňkürlik bilen tä otagy doly gözden geçirinçä, duran ýerimden butnaman durdum: «Megerem, şo zenan bolsa gerek — diýip, ol samyrdady. — Hernä al kaksyn-da şony?». Ol gapyny sessiz-üýnsüz ýapdy hem-de derhal ony gulplady. Men onuň daşlaşyp barýan aýak seslerini eşidip galdym. Birdenem özümiň daşymdan gulplanylandygyma düşündim. Birbada ýaman aljyradym. Gapyň agzyndan penjiräň

ýanyna bardym, soňam yzyma geldim, näme etjegimi bilmänem duruberdim. Birhili guduzlap barýana döndüm. Ýöne, ilki bilen, eşigi barlamagyň kararyna geldim, ýokarky tekjedäki düwünçegi aşak düşürjek bolanymam şoldy welin, ýene öý eýesiniň ünsüni çekipdirin. Ol ozalkysyndanam beter ýüzüni gamaşdyryp geldi. Bu sapar ol maňa galtaşdy, yza tesdi hemem otagyň ortarasynda haýran galmakdan ýaňa agzyny öweldip duruberdi.

Basym ol birneme ynjaldy. «Alakalar öýdýän» — diýibem, barmagyny dodagyna degrip, çalarak gürledi. Men ses-selemsiz otagdan çykdym, ýöne, içiňi ýakaýyn diýen ýaly, poluň agajy jygyldaýdy. Şonda bu arwah sapançasyny gezäp, öýüň içini elek-soky etdi, şeýdip ýörşüne-de yzly-yzyna ähli gapyny ýapyşdyrýady hem-de açarlary jübülerinde gizleýädi. Onuň nämäň küýüne çykanyna düşünip, gaharym şeýlebir kekirdegime geldi welin, tasdanam amatly pursady elden gideripdim. Şonda tutuş öýüň içinde onuň ýeke özüdigini magat bildim. Şonuň üçinem hiç bir näzini çekip durmazdan, onuň depesine berdim.

— Depesine beräýdiňizmi? — diýip, Kemp gygyranyny duýman galdy.

— Hawa, aşak düşüp barýan mahaly seňseletdim. Basgançagyň aýtymynda duran oturgyç bilen depesine berdim; ol içi köne köwüşli halta kimin aşak togalanyp gitdi.

— Ýöne, bagyşlaň, bu nähili beýle bolýa, hany, bärde adamkärçilik...

— Adamkärçilik diýen düşünje adaty adamlara mahsus. Düşüniň ahyr, Kemp, men her edip-hesip edip, şu öýden geýnüwli çykmalydym, şonuň bilen birlikde-de öý eýesi-de meni görmeli däldi. Başga usuly oýlap tapyp bilmedim. Soňra Lýudowik Ondördünjiň eýýamynyň jiltgesi bilenem agzyny ýapdym hem-de ony ýukajyk düşege dolap daňdym.

— Düşege daňaýdyňyzmy?

— Ondan düwünçege meňzeş bir zat ýasadym. Bu işigaýdan tentegi gorkuzmak hem-de ony gygyrmakdan, hereketden mahrum etmek üçin iň ýagşy usul, şol düwünçekden çykaýmak ýeňil-ýelpaý işem däl. Gadyrdan Kemp, maňa ganhora sereden ýaly aňkaryp oturmagyň geregi ýok. Onuň elinde sapançasy bardy ahyry. Bardy-geldi göräýenliginde, onda ol meni nyşana alyp bilerdi...

— Ýöne, her niçik bolsa-da... — diýip, Kemp sözüni dowam etdirdi. — Angliýada, özem biziň döwrümizde... Onsoňam, ol görgüsi ýaman öz öýündedi ahyry, a siz bolsa... siz talaňçylyk etdiňiz?

— Talaňçylyk diýdiňizmi? Hudaý bilsin oň nämedigini! Görýän welin, maňa ogry-jümrem diýesiňiz gelip dur. Kemp, köne heňiňize tutdurar ýaly siz beýle sammykdyr öýdemok. Eýsem-de bolsa, meň ýagdaýymyň nähilidigine düşünesiňiz gelenokmy?

— Düşünýän. Ýöne öý eýesem-ä hezil eden däldir! — diýip, Kemp jogap berdi.

Göze ilmezek çakganlyk bilen böküp turdy.

— Näme diýdiňiz? — diýip, ol nekirtläp sorady.

Kempiň ýüz-gözi gamaşyp gitdi. Ol ýüregindäkini daşyna çykarasy geldi, ýöne saklandy.

— Aslynda welin... — diýip, ol gürrüňiniň hörpüni üýtgedip gürledi. — Dogrusy, size başga alajam galmandyr. Çykgynsyz ýagdaýda galypsyňyz. Şeýle-de bolsa...

— Elbetde, çykgynsyz ýagdaýdadym, onda-da aýylganç ýagdaýdadym! Walla, küýkem meni guduzlama derejesine ýetirdi: tutuş öýüň içinde kowalady ýördi, bolgusyz sapançasy bilen ýüregimi ýarara getirdi, gapylaram bir açdy, bir ýapdy durdy... Muňa çekip-çydar ýaly däldi! Siz meni ýazgaraňzok gerek, şeýlemi? Ýazgaraňzok gerek?
— Men hiç haçan hiç kimi ýazgaramok — diýip, Kemp jogap berdi. — Beýtmek indi bütinleý kadadan çykyp barýa. Ýogsa-da, soň näme işlediňiz?
— Men gyzyl açdym. Aşakdan tegelek çörek hem-de birazam ajymtygrak kakýan peýnir tapdym, şolaram maňa doýumlyk boldy. Soňam suw içdim hem-de ýuka düşek bilen düwünçek edilip daňlan öý eýesiniň duşundan geçip — ol gymyldaman ýatyrdy — köne-küşül eşikli otaga bardym. Tor nagyşly kirli tuty tutulan bu otagyň penjiresi köçä çykýady. Seresaplylyk bilen daşaryk jykladym. Güneşli gündi, meň bolýan hopukdyryjy tutuksy öýüm bilen deňeşdireňde, köçe gözüňi gamaşdyryp barýan ýiti ýagtydy. Köçe juda märekelidi: üsti miweli tigirçekler, paýtunlar, birgiden gapyrjakly ýük daşaýan arabakeş, balyk söwdagäriniň arabasy. Gözlem gamaşyp gidensoň, alagaraňky tekjelere öwrülip geldim. Içki howsalam gaýdyşdy, men öz ýagdaýyma sagdyn baha berdim. Otagda çalarak benzin ysy bardy, megerem, egin-eşik arassalanylanda ulanylýan borly.
Otagy birlaý gözden geçirmäge başladym. Çaky, küýki bu öýde köpden bäri ýeke ýaşaýan bolmaly. Juda täsin adam... Men özüme zerur bolar öýden zatlammyň barysyny penjek-balak üýşüp ýatan otaga topladym, soňam çynym bilen saýlap-seçip başladym. Özüme örän peýdaly bolaýjak hasaplan sanajy (саквояж), pudrany, gülgüne reňki hem-de ýelmeşegen matajygy tapdym.
Ilkibada ýüzüm görner ýaly ony reňkläýin hem-de pudralaýyn diýen netijä geldim, ýöne şeýtsem gaty oňaýsyzlygyň dörejegine bada-bat akyl ýetirdim: gaýtadan göze görünmezligim üçin skipidar hem-de käbir beýleki serişdeler gerek boljakdy, munuň gaty köp wagty aljagynyň-a gürrüňi-de ýokdy. Ahyry biraz gülkünjräk nykaby saýlap aldym, dogrusy, ol köp adamlaň ýüz keşbinden ullakan bir tapawutlam däldi, şonuň ýaly-da, garamtyl äýnegi, çalaryp ugran sakgalsapyny hem-de ýasama saçy saýlap aldym. Içki geýim tapmadym, ýöne ony soňy bilen almak mümkindi, häzirlikçe bolsa, mytgaldan edilen ýeňiljek possuna hem-de ak ýumşak ýüň şarfa bürendim; jorap ýok ekeni, ýöne küýkiň köwşi laýygrak geldi. Kassada üç soweren bilen otuz kümüş şilling bardy, yşgaby döwübem, sekiz tylla funt tapdym. Şunuň ýaly ýagdaýda şaýymy tutup, ýene-de giň jahana çykyp biljekdim.
Şu ýerde-de böwrüme bükgüldi gitdi: daş keşbim, hakykatdanam, çyna meňzeşmikä? Men kiçijik gözgüde dykgat bilen özümi synladym, bir eýläk, bir beýläk öwrülip, anämedir bir zady nazarymdan sypdyran bolaýmaýyn diýip seretmek-seretdim. Göwnüme bolmasa, barysy ýerbe-ýer ýaly: syratym, elbetde, betnyşanrak, sahna oýnundaky dilegçä çalymdaş, ýöne umumy görnüşim oňuşmazça däl, onça-munça adamlar durmuşda bolýa. Biraz ynjalyp, gözgi bilen kapasa geçdim, tutulary goýberdim hem-de ýene özümi ullakan dikgi gözgüde ähli tarapdan synladym.
Men birnäçe dakyka etimi gataltdym, gaýrata galdym, ahyry gapyny açdym hem-de ýukajyk düşekde çolangy galan küýkini öz başyny özi çaramaga goýup, köçä

çykdym. Ilki her çatrykda burçuň aňyrsyna öwrülýädim. Daşky keşbim hiç kimiň ünsüni özüne çekmeýädi. Iň soňky päsgelçilikden ätläp geçen ýalydym.

Ol dymdy.

— Küýkini garawsyz galdyryp, başyňyzdan aýlap uraýypsyňyz-da onda? — diýip, Kemp sorady.

— Hawa, şeýtdim — diýip, Göze ilmezek jogap berdi. — Oňa näme bolanyny bilmedim. Megerem, ýukajyk düşegi çözendir, has dogrusy, ony ýyrtandyr. Men gaty berk daňypdym.

Ol ýene dymdy, ýerinden turup, penjireden seredip başlady.

— Ýeri, Strendden çykypsyňyz, soň nämeler boldy?

— Soňmy, wah, soň ýene lapym keç boldy! Görgi görüp ýörmelem gutarandyr öýtdüm. Eger diňe özümiň syrymy ýaýmasam, indi çem gelen zady, hiç bir garaw görmezden, edip bilerin diýip hyýalyma getirýädim. Göwnüme şeýle görünýädi. Soňuny saýmazdan, degene gözüm menden dälini edip biljekdim: gözden gaýyp bolmak üçinem eşiklemmi sypyraýmalydym. Hiç kim meni tutup biljek däl. Islän ýeriňdenem pul alyp boljak. Özüme birenaýy, üýtgeşik bir meýlis gurmagyň kararyna geldim, gowy myhmanhanada düşlemeli hem-de täze emlägiň ugruna çykmaly. Öz-özüme göwnüýetijiligimiň serhet-çägi ýokdy, hatda nähili eşşek ataly bolanymy ýatlamagam ýakymsyz. Men restorana bardym, özüme günortanlyk buýrup durşuma, birden ýüzümi açyp bilmän, garbanyp bilmejegime aň ýetirdim. Günortanlyk buýrup, hyzmat edýäne-de on dakykadan gelýän diýip guduzlana dönüp, daş çykdym. It ýaly aç halyňyza, Kemp, şunuň ýaly keýpiňize sogan dogralana dönen ýagdaýa düşüp göreniňizi-görmedigiňizi bilemok?

— Beýle ahwalata hiç haçan düşüp görmändim — diýip, Kemp sözüniň yzyny sugşurdy. — Ýöne şony doly göz öňüne-hä getirip bilýän.

— Men şol tentekleň ganyny gotura derman etmäge-de taýyndym. Ahyrsoňunda, açlykdan ýaňa halys surnugyp, başga bir restorana bardym hem-de aýratyn otagy talap etdim. «Ýüz-gözüm persala, görer ýaly däl — diýip, men düşündirdim. — Erbet ýaradar boldum». Hyzmat edýänler maňa geň galmak bilen seretdiler, ýöne, elbetde, sebäbini sorap durmaga aýgyt edip bilmediler, şunlukda, ahyry günortanlyk şamyny iýdim. Tagamlar aňrybaş däldi, ýöne garnymy welin, mazaly gözedim, soňam tüsseläp, indiki etsem-goýsamlammyň pikirine çümdüm. Howluda syrgyn turup başlapdy.

Kemp, näçe köp pikir etdigimçe, şonça-da göze görünmeýän adamyň çyg hem-de sowuk howada, uçursyz ösen şäherde nähili nalajedeýin hem-de ebeteýsizdigine anyk düşünip ugradym. Özümiň paýhassyz synagymdan ozal gözümiň öňünde hertaraplaýyn artykmaçlyklar janlanýady. Indi welin gözüme gowy zatlar görnenokdy. Men adamyň arzuw edip biläýjek ähli zatlaryny aňymda aýladym. Dogry, göze görünmezligiň üsti bilen gaty köp bähbide ýetip bolýady, ýöne şol bähbitlerden haýyr görmäge mümkinçilik bermeýädi. Şöhratparazlykmy, ada çapmaklykmy? Ýöne eger şoňa ýeten gizlenmäge mejbur bolýan bolsa, onda şo derejeden ne peýda? Eger zenan söýgüsi **Dalilaňky**[20] ýaly boljak bolsa, ondanam bir

[20] Dalila — Rowaýata görä Samsona dönüklik eden zenan. Özüniň gözelligi bilen oňa ömürlik söýgüsini, wepalylygyny bildirýär. Ägirt güýjüniň syryny bilibem, Dalila Samsony onuň duşmanlaryna satýar (terj. bel.).

söýgi bormy? Meni ne syýasat, ne bolgusyz meşhurlyk, ne haýyr-sahawatlylyk, ne-de sport gyzyklandyrýa. Maňa başga näme galýa? Nämäň hatyrasyna gundagyň içindäki nämälimlige — syra öwrüldimkäm, şeýdibem durşy bilen bürenen, kellesi hasa bilen saralan gülkünç adama öwrüldim.

Ol dymdy, özem penjirä seredýän ýaly bolup duýuldy.

— Aýpinge nädip düşüp ýörsüňiz? — diýip, Kemp gürrüňiň arasyny üzmezlik üçin sorady.

— O taýyk işlemäge gitdim. Şo wagt mende umyt uçguny döräpdi. Indi şo pikir bişipdi. Öňki ýagdaýa dolanyp gelmek. Özüme zerur bolan halatynda öwrülip gelmek, ilki göze görünmeýäň mahalym islän zadymy etmeli, soň şol pikiri amala aşyrmaly. Şu babatda-da ilkinji nobatda siz bilen gürleşmegim gerek.

— Siz gös-göni Aýpinge gitdiňizmi?

— Hawa. Özümiň bellik eden ýazgylammy hem-de çek kitapjygymy aldym, içki geýimlemdir ähli gerek şaýlammy edindim, **reaktiwleri**[21] buýurdym, şolar arkaly öz maksatlammy amala aşyrmak isledim (kitaplammy alan badyma ähli çykaran hasaplammy size görkezerin) hem-de şo ýerik ötägitdim. Eý, Hudaý, şeýlebir syrgyn boldy, özümiň näletsiňmiş ýogyn, berk, dykyz kagyz burnumyň gardan ezilmezi ýaly ony goramak görgi ýamanyny görkezdi!

— Eger gazetlerdäki habarlardan çen tutsaň — diýip, Kemp gürrüňini dowam etdirdi. — Üstüňiziň açylan üçünji güni siz az-owlak...

— Hawa, az-owlak... Ýogsa-da, şol kelesaň poliseýi tükgerdäýdimmikäm?

— Ýok — diýip, Kemp jogap berdi. — Ol gutulyp ugrapdyr diýip gürrüň edýäler.

— Diýmek, bagty getiripdir. Men bütinleý guduzladym. Sammyklar diýsänim! Näme üçin maňa süýkenýäler? Ýeri, şol berebekgeý dükança näme gerek diýsene?

— Ýasy ýanyňyz ýerde bolsun. Şolaň arasynda janyndan jyda düşjegi ýok — diýip, Kemp janykdy.

— Meň sergezdanym babatda aýdaňda bolsa — diýip, Göze ilmezek kinaýa gatyşykly janyýangynlylyk bilen gürledi. — Oňa näme boljagy entek näbelli. Duz bar, Kemp, siziň şu häsiýetiňiz bilen guduzlamaň nämedigine düşünmersiňiz! Uzak ýyllar jepa çekýäň, oýlap tapýaň, etsem-goýsamlaňňy ölçerip-dökýäň, ana, şonda-da haýsydyr bir beýnisi çaşgyn kütek tüntaw ýoluňa böwet bolýa! Dünýädäki bar bolan her jüre sammyklar maňa päsgel bermäge çalyşýadylar. Beýewbar ýene şuň ýaly dowam etjek bolsa, onda gutarnykly guduz açaryn hem-de olary birýanujundan pytradyp başlaryn. Şolar zerarly indi ähli zat müň esse kynaldy.

— Hakykatdanam, höwes eder ýaly ýagdaýyňyz-a ýok — diýip, Kemp sowuk-sala dillendi.

## XXIV BAP

## BAŞA BARMADYK MAKSAT-HYÝALLAR

— Ýeri — diýip, Kemp penjirä nazaryny dikip gürledi. — Indi biz näme ederis?

[21] Reaktiw — himiki reaksiýa geçirmek üçin ulanylýan jisim (terj. bel.).

Ol, göwnüne bolmasa, depe bilen çakdanaşa haýal ýokarlygyna galyp barýan üç adamynyň öňüni Göze ilmezekden gabzamak üçin oňa golaý süýşdi.

— Port-Berdokda niçik hyýala münüpdiňiz? Siziň nähilidir bir etsem-goýsamlaňňyz barmy?

— Serhetden aşaýma meýlim bardy. Ýöne size duşamdan soň, niýetimi üýtgetdim. Sebäbi ýylandym, indi göze görünmeýän bolmak ýeňilleşdi, özüm üçin iň amatlysy günorta tarapa gitmek diýip pikir etdim. Bar syrym açyldy ahyry, bärde bar kişi nykaply, bürenen adamy aňtap başlar. Şu ýerden Fransiýa bilen gämi gatnawy bar. Haýsydyr bir gämä münüp, şo ýere aşmaga täwekgellik edip bor diýip oýlandym. Fransiýadan bolsa demir ýol bilen Ispaniýa ýa-da hatda Aljire gidip bilerdim. Şeýtmek kyn bolup durmazdy. Şo taýda ýylboýy göze görünmän oňup bolýa. Şol sergezdany-da özümiň puldur kitaplammyň göçme ammaryma öwrerdim, ýagny pulam, kitaplammam poçta arkaly ibermegi ýola goýynçam.

— Düşnükli.

— Birdenem şo mahluk meň emlägimden baýamak isledi! Kemp, ol kitaplammy ogurlady! Kitaplammy! Elime bir iläýsedi şo!..

— Ilkinji nobatda ondan kitaplary almaly.

— Wah, ony nireden tapjak? Eýsem, siz şony bilýäňizmi?

— Ol şäherdäki polisiýa edarasynda daşy gulply ýagdaýda, özem şo taýdaky iň çola türme kamerada: şeýtmegi özi haýyş eden.

— Nejis! — diýip, Göze ilmezek janyndan syzdyryp gürledi.

— Bu biziň etsem-goýsamlammyzy biraz bozýa.

— Kitaplary gola salaýmaly, olar zerur gerek.

— Elbetde, — diýip, Kemp howludaky aýak seslerine üşerilip durşuna ylalaşdy. — Elbetde, kitaplary hökmany suratda gola salmaly. Bardy-geldi ol kitaplary siz üçin talap edilýänini aňmasa, şeýtmek kyn düşmez.

— Hak gürrüň — diýip, Göze ilmezek pikire çümdi.

Kemp gürrüňi dowam etdirjek bolup çytraşsa-da, başa barmady, ýöne şu ýerde Göze ilmezegiň özi gepläp başlaýdy:

Kemp, indi siziň öýüňize düşen mahalym ähli maksat-hyýallam üýtgeýä. Siz maňa düşünmegi başaryp biljek adam. Kitaplaň elden gidendigine, syrymyň açylandygyna, şunça bolup geçen wakalara hem-de başymdan geçen zatlara garamazdan, entek köp iş, gaty köp iş etmek mümkin... Men barada hiç kime aýdan dälsiňiz-ä? — diýip, ol oslagsyz ýerden sorag berdi.

Kemp birbada sägindi.

— Men söz berdim ahyry — diýibem janykdy.

— Hiç kime aýdaňzok gerek? — diýip, Griffin gaýtalap sorady.

— Ýekeje adama-da aýdamok.

— Oň ýaly bolsa... — Göze ilmezek ör turdy hem-de ellerini jübüsine sokup, otagda ikiýana ýöremäge durdy. — Kemp, hawa, ýalňyş iş edipdirin, bir özüm şuňa baş goşup, gaty uly ýalňyş goýberipdirin. Bar azabym, wagtym, mümkinçiliklem puç bolup çykdy. Bir özüm... Geň zat, ýöne adamyň bir özi nähili gowşak, nalajedeýin bolýan eken! Ownuk ogurlyk, dawa-jenjel — wessalam, jüt tamam.

Maňa düşelge gerek, Kemp, maňa özüme kömek etjek, meni gizlejek adam gerek, maňa hiç kime şübhe döretmezden iýer-içer, ýatar ýaly hem-de dynç alar ýaly rahat ýer gerek. Mahlasy, maňa şärik, ýaran gerek. Şonda bar zat mümkin bor. Henize deňiç oýlanyşyksyz hereket etdim. Indi ikimiz göze görünmezekligiň ähli peýdasyny, şonuň ýaly-da, ähli kynçylygyny bişireris. Ogryn diň salmak, gep diňlemek hem-de şoňa meňzeşler — bulaň bary netijesiz: sebäbi seňem bardygyň mälim bolýa. Ogurlyk kömek edýä — ýöne olam onçakly däl. Meni gola salmak kyn bolsa-da, ýöne tutansoňlar, türmä dykmak itiň aňsady. Gaçmaly bolanda ýa-da, tersine, bukdaklap barmaly bolanda göze görünmezligiň haýry bar. Diýmek, göze ilmezeklik biriniň ganyna galmaly bolnanda bähbitli. Adam nähili ýaragly bolsa-bolaýsyn, men iň ahmal, aňsat goragsyz ýerini ýeňillik bilen tapmagy başararyn, uramsoňam, islän ýerimde bukulybam bilerin, nähili gaçmalydygymy-da bilerin.
Kemp murtuny sypady. Aşakda kimdir biriniň aýak sesi gelýän ýaly boldy.
— Kemp, biz ganhorluk bilen meşgullanmaly.
— Ganhorluk bilen meşgullanmaly — diýip, Kemp gaýtalady. — Griffin, men sizi diňleýän, ýöne, muň özi, ylalaşýandygymy aňladanok. Näme üçin biz ganojak bolmalymyşyk?
— Bimany ganojak bolmaly däl-de, eýsem, oýlanyşykly çemeleşmeli. Ýagdaý, ynha, şeýleräk: olar Göze ilmezegiň bardygyny bilýäler, şony ikimizden kem bilenoklar. Şol Göze ilmezegem, Kemp, elheder aldyrmaly. Elbetde, siz geň galansyňyz. Ýöne oýun edemok: elheder aldyrmaly. Göze ilmezek haýsydyr bir şäheri, iň bolmanda, şu siziň Berdogyňyzy ele almaly, elheder aldyrmaly hem-de ähli kişini, her bir kimsäni öz erkine boýun egdirmeli. Ol buýruklaryny çykarmaly. Şeýtmegiň müň-de bir tär-usuly bar, aýdaly, gapylaň aşagyna bir tagta kagyz sokmaly. Kimdir biri-de boýun bolmazlyga milt edäýse, onda ol penakäri bilen birlikde temmisini alar.
— Hm... — diýip, Kemp Griffiniň aýdýanlaryna däl-de, aşakda açylýan gapynyň jygyldysyna has köpräk diň salyp hüňürdedi. — Griffin, men-ä şeýle pikir edýän — diýip, ol üns bilen diňleýänsireýänden bolmaga çytraşdy. — Siziň şärigiňiziň, ýaranyňyzyň ýagdaýy-hä ýeňil-ýelpaý bolmaz.
— Siziň meň ýaranymdygymy hiç kim bilmez — diýip, Göze ilmezek janygyp-janygyp, garşy çykdy hem-de sakga sägindi. — Hany, duruň, o taýda näme bolýa?
— Hiç zadam bolanok — diýip, Kemp dillendi hem-de birden gaty-gaty hem-de çalt-çalt gürledi. — Griffin, men-ä siz bilen ylalaşyp biljek däl. Düşüniň ahyr, ylalaşyp biljek däl. Utuljagyň öňünden görnüp duran oýny oýnamak nämä gerek? Ýerden ýeke çykan ýaly bolmaly däl. Açyşyňyzy çap ediň: eger bu barada tutuş dünýä gürrüň beresiňiz gelse, onda, ony iň bolmanda, öz ýurduňyza beri ýetiriň. Oýlanyp görüň, million kömekçi bilen siz nähili zatlary başaryp bilerdiňiz...
Göze ilmezek Kempiň sözüni kesdi.
— Basgançakdan aýak sesleri gelýä — diýip, ol pyşyrdap elini galdyrdy.
— Aý, ýok, bolup bilmez — diýip, Kemp, jogap berdi. — Häzir göräýeris.
Göze ilmezek gapa tarap gadam urdy. Kemp sähelçe ýaýdanyp durdy-da, ylgap, onuň öňüni kesdi. Göze ilmezek, ziňkildäp, sägindi.

— Dönük! — diýip, Göze ilmezek gygyrdy, şo barmana-da haladyň ilikleri ýazdyryldy. Göze ilmezek kürsä okdurylyp, eşiklerini çykarmaga durdy. Kemp alňasaklyk bilen gapa tarap birnäçe ädim etdi, Göze ilmezegem şo pilläniň özünde — onuň aýaklary eýýäm görnenokdy — gykylyklap, ýerinden turdy. Kemp gapyny giňden açdy.
Aşakdan adam sesi hem-de aýaklaryň dükürdisi mese-mälim eşidilýärdi.
Kemp Göze ilmezegi itip goýberdi-de, dälize çykyp, gapyny ýapdy. Açar gapynyň daşyndan öňünden oturdylyp goýlupdy. Göz açyp-ýumasy salymyň içinde-de Griffin otagda daşyndan gurulgy ýagdaýda ýeke özi galaýmalydy. Ýöne tötänligiň oýny bilen bu iş başa barmady. Irden howul-hara oturdylan açar gapa zor salnansoň, atylyp çykdy hem-de halynyň üstüne gütläp düşdi.
Kempiň ýüzüne öliniň reňki urdy. Iki eli bilen tutawaçdan ýapyşyp, ol bar güýji bilen gapyny saklamaga dyrjaşýardy. Şeýtmek oňa sähel wagt başartdam. Soň gapy bir sere töweregi açyldy, ol gapyny ýene çalasynlyk bilen ýapdy. Indiki sapar gapy silkinip, iki garyş dagy açyldy, şonda yşgalaňdan halat sokulyp başlady. Göze görünmeýän barmaklar Kempiň bokurdagyna ýapyşdy, onsoň, ol özüni goramak üçin gapynyň tutawajyny sypdyrmaly boldy. Kemp yza tesdirildi, agdaryldy hem-de güýç bilen burça zyňyldy. Boş halat onuň üstüne düşdi.
Basgançakda Berdok polisiýasynyň ýolbaşçysy polkownik Edaý durdy, Kemp şoňa hat iberipdi. Ol oslagsyz ýerden peýda bolan Kempe hem-de howada boş galgap ýören geýim-gejime elheder alyp seredýärdi. Polkownik Kempi nähili düňderenlerini, onuň kynlyk bilen dikelenini, bir ädim ädibem, ýene ýere ýykylanyny görüpdi.
Birden onuň özünem nämedir bir zat golçuldadyp goýberdi. Zarba boşlukdan çykypdy! Üstüne, hamala, juda bir agyr güýç ýapyşan ýaly boldy. Kimdir biriniň barmaklary bokurdagyny gysdy, kimdir biriniň dyzy gasygyna degdi, şundan soňam ol basgançakdan kelemenläp gaýtdy. Göze görünmeýän aýak onuň ýagyrnysyna basdy, kimdir biri basgançak bilen aýakýalaňaç şypbyldap gitdi; aşakda, dalanda poliseýleriň ikisi-de wägirip, gaçyp gitdi, girelge gapysy şakyrdap ýapyldy.
Polkownik Edaý ýatan ýerinden dikelip oturdy, aňsyz gözleri bilenem daş-töwereklerine ýaltaklady. Kemp tijegsiz, üsti-başy hapa bulanan ýagdaýda entrekläp, aşak düşüp gelýärdi; ugry zerarly ýaňagy ap-ak bolupdy, dodagyndan gan syrygýardy, elinde-de halat hem-de beýleki egin-eşikler bardy.
— Gaçdy! — diýip, Kemp gygyrdy. — Iş pyrryk. Gaçdy!

## XXV Bap

## Göze ilmezegiň aňtawynda

Edaý Kempiň üzlem-saplam gürrüňinden hiç zat düşünip bilmedi. Ikisi-de basgançakdady, Kemp henizem Griffinden galan geýimi elinde saklap durdy. Ahyry Edaý bolup geçen wakanyň manysyna düşünip başlady.

— Oň akyly üýtgäpdir — diýip, Kemp howlukmaç gürledi. — Ol ynsan däl-de, wagşy. Diňe özüni bilýä. Öz bähbidinden hem-de howpsuzlygyndan başga hiç zady hasap edenok. Şu gün gürrüňini diňledim — rehim-şepagatsyz kişi... Häzirlikçe diňe adamlary möçükdirýä. Beýewbar ony gola salmasak, adamlary tükgertmekdenem gaýtmaz. Ol başagaýlyk goparar. Öňünde duran özüň bolma. Ine, indem ol erkinlikde, gahardan ýaňa-da guduzlapdyr!
— Bir zat düşnükli: ony tutmaly — diýip, Edaý dillendi.
— Ýöne nädip tutjak? — diýip, Kemp gygyrdy-da, birdenem ýaryldy. — Häziriň özünde çäre görmeli. Griffiniň şu jelegaýlardan çykyp gitmezligi üçin ähli kişini aýaga galdyrmaly. Ýogsa, ol ýurt söküp, adamlary urup-ýenjip, janyny alar. Ol başagaýlyk turuzmagyň köýünde! Düşünýäňizmi, siz: başagaýlyk goparmagyň! Siz demir ýollarynda, şaýollarynda, gämilerde gözegçiligi ýola goýmalysyňyz. Goşuny çagyryň. Onuň gaçyp gitmezligine ýeke-täk umyt bar, bärde bellikli ýazgylary galdy, maksady her edip-hesip edip, şolary ele salmak. Muny size soň düşündirerin. Polisiýa müdirligiňizde Marwel diýen bir kimse otyr...
— Bilýän — diýip, Edaý jogap berdi. — Kitaplarmy, şeýle dälmi. Ýöne ol-a bir ygyp ýören sergezdanlaý...
— Kitaplaň özündedigini boýun alanokmy. Emma Göze ilmezeg-ä şolary Marweliň gizlänine ynanýa. Iň esasy-da, Göze ilmezege iýip-içmäge, ýatyp-turmaga maý bermeli däl. Adamlar gündizem, gije-de uklaman, onuň garbanara hiç hili hörek tapmazy ýaly garawul durmalydyr. Bar zat ýapylgy bolmalydyr. Ähli öý bagly durmalydyr! Hudaý jan, hernä sowukdyr ýagyş bolawersin! Ony aňtamaga uludan-kiçä hemme kişi gatnaşmalydyr! Düşüniň, Edaý, ony hökmany suratda tutaýmaly! Ýogsa, biziň başymyza san-sajaksyz bela-beter iner, dogrusy, şoň pikirini etmegem gorkuly.
— Biz şoň ýalam hereket ederis — diýip, Edaý, gürrüňiniň yzyny ýetirdi. — Häziriň özünde gideýin-de, şoň ugruna çykaýyn. Belki, sizem ýanym bilen gidersiňiz? Ýörüň! Biz harby geňeşligi geçiris, Hopsy, demir ýoluň ýolbaşçylaryny çagyrys. Duz kessin, bir dakykany-da ýitirmeli däl... Ýolda barýakagam maňa barysyny jikme-jik gürrüň berersiňiz. Başga ýene näme etsekkäk? Walla, eliňizdäki halady beri zyňsaňyzlaň!
Bir dakyka geçip-geçmän Edaýdyr Kemp eýýäm aşakdady. Gapy giňden açylandy, iki sany poliseý entegem boşluga gözlerini dikip durdy.
— Jenap, gaçyp gitdi — diýip, olaryň biri hasabat berdi.
— Biz häzir merkezi müdirlige gidýäs — diýip, Edaý gürrüňini dowam etdirdi. — Siziň biriňiz paýtunçy tapyň-da, oňa yzymyzdan ýetmegi tabşyryň. Gyssanyň ahyry! Şunlukda, Kemp, indiki habar!
— It tapmaly — diýip, Kemp jogap berdi. — Olar görenok, ýöne duýgur. It tapyň.
— Ýagşy — diýip, Edaý ylalaşdy. — Size bir syram açaýyn: türme ýolbaşçysynyň Holstedde yzçy it saklaýan adamy bar. Şeýlelikde, itli mesele çözüldi. Ýene näme?
— Şunam ýadyňyzdan çykarmaň — diýip, Kemp düşündirmäge durdy. — Nahar iýip, bokurdagyndan geçiren mahaly, iýen zady görnüp durýandyr. Aşgazany tä siňdirýänçä bildirýä. Diýmek, garbanandan soň ol gizlenmeli bolýa. Her bir agajyň aşagyny, her bir künji agtarmaly. Ähli ýaragy, ýaragyň ornuny tutup biläýjek ähli

zady ýygnamaly, oňa hiç zady ýanynda uzak saklamak bolanok. Urmak üçin ulanyp bolaýjak odur-budurlary-da aňyrrakda gizlemeli.
— Onam ederis — diýip, Edaý jogap berdi. — Onuň bizden gaçyp gitjek ýeri bolmaz, wagt beriň.
— Ýollara-da... — Kemp başlady-da, kürtdürdi.
— Ýeri, näme? — diýip, Edaý sorady.
— Owradylan aýna gyýyklaryny sepmeli. Munuň özi, elbetde, gaty ýowuz darama, ýöne eger onuň nämeleri goparjagy barada pikir edeňde...
Edaý sygyryp goýberdi:
— Halys gözüni çykarma bolanokmy? Karam oýun dälmi? Ýagşy, birden hetden aşaýsa, ätiýaçdan ötri, taýýarlap goýmagy tabşyraýaryn.
— Size indi ol adam däl-de, wagşy diýip aýdyp durun-a! — diýip, Kemp janyndan syzdyryp gürledi. — Gaçyp gutulagada, özüni dürsedigi bes, onuň başagaýlyk goparmak hyýalyny amala aşyrjagyna şübhelenemok. Biz her edip-hesip edip ondan öňürtmelidiris. Onuň özi adamzadyň garşysyna çykdy. Goý, muňa jany bilen jogap bersin!

## XXVI Bap

## Uikstidiň ganyna galynmagy

Göze ilmezegiň häsiýetinden çen tutsaň, ol Kempiň öýünden guduz açana dönüp atylyp çykypdyr. Gapyjygyň agzynda oýnap ýören kiçijik çagajyk howada galgap, zarp bilen bir gapdala zyňyldy welin, neressejik aýajygyny mazaly agyrdaýdy. Şundan soň Göze ilmezek birnäçe sagatlap gaýyp boldy. Onuň ugrunyň hanjakdygyny, näme pişe bilen meşgullanandygyny asyl bilen tapylmady. Ýöne onuň şol iýunyň günortanky jöwzasynda özüniň şum täleýine gargynyp, ýokarlygyna, Port-Berdogyň aňyrsyndaky çalaran baýyr-depeleň üsti bilen aňyrlaryk ylgap gidenini arkaýyn göz öňüne getirmek mümkin, ahyrsoňunda-da argyn, surnugan halda Hintondiniň golaýyndaky gyrymsy agaçlaryň arasynda pena tapyndy, şol ýerde-de serini durlap, özüne meňzeşleriň garşysyna paşmadyk göreşini täzeden oýlap-ölçermegiň kararyna geldi. Has dogrusy, ol bada-bat hut şu jelegaýlarda gizlenendir, çünki günortan sagat ikiler töweregi şo taýda gaty haly harap, öz etini özi iýere geler derejede saňňyldap otyrdy.
Şonda onuň keýpiniň näderejede bolandygyny, nämäniň hyýalyna münendigini diňe çak etmek mümkindi. Ol, gürrüňsiz, Kempiň dönükligine ýaman kakyny tutandyr, Kempiň delilleriniň nämä esaslanandygy bütinleý düşnükli, herhal, onuň gazaba münmesini göz öňüne getirmek kyn däl, haýynlyk şeýlebir duýdansyz bolup geçdi welin, ony hiç bir babatda aklamak kyndy. Belki-de, Göze ilmezegi ýene-de aljyraňňylyk duýgusy gaplap alandyr, şeýle duýgyny Oksford-stritdäki wakalar mahaly başdan geçiripdi — ol özüniň adamzady başagaýlyga salmak babatdaky ýowuz maksat-hyýallaryny amala aşyrmaga kömek eder diýip Kempe öte bil baglapdy. Nähili bolanlygynda-da günorta töwerekleri ol ýitirim boldy, üçüň ýaryna çenli-de onuň näme pişe bilen meşgullananyny bilýän ýok. Adamzat üçin, belki-de,

bu oňyn tarapynadyr, ýöne özi üçin welin bikärlik, gymyldy-hereketsizlik ony puşeýmana getirdi.
Şu iki ýarym sagadyň içinde köp sanly adam herekete başlady, olar sebitiň ähli ýerine pytradyldy. Heniz irbada Göze ilmezek erteki, garantga pisint bir zatdy; günortan bolsa, Kempiň guraksy, ýöne täsirli çagyryşy netijesinde ol eýýäm bütinleý anyk, mese-mälim garşydaşa öwrüldi, ony ýaralamalydy, diri ýa-da öli gola salmalydy, şunlukda, tutuş ilat görlüp-eşidilmedik çakganlyk bilen göreşe taýýarlanmaga başlady. Göze ilmezek hatda gündiz sagat ikide-de demir ýol ulagyna münüp, başyny gutaryp biljekdi, ýöne sagat ikiden soň şeýtmek eýýäm mümkin däldi. Sautgempton, Mançester, Braýton, Horşem aralygyndaky ähli demir ýol ugurlarynyň ummasyz giňişliginde ýolagçy demir ýol ulaglary gapylary ýapylgy hereket edýärdi, ýük gatnadylyşy-ha tas togtadaňkyrladam. Uly aýtymda, Port-Berdogyň töweregindäki ýigrimi çakrymlyk aralykda, ýoldur çäkde elleri tüpeňli, serdesseli, ýanlary itli üç-dört adamly toparlar ysyrganyşyp ýördi.
Atly poliseýler gyrak-bujakdaky obalara aýlanýardylar, her bir öýüň ýanynda saklanýardylar, ilata gapylary ýapmagy, ýaragsyz çykmazlygy duýdurýardylar. Sagat üçde mekdepler ýapyldy, dowla düşen çagalaram birek-birege gyslyşyp, topar tutuşyp öýlerine bakan ylgaýardylar. Sagat dört töwerekleri, Kempiň düzen, Edaýýňam gol goýan çagyryşy sebitiň ähli ýerine ýelmenip çykyldy. Onda göreşiň ähli tärleri gysgaça, ýöne düşnükli görkezilipdir: Göze ilmezege iýer-içer ýaly zat bermeli däl, ýatmaga şert döretmeli däl, beýewbar nirededir bir ýerde bardygy bilnen mahaly üzül-kesil çäre görmek üçin hemişe ykjam, eserdeň durmaly. Häkimiýetiň hereketi şeýlebir çalt hem-de gujurlydy, aýylganç howp-hataryň öňündäki gorky-ürki şeýlebir güýçlüdi welin, garaňky gatlyşanda sebitiň tutuş birnäçe ýüz inedördül çakrym aralygynda gabaw ýagdaýy döredildi. Ynha, şol agşamam gorka bürenen hem-de durşy bilen gulaga öwrülen sebite elhenç galpyldama aralaşdy: jenap Uikstidiň ganyna galynmagy baradaky göz açyp-ýumasy salymdaky hem-de ygtybarly habar dilden-dile, agyzdan-agza geçdi.
Eger Göze ilmezegiň Hintondiniň golaýyndaky gyrymsy agaçlaryň arasynda gizlenendigi baradaky çaklamamyz dürs bolsa, onda ol, megerem, şo taýdan pälini ýamana dikip çykandyr, şol niýetini amala aşyrmak üçinem, elbetde, ýarag gerek. Şol niýetiň nämedigini kesgitlemek mümkin däl, ýöne şeýle niýet bolupdy. Meniň pikirimçe, munuň özi, jedelsiz; heniz Uikstid bilen çaknyşykdan ozal Göze ilmezegiň niredendir bir ýerden demir bölejigini tapmagy tötänden däldir.
Bu çaknyşygyň jikme-jiklikleri barada, elbetde, biz hiç zat bilemzok. Ol çagyl henneginiň gyrasynda, lord Berdogyň giň ýaýlagynyň derwezesinden iki ýüz ýard daşlykda bolup geçipdir. Bar zat aldym-berdimli göreşden habar berýär: torç edilen toprak, Uikstidiň köp sanly ýaralary, döwlen hasasy; hüjümiň ganojaklyk keselinden başga näme sebäbiniň bolup biljegini göz öňüne getirmek kyn. Akyl üýtgemesi baradaky pikir öz-özünden kellä gelýär. Lord Berdogyň kyrk bäş ýaşlaryndaky iş dolandyryjysy jenap Uikstid dünýädäki iň bir ýuwaş, sessiz-üýnsüz adamlaryň biridi, özem, gürrüňsiz, hiç haçan şeýle eýmenç duşmana ilkinji bolup topulmazdy. Jenap Uikstid, megerem, germewden goparylan uzyn demir böleginiň urgularyndan ýaradar bolan bora çemeli. Göze ilmezek hiç zatdan habarsyz öýlerine garbanmaga barýan bu

parahat adamy saklap, onuň üstüne topulypdyr, gowşak garşylygyny derhal basyp ýatyrypdyr, elini döwüp, görgüsi ýamany ýere pylçapdyr hem-de onuň kellesini mynjyradypdyr.

Uzyn demir bölegini, çaky, pidasyna duşmazdan ozal germewden sogran borly — ony eýýäm öňünden häzirläp goýan bolmaly. Bu wakany ýene iki ýagdaý aýyl-saýyl edýär. Birinjiden, çagyl hennek jenap Uikstidiň öýüne barýan ýoluň edil üstünde däl-de, eýsem, şondan iki ýüz ýard sowa ýerde ýerleşýärdi. Ikinjiden, mekdepden dolanyp gelýän gyzjagazyň aýtmagyna görä, merhum nähilidir bir geň, üýtgeşik ýöräp, meýdanyň üsti bilen çagyl hennege tarap barýan eken. Gyzjagazyň suratlandyryşyndan çen tutsaň, onda ol aram-aram hasasyny galgadyp, misli, nähilidir bir hereket edip barýan zadyň yzyna düşüp gidipdir. Biçäre jenap Uikstidi iň soňky gezek gören şo gyzjagaz bolupdyr. Betbagt göni ajalyna gelýän eken; ol oýtaňrak ýere düşüpdir, şo taýdaky daragtlaram gyzjagazyň gözünden soňky çaknyşygy gizläpdir.

Şu jikme-jiklikler, iň bolmanda, şu setirleri ýazýanyň gözüniň öňünde, Uikstidiň ganyna galynmagynyň beýle bir sebäpsizem däldiginden habar berýär. Geliň, pikir edip göreliň, elbetde, Griffiniň uzyn demir bölegini ýarag hökmünde götereni hakykat, ýöne onuň biriniň ganyna galmak niýeti bolan däldir. Ýolda oňa Uikstid gabat gelendir, ol howada düşnüksiz ýagdaýda galgap barýan uzyn demir bölegini görendir. Göze ilmezegi hyýalyna-da getirmän — şu jelegaýlardan Port-Berdoga çenli on çakrym ahyry — ol uzyn demir böleginiň yzyna düşüp biler. Onuň Göze ilmezek barada hatda eşitmedik bolmagy-da gaty mümkin. Şundan soňky wakalar öz-özünden aýan bolýar, Göze ilmezek özüniň bardygyny bildirmezlik üçin ýuwaş-ýuwaş daşlaşyp gidip barýar, Uikstid bolsa, kellesi göçüp hem-de odanyp, öz-özi hereket edip barýan geň zadyň yzyndan galan däldir, ahyrky netijede-de şol närse onuň depesinden inendir.

Elbetde, adaty ýagdaýlarda Göze ilmezek indi ýaşy durugşan kowguçydan hiç bir gypynçsyz arany açyp bilerdi, emma Uikstidiň jesediniň ýagdaýy şeýle oý-hyýallara atarýar: Uikstidiň şormaňlaýyna ol öz garşydaşyny gür çitçiti jeňňelligi bilen çagyl henneginiň arasyndaky burça gaban bolmaly. Göze ilmezegiň çakdanaşa kejigenini, ganyny gyzdyranyny ýada salsaň, onda galamasyny göz öňüne getirmek kyn däl.

Dogrusy, bularyň bary çaklama. Ýeke-täk şübhesiz hakykat (sebäbi çagalaryň gürrüňine hemişe bil baglap bolmaýar) — bu jany alnan Uikstidiň jesedi hem-de çitçitiniň üstünde ýatan gana boýalan uzyn demir bölegi. Çaky Griffin aljyraňňy ýagdaýda uzyn demir bölegini zyňan, näme maksat üçin şonuň bilen ýaraglananyny-da unudan borly, eger başda şeýle maksat bar bolanlygynda. Elbetde, ol özüni öte gowy görýärdi, üstesine, hiç kime ýüregini awatjak adam däldi, ýöne gana boýalan, nebsiňi-janyňy agyrdýan, aýagynyň astynda serlip ýatan pidasy, özüniň ilkinji pidasy onda kellesinden göçüp giden ökünç duýgusyny oýaryp bilerdi hem-de bet pygyllaryndan wagtlaýynça el çekdirip bilerdi.

Jenap Uikstidiň ganyna galanyndan soň Göze ilmezek, ähtimal, baýyrlaryň tarapyna gaçyp gidendir. Fern-Bottomyň ekinzarlygynda işläp ýören iki sany adamynyň agşamara nähilidir bir syrly sesi eşidendikleri barada gürrüň berýärler. Kimdir biri aglaýardy, gülýärdi hem-de iňňildeýärdi, aram-aramam çirkin-çirkin gygyrýardy.

Şulary eşitmek, megerem, aýylganç bolan bolsa gerek. Ses ýorunja meýdanynyň üstünden wazlap geçip, baýyrlardan uzaklarda ýitip gidipdir.
Şol gün Göze ilmezek, megerem, Kempe içini dökeninden soň, onuň ýagdaýdan gaty çalt peýdalanandygyna düşünen bolsa gerek. Çaky ol ähli gapylaryň gulpludygyny görendir, demir ýol menzillerinde kaňkandyr, myhmanhanalaryň töwereklerinde köwejekländir, dumly-duşda ýelmenen çagyryşlary, gürrüňsiz, okandyr hem-de özüniň garşysyna nähili ýöriş yglan edilendigine düşünendir. Iňrik garalyberende ýaragly adamlaryň toparlary meýdanlara pytrady, it sesleri gürelip ugrady. Adam aňtawyna çykan bu awçylar duşman bilen garpyşmaly bolaýan halatynda birek-birege nähili kömek etmelidikleri barada ýörite görkezme aldylar. Emma Göze ilmezege olardan gaça durmak başartdy. Eger-de onuň özi baradaky maglumatlaryň baryny özüniň habar berendigini, ynha, indem şolaryň rehimsizlik bilen özüniň garşysyna öwrülendigini ýatlasak, onda Göze ilmezegiň gazaba münmesine azda-kände düşünibem bileris. Şol gün ol, belli bir derejede, ruhdan düşendir. Eger Uikstid bilen çaknyşygy hasaplamasaň, ol özüni günin awa salnan ýyrtyjy ýaly duýdy. Ähtimal, gije oňa iýip-içmek, ukusyny almak başardandyr, çünki irden oňa ýene sowukganlylyk gaýdyp geldi: ol gaýrata galdy, süňňüni tutdy, mekirlik hem-de gahar-gazap dolanyp geldi, indem tutuş dünýäniň garşysyna özüniň iň soňky göreşine taýýar boldy.

## XXVII Bap

## Gabalan öýde

Kemp ýag degen bir bölek kagyza galam bilen ýazylan geň-taň hat aldy:
«Siz üýtgeşik gujur hem-de düşbülik görkezdiňiz — diýip, hatda aýdylýardy. — Ýöne welin şeýdip näme gazanaryn öýdüp tama edýäniňizi göz öňüne getirip bilemok. Siz garşyma gitdiňiz. Güni bilen yzyma it baryny küşgürip geçdiňiz, şeýdip meni dynçdan beýlekiden mahrum etjek bolduňyz. Ýöne siziň tamaňyz puç çykdy, garnymam doýurdym, ukymam aldym, tomaşany indi görersiňiz. Tomaşa indi başlaýar! Maňa başagaýlyk goparaýmakdan başga alaç galanok. Şu hatyň üsti bilen başagaýlygyň ilkinji gününi yglan edýärin. Indiden beýläk Port-Berdok melikäniň garamagynda däldir, şuny özüňiziň polisiýa ýolbaşçyňyza hem-de onuň hemşerilerine ýetiriň — ol meniň golastymda, başagaýlyk häkimiýetiniň golastynda. Şu gün — täze eýýamyň, Göze ilmezegiň eýýamynyň ilkinji ýylynyň ilkinji güni. Men Göze ilmezek Birinji. Meniň hökmürowanlygym başda rehim-şepagatly bolar. Birinji gün göz görkezmek üçin diňe ýekeje jeza ýerine ýetiriler, şonda Kemp atly adam jezalandyrylar. Şu gün ajal şol adamynyň yzyndan ýeter. Goý, gapylaryny gulplabersin, goý, bukulsa-bukulybersin, goý, töweregine garawul köküni goýubersin, eger, islese, sowuda-da bürenibersin — ajal, gutulgysyz ajal onuň üstüni basyp gelýär. Goý, howpsuzlyk çäresini görübersin: şeýtse, onuň ölümi meniň halkyma has güýçli täsir eder. Ajal şu gün günortan poçta gutusyndan herekete girişer. Hat hatgatnadyjynyň geläýjek uçurlarynyň öň ýany guta taşlanar — şeýdibem,

ýola düşer! Tomaşa başlandy. Ajal howpy onuň üstüne abanýar. Senem birden ajalyň pidasy bolmajak bolsaň, oňa kömek edäýmegin. Şu gün Kemp bakyýete göç eýlär».
Kemp haty iki ýola gaýtalap okady.
— Bu oýun-oýunjak däl — diýip, ol öz-özi bilen gürleşdi. — Hatdan şoň sesi gelýä. Onuň herekete geçjegi görnüp dur.
Ol kagyz bölegini beýlesine öwrüp, salgysynda «Hintondin» möhrüni gördi hem-de «2 pens tölemeli» diýen guraksy ýazgyny okady.
Kemp ertirlik naharyny oňly iýmän stoluň başyndan turdy — hat gündiz sagat ikide gelipdi — hem-de öz iş otagyna galdy. Ol hojalykçy zenany jaň bilen çagyryp, oňa derhal tutuş öýi aýlanyp çykmagy, penjirelerdäki ähli sürme kiltlerini gözden geçirmegi hem-de äpişge gabsalaryny ýapmagy tabşyrdy. Ýatalgahanadaky stoluň gulply gutusyndan çaklaňrak sapançasyny aldy, ony ilikdüwme barlaşdyrdy hem-de öýde geýýän keltekçesiniň jübüsine saldy. Soňra birnäçe hat, şonuň bilen birlikde Edaýa-da hat ýazyp, olary hyzmatkär gyza äkitmegi tabşyrdy, şonda öýden nädip çykmalydygyny jikme-jik düşündirdi. Ol:
— Hiç-hili howp-hatar ýok — diýdi, öz ýanyndanam: «Siz üçin» diýibem üstüne goşdy. Az-owlak oýurganyp oturdy, soňam sowap giden ertirlik şamynyň daşyna geçdi.
Ol pikirlerine gümra bolup, näme iýýänini özi-de bilenokdy. Soňam stoluň üstüni bat bilen ýumruklap goýberdi.
— Biz ony tutarys! — diýibem haýkyrdy. — Menem aldawaç borun. Ol hökman öte geçer.
Kemp çykan gapylarynyň ählisini berkden-berk ýapyp, ýokaryk galdy.
— Muňa oýun diýýäler. — Ol özbaşyna hüňürdedi. — Özem üýtgeşik oýun. Jenap Griffin, siz göze görünmezek bolsaňyzam, garadan gaýtmaz bolsaňyzam, ähli mümkinçilik meň tarapymda. Griffin *contra mundum*.[22]
Ol penjiräniň öňünde Gün şöhlesinden ýaňa ýalpyldap duran ýapgyt daga seredip durdy.
— Oňa her gün garbanmaga zat tapjak bolsa, aňsad-a düşmez. Höwes eder ýaly gün-ä ýok şoň. Geçen gije ukusyny alany beri çynmyka? Nirelerdedir bir açyk asmanyň astynda, özüňe-de hiç kimiň aýagy çolaşmaly däl... Ynha, eger şu yssa derek sowukdyr çygly howa düşsedi... Belki-de, ol şu dakykaň özünde meni synlap durandyr.
Kemp penjiräniň ýanyna golaý geldi hem-de birdenem gorkudan ýaňa yza serpikdi. Gözenegiň ýokarsyndan nämedir bir zat zarp bilen diwara degdi.
— Görýän welin, was-wasa düşüp ugrapdyryn öýdýän — diýip, ol özbaşyna hümürdedi, ýöne dogry bäş dakykanyň dowamynda penjiräniň öňüne barmaga milt edip bilmedi. — Megerem, serçe bolsa gerek — diýip dillendi.
Şu ýerde-de ol girelge gapysynyň jaňynyň sesini eşitdi hem-de aşak alňasady. Sürgini itdi, açary towlady, zynjyry gözden geçirdi, ony berkitdi hem-de özi görünmezden, seresaplylyk bilen gapyny çalarak açdy. Tanyş ses adyny tutup gygyrdy. Ol polkownik Edaýdy.

---

[22] Contra mundum — Tutuş dünýäniň garşysyna.

— Hyzmatkär gyzyňyzyň üstüne topulypdyrlar — diýip, Edaý gapynyň aňyrsyndan gürledi.
— Näme?! — diýip, Kemp gygyranyny duýman galdy.
— Ondan siziň iberen hatyňyzy alypdyrlar. Ol şu töwereklerde bolmaly. Meni öýe salyň.
Kemp zynjyry aýyrdy, Edaýam eýdip-beýdip çalarak açyk gapynyň darajyk yşgalaňyndan dykylyp geçdi. Kemp ýene gapynyň sürgüsini iten mahaly onuň ýüregi ýerine gelip, ýeňillik bilen dem aldy.
— Haty onuň elinden silkip alypdyrlar. Hyzmatkär gyzyňyz öler ýaly gorkupdyr. Şu wagt ol biziň müdirligimizde. Tutgaýy tutup ýatyr. Göze ilmezek nirededir bir golaý-goltumda bolaýmaly. Hatda näme ýazypdyňyz?
Kemp sögündi.
— Meň sammykdygymy! — diýip, ol jibrindi. — Aňaýmaly ekenim-ä: Hintondinden bärik bir sagada ýetmän ýöräp gelip bolýa ahyry. Eýýäm ýetipdir!
— Näme boldy? — diýip, Edaý sorady.
— Ine, serediň — diýip, Kemp Edaýy iş otagyna alyp gitdi. Ol Göze ilmezegiň hatyny oňa uzatdy. Edaý haty okap, ýuwaşja sygyryp goýberdi.
— A siz näme etjek bolduňyz? — diýip, ol sorady.
— Duzak gurdum — diýip, Kemp içini çekdi. — Kellämi işletmänem, etsem-goýsamly hatymy hyzmatkär gyzdan iberdim. Gös-göni elin eline düşer ýaly edipdirin.
Edaý Kempiň näletlerini çydam edip diňledi.
— Ol gaçyp gider — diýip, Edaý öz pikirini öňe sürdi.
— Aý ýok, gaçaýmaz — diýip, Kemp garşy çykdy.
Ýokardan döwlen aýnanyň pagşyldysy eşidildi. Edaýyň Kempiň jübüsinde sallanyp çykyp duran kiçijik sapançа gözi düşdi.
— Ses iş otagymdan gelýä! — diýip, Kemp ilkinji bolup basgançak bilen galyp ugrady. Heniz ýokaryk baryp ýetişmänkäler ýene pagşyldy sesini eşitdiler.
Iş otagyna baran mahallary üç penjireden ikisiniň döwlenini gördüler, ýeriň üsti aýna bölejiklerinden gyrmady, ýazuw stolunyň üstünde bolsa, saldamlyja togalak daş ýatyrdy. Dyr-pytraklyga seredip duruşlaryna ikisi-de bosagada sägindi. Kemp ýene gargynjyrady, şo dakykanyň özünde-de, misli sapançadan atylan ýaly, üçünji aýna-da jatyrdady, aýna döwükleri-de alaşakyrdy bolup, ýeriň ýüzüne pytrady.
— Beýtmek nämesine gerekkä? — diýip, Edaý, gep goşdy.
— Bujagaz entek bismillasy — diýip, Kemp jogap berdi.
— Şeýdeni bilen bärik dyrmaşyp bilmez-ä?
— Öýe hatda pişigem aýagyny sekip bilmez — diýip, Kemp düşündirdi.
— Ýapyşar ýaly gabsa ýokmy?
— Bärde-de ýok. Aşakdaky otaglaň hiç birinde-de ýok... Oh-o!
Aşakda aýna pagşyldysy hem-de güýçli zarba zerarly tagtalaryň şatyrdysy eşidildi.
— Bu, megerem, ýatalgahanada bolsa gerek, hawa, edil özi, şo ýerde. Tutuş öýi ýykan-ýumran edesi gelýä. Kellesi işlänok oň. Gabsalar ýapyk, aýna gyýyklary-da aşak gaçar. Aýaklaryny dilim-dilim eder.

Ýene bir aýna kül-pagyş boldy. Kempdir Edaý näme etjeklerini bilmän meýdançada durdular.
— Näme diýsene — diýip, Edaý gürrüňe başlady. — Maňa taýak ýa-da şoňa meňzeş bir zat beriň; men müdirlige gideýin-de, itleri getirmegi tabşyraýyn. Şonda biz ony tutarys! Olar bärik, gyzyp gitse, on dakykadan soň gelerler...
Penjireleriň ýene biri beýlekileriň kysmatyna ýolukdy.
— Siziň sapançaňyz ýokmy? — diýip, Edaý sorady.
Kemp elini jübüsine sokdy-da, sägindi.
— Ýok — diýibem, jogap berdi. — Belli bir derejede artykmajy-ha ýok.
— Men yzyna getirip biýrin — diýip, Edaý jogap berdi. — Size bärde howp-hatar abananog-a.
Utanjyna ýüzi gyzaryp giden Kemp sapançasyny berdi.
— Indi, ýörüň, gapyny açmaga gideliň — diýip, Edaý maslahaty biçdi.
Ikisi gapynyň agzyna barmaga ýaýdanyşyp, dalanda duran mahallary birinji gatdaky ýatalgahananyň penjireleriniň biri jatyrdady. Kemp gapynyň ýanyna baryp, mümkin boldugyndan, seresaplylyk bilen sürgini çekip ugrady. Onuň ýüzi öňküsinden birneme öçügsidi.
— Çaltrak çykyň — diýip, Kemp gyssady.
Sähelçe wagt geçip-geçmän, Edaý dessine bosagada peýda boldy, Kempem hasyr-husur sürgini itdi. Edaý biraz kürtdürdi: herhal, gapa ýaplanyp durmak rahadrakdy. Soňra dikgerdi hem-de basgançak bilen aşaklygyna ynamly gadam urdy. Ol otlugrak ýerden geçdi hem-de gapyjygyň agzyna golaý geldi. Otuň üstünden şemaljagaz öwsen dek boldy. Gapdalynda nämedir bir zat gymyldan ýaly duýuldy.
— Azajyk aýak çekiň — diýen ses eşidildi.
Edaý gazyk ýuwudana dönüp sägindi, eli bilen sapançany berk gysymlady.
— Näme boldy? — diýip, Edaý ýüzüni ak tam etdi, üstesine elhederem aldy; tutuş süňňünem galpyldy gaplady.
— Eger öýe dolansaňyz sizden juda minnetdar bordum. — Edil Edaýyň bolşy ýaly dartgynly, tutuksy ses eşidildi.
— Gynansak-da, başaryp biljek däl — diýip, Edaý birneme gyryljyk ses bilen gürledi hem-de gurap giden dodaklaryna dilini aýlady. Ses oňa çep tarapdan eşidilen ýaly bolup göründi. Bagta töwekgellik edip, atyp goýberseň niçik borka?
— Nirä barýaňyz? — diýip, Ses ondan sorady.
Ikisi-de çakgan hereket etdi, Edaýyň elinde sapança ýalpyldady.
Ýöne ol niýetinden el çekdi hem-de oýurgandy.
— Nirä barýanym bilen näme işiňiz bar? — diýip, ol ýuwaşja gürledi.
Şu sözleri aýdyp-aýtmanka göze görünmeýän el onuň boýnundan ýapyşdy, ýagyrnysyna-da dyz direldi, şonda ýykylyp gitdi. Eýdip-beýdip sapançasyny çykaryp, çak bilen atyp goýberdi; şo pursadyň içinde-de äňine güýçli zarba degdi, sapançasynam elinden silkip aldylar. Ol arkasyndan yza tesen göze görünmeýän aýakdan ýapyşjak bolup, nahak ýere arrygyny gynady, ýerinden galmaga çalyşdy, ýöne ýene ýykyldy.
— Nälet siňmiş! — diýip, Edaý haýkyrdy.
Gülki sesi eşidildi.

— Siz bilen bellisini ederdim welin, arman, ok zaýalanyma degenok — diýip, ol dillendi.
Edaý alty tirsekboýy dagy aralykdaky howada özüne tarap asylyp duran sapançanyň nilini gördi.
— Ýeri? — diýip, Edaý aşak çökdi.
— Turuň! — diýip, Ses buýruk berdi.
Edaý dikeldi.
— Gönel! — diýip, Ses kesgitli gürledi. — Bujagaz oýunjyklaňňyzyň barysyny goýuň. Ýatdan çykarmaň, ýüzüňizi mese-mälim görüp durandyryn, siz bolsa, meni görýän dälsiňiz. Öýe dolanyň.
— Ol meni içerik salmaz — diýip, Edaý jogap berdi.
— Juda haýpym gelýä — diýip, Göze ilmezek sözüniň yzyny ýetirdi. — Siz bilen hiç hili dawam ýokdy.
Edaý ýene dodaklaryna dilini aýlady. Ol sapançadan ýüzüni sowdy, şonda alysda günortanky Günüň ýalkymyna göm-gök hem-de garalybrak görünýän deňze, ýüpek deýin ýaşyl baýyrlara, ap-ak gaýaly burna, märekeli şähere nazary düşdi hem-de birdenkä durmuşyň niçigsi ajapdygyny syzdy. Ol asman bilen zeminiň aralygynda, özünden alty tirsekboýy daşlykda asylyp duran kiçijik demir zada nazaryny gönükdirdi.
— Men dagy näme etmeli? — diýip, ol tutuksy sorady.
— Men onda näme etmeli? — diýip, Göze ilmezek garşylyklaýyn sowal berdi. — Siz adamlary kömege getirsiňiz. Aý, ýok, yzyňyza dolanmaly borsuňyz.
— Synanyşyp göreýin. Bardy-geldi ol meni içerik salaýsa, yzym bilen atylyp öýe girmezlige söz berýäňizmi?
— Meň siz bilen hiç hili dawa ýerim ýok — diýip, Ses jogap berdi.
Edaýy daşaryk çykarandan soň, Kemp ýokaryk alňasapdy: aýna döwükleriniň arasyndan seresaplyk bilen geçip, iş otagyndaky penjiräniň ýanyna bukdaklap bardy hem-de aşak äňetdi. Ol Göze ilmezek bilen gepleşip duran Edaýy gördi.
— Näme üçin ol atmaýaka? — diýip, Kemp madyrdady.
Şu ikarada sapança gozgandy hem-de Güne ýalpyldap gitdi. Kemp ýüzüni kölegeledip, gözüňi gamaşdyryp barýan şöhläniň hereketini yzarlamaga çalyşdy.
— Güman edişim ýaly eken! — diýip, ol haýkyrdy. — Edaý sapançasyny gideripdir!
— Yzym bilen kürsäp girmejegiňize söz beriň — diýip, Edaýam şol wagt ony yrmaga dyrjaşýardy. — Işim şowlady diýip kelläňizi gyzdyrmaň. Nämedir bir zatda eglişik ediň.
— Öýe dolanyň. Gönüläp aýdýan: hiç zady wada beremok.
Çaky Edaý birden karara geldi öýdýän. Ol öýe tarap ýeňsesini öwürdi hem-de ellerini arkasyna tutup, haýaljakdan öňe ýöredi. Kemp ör-gökden gelip, ony synlaýardy. Sapança gaýyp boldy, soň ýene ýalpyldady, ikilenjem ýitdi hem-de Edaýyň yzyndan bir ädimem galman barýan kiçijik ýaldyrawuk zat ýene göze ildi. Şundan soňky wakalar ýyldyrym çaltlygynda bolup geçdi. Edaý yza bökdi, hyrra öwrüldi, sapançadan ýapyşmak isledi, ýöne tutup bilmedi, ellerini göterdi-de, ýüzin ýykyldy, onuň üstünde bolsa, kiçijik gök tüsse ýaýrap gitdi. Kemp tüpeň sesini eşitmändi.

Edaý yzygiderli sandyraklady, eline direnip dikeljek boldy, ýöne ýene ýykyldy hem-de hereketsiz ýatyberdi.
Kemp sessiz-üýnsüz parahat süýnüp ýatan Edaýa seredip, birsellem durdy. Howa yssydy, çöp başy gymyldanokdy, tutuş dünýä doňup galana ogşaýardy, diňe öý bilen gapyjygyň aralygyndaky agaçlaryň töwereginde iki sany sary kebelek biri-birini kowalaýardy. Edaý gapyjygyň ýanyndaky otçulykda ýatyrdy. Baýyrlykdaky ähli kaşaň ýaýlaglaryň perdeleri goýberilendi, ýöne kiçijik ýaşyl dalbarda ap-ak sudur görünýärdi — çaky bir goja dünýäni unudyp ýatan borly. Kemp howadaky sapançany saýgarmaga çytraşyp, dykgat bilen daş-töwerege garanjaklaýardy, ýöne ol gözden gaýyp boldy. Kempiň nazary Edaýa dolandy. Oýun çynlakaý başlapdy.
Kimdir biri girelgäniň gapysynyň jaňyny gitdigiçe gygyrdyp basýardy, erjellik bilen gapyny kakýardy, ýöne hyzmatkärler Kempiň görkezmelerine boýun bolup, içinden gurup, öz otaglarynda otyrdylar. Ahyry bar zat ýuwaşady. Kemp diňşirgenip, biraz oturdy, soňra gezekli-gezegine üç penjiräniň her birinden jyklady. Şonuň yzysüresi basgançaga mündi hem-de ýene üşerilip, diň saldy. Soňra dynç alynýan otaga bardy, şo taýdan kesewi bilen ýaraglandy hem-de ýene aşaky gatdaky penjireleriň içki kiltlerini barlamaga gitdi. Barysy berkdi hem-de ygtybarlydy. Ol ýokaryk gaýdyp geldi. Edaý henizem çagyl dökülen ýodajygyň gyrasynda gymyldaman ýatyrdy. Ýol bilen, kaşaň ýaýlaglaryň duşundan hyzmatkär zenan hem-de iki sany poliseý ýöräp gelýärdi.
Dym-dyrslykdy. Kemp üçin üç adam haýal golaýlap gelýän ýalydy. Garşydaşym näme işleýärkä diýibem öz-özüne sowal berýärdi.
Birdenem ol tisginip gitdi. Aşakdan şatyrdy sesi eşidildi. Biraz ýaýdanyp durandan soň, Kemp aşak düşdi. Oslagsyz ýerden tutuş öý agyr urgularyň sesinden hem-de jaýrylýan agajyň şatyrdysyndan ýaň salyp ugrady. Gabsalardaky demir kilkler şakyrdaýardy hem-de zyňňyrdaýardy. Ol açary towlap, aşhana barylýan gapyny açdy. Edil şo dakykanyň içinde-de otaga gabsalaryň bölekleri hem-de ownuklary pytrap gitdi. Kemp elheder alyp, doňup galdy. Penjiräniň çarçuwasynyň ýeke kese söýesinden öňňesi heniz abatdy, ýöne aýnasyndan welin diňe diş-diş gyra gaýmasy galypdy. Gabsalar palta bilen çapylandy, häzirem palta bat bilen çarçuwa hem-de penjiräni goraýan demir gözenege urulýardy. Birdenem palta bir gyra çekildi hem-de ýitip gitdi.
Kemp öýüň gapdalyndaky ýodajykda ýatan sapançany gördi, sapança şo pille ýokaryk bökdi. Kemp götinjekledi. Sähel salymdanam — tüpeň göçdi: Kempiň ýapmaga ýetişen aşhana gapysyndan bölünen taraşa onuň depesinden uçup geçdi. Ol gapyny açar bilen gulplady, edil şo mahalam Griffiniň gykylygyny hem-de gülküsini eşitdi. Soňra paltanyň paýhyn ediji zarbasy bilen ýene agaç jatyrdamaga başlady. Kemp pikirini bir ýere çugdamlap, dälizde birsellem durdy. Bir dakykadan Göze ilmezek aşhana girer. Bu gapam ony uzak saklamaz, ana, şonda...
Daşky gapynyň jaňy basyldy. Çaky poliseýler bolmaly. Kemp dalana ylgady, zynjyry berkitdi hem-de sürgini çekdi. Diňe hyzmatkär gyzyň adyny tutandan hem-de onuň sesini eşidenden soň, zynjyry aýyrdy; üçüsi-de topbagy bilen öýe yňdaryldy, Kempem şakyr-şukur gapyny ýapdy.

— Göze ilmezek! — diýip, Kemp dillendi. — Onuň sapançasy bar. Iki oky galdy. Ol Edaýyň ganyna galdy. Ýa-da ony ýaralaýdy öýdýän. Siz ony otlugyň üstünde görmediňizmi? Ol şo taýda ýatyr.
— Kim ýatyr? — diýip, poliseýleriň biri sorady.
— Edaý — diýip, Kemp jogap berdi.
— Biz howlyň arka ýüzünden geldik — diýip, hyzmatkär gyz dillendi.
— Bu jatyrdy näme? — diýip, beýleki poliseý sorady.
— Ol aşhanada... ýa-da basym şo ýerik ýeter. Bir ýerden-ä palta tapypdyr...
Birdenem paltanyň aşhananyň gapysyna urulýan sesi tutuş öýüň içine dolup gitdi. Hyzmatkär gyz gapa äňetdi, sandyraklady-da, damak iýilýän otaga götinjekledi. Kemp ýagdaýy üzlem-saplam düşündirýärdi. Olar aşhananyň gapysynyň ýerinden süýşenini eşitdiler.
— Bärik! — diýip, Kemp poliseýleri damak iýilýän otaga itip durşuna gygyrdy.
— Kesewini alyň! — diýip, Kemp gykylyklap, diwar pejiň ýanyna okduryldy, ol ýatalgahanadan getiren kesewisini birinji poliseýe, damak iýilýän otagdakynam — beýleki poliseýe berdi. Birdenem ol yza tesdi.
Poliseýleriň biri egildi hem-de gygyryp, kesewi bilen paltany saklady... Şonda sapançadan galan iki sany oklaryň biri göçdi, ok Sidneý Kuperiň elinden çykan gymmat baha surata degdi. Ikinji poliseý, edil aryny öldürjek mysaly, elindäki kesewi bilen ajal paýlaýan kiçijik ýaraga salgady, şonda sapança gütläp ýere düşdi.
Tutluşyk ýaňybir başlan badyna, hyzmatkär gyz çirkin gygyrdy, bir dakyka dagy diwar pejiň ýanynda durdy hem-de çaky kül-pagyş edilen penjireden halas bolaryn diýen niýet bilen gabsalary açmaga okduryldy.
Palta dalana çykdy hem-de ýerden iki tirsekboýy saklandy. Göze ilmezegiň agyr-agyr dem alýany eşidilýärdi.
— Siziň ikiňizem çekiliň — diýip, ol dillendi. — Maňa Kemp gerek.
— Bize-de siz gerek — diýip, birinji poliseý gürledi hem-de öňe zomap, Sesiň çykýan tarapyna kesewini aýlap saldy. Emma Göze ilmezege zarbadan sowulmak başartdy, kesewem saýawanlar üçin goýlan söýege degdi.
Poliseý zordan aýak üstünde saklandy, şol dakykanyň özünde-de palta onuň depesinden indi, demir tuwulgany, misli, kagyzdan ýasalan deý epin-epin edip taşlady, poliseýiň özem aşhananyň basgançagyna kelemenläp düşdi. Ýöne ikinji poliseý paltanyň ýeňse tarapyndan kesewi bilen gütletdi hem-de nähilidir bir ýumşak zada degdi. Agyrydan dörän gykylyk eşidildi, palta-da ýere gaçdy. Poliseý ýene kesewisini salgady, emma boşluga degdi; soňra ol paltanyň üstüne münüp, ýene bir ýola zarba urdy. Yz ýanyndanam, kesewini häzirläp, nähilidir bir hereketi duýmaga çalşyp, dykgat bilen diňşirgenmäge durdy.
Ol damak iýilýän otagdaky penjiräniň açylanyny eşitdi, soňam çalt-çalt gidip barýan aýak sesleri geldi. Depesine berlen poliseý ýerinden galyp oturdy; onuň ýaňagyndan gan syrygýardy.
— Nirede ol? — diýip, ýaradar sorady.
— Bilmedim. Ony ýelmedim. Eger gapdalyňdan suwlup geçip gitmedik bolsa, nirededir bir dalandadyr. Doktor Kemp! Jenap!..
Hiç kim hä bermedi.

— Doktor Kemp! — diýip, poliseý ýene gygyrdy.
Ýaradar haýallyk bilen ýerinden dikelip başlady. Şeýtmek ahyry başartdam. Birdenem aşhananyň basgançagyndan ýalaňaç aýaklaryň şypbyldysy eşidildi.
— Hopba! — diýip, birinji poliseý gygyrdy hem-de kesewini dazyrdatdy: kesewi gaz şahjagazyny ýepbeşdirdi.
Ol Göze ilmezegiň mekgesine münermen boldy, ýöne soňra pikirini üýtgetdi hem-de damak iýilýän otaga girdi.
— Doktor Kemp... — diýip, ol gürläp başlan ýaly etdi-de, sakga durdy. — Tüweleme, doktor Kemp-ä garadan gaýtmaz gözsüz batyr eken — diýibem, egninden jyklap duran ýoldaşyna ýüzlendi.
Damak iýilýän otagyň penjiresi serpilip durdy. Ne hyzmatkär gyz bardy, ne-de Kemp. Ikinji poliseý Kemp baradaky öz pikirini gysgajykdan maňyzly beýan edipdi.

## XXVIII Bap

## Awçynyň aňtalmagy

Kempiň öýüniň gabawy başlan mahaly goňşy kaşaň ýaýlagyň eýesi jenap Hilas özüniň dalbarynyň aşagynda irkilip ýatyrdy. Jenap Hilas az sanly keçje adamlaryň toparyna degişlidi, ol «Göze ilmezek baradaky bolgusyz toslamalara» hiç bir weçden hä berjek kişi däldi. Emma onuň aýaly welin, myş-myşlara ynanýardy hem-de soňy bilen muny adamsynyň ýüzüne basýardy. Jenap Hilas hiç zat bolmadyk ýaly öz bagyna gezmelemäge çykdy, günortan naharyndan soň, hemişeki endigine görä gyşarypdy. Göze ilmezegiň Kempiň öýüniň penjiresini çagşadýan mahaly ol dünýäni unudyp uklap ýatyrdy, ýöne birden tisginip oýandy hem-de oňaýsyzlygyň bardygyny syzdy. Ol Kempiň öýüne nazaryny dikdi, gözlerini owkalaşdyryp, ikilenjem şo tarapa äňetdi. Soňra aýagyny uzyn saldy hem-de diňşirgäp otyrdy. «Al kakmyş» diýip diline getirdi, emma geň-taň tomaşa ýitip gidäýenokdy. Öý, göýä, bir aý mundan ozalky derbi-dagynlykdan soň taşlanana ogşaýardy. Ähli aýnalar kül-pagyş edilendi, ýokarky gatdaky iş otagynyň penjiresinden başga ähli penjire içinden gabsalar bilen ýapylandy.
— Antam içip bilerin — diýip, jenap Hilas sagadyna seretdi. — Ýigrimi dakyka mundan ozalam barysy ýerbe-ýerdi.
Uzagrakda birsydyrgyn urgular hem-de döwülýän aýnalaryň sesi eşidilýärdi. Şundan soň, ol henizem agzyny öweldip oturan mahaly, mundanam beter geň-enaýy ýagdaý ýüz berdi. Damak iýilýän otagyň gabsalary serpildi, ana, şonda kellesi şlýapajykly, egni possunly hyzmatkär gyz penjiräniň öňünde göründi, ol hasanaklap gözenegi galdyrjak bolýardy. Birdenem onuň ýanynda ýene kimdir biri peýda boldy hem-de oňa kömekleşmäge durdy. Doktor Kempiň hut özi! Ýene bir dakyka — penjire açyldy, hyzmatkär gyzam şo taýdan çykdy; ol aldyrany bar ýaly ýüwürdi hem-de agaçlaryň arasynda gözden ýitdi. Jenap Hilas beýle haýran galdyryjy wakalardan ýaňa özüniň tolgunjyny düşnüksiz sözler bilen beýan edip, ör turdy. Ol Kempiň penjiräniň sekirtmegine çykanyny, şo taýdan bökenini, şo pilläniň özünde-de iki

gapdaly agaç oturdylan ýodajykda peýda bolanyny gördi; ol, göýä, kimdir birinden bukulýan ýaly eglip ylgaýardy. Ol daragtyň aňyrsynda ýitdi, soň ýene-de açyk meýdan tarapdaky germewiň ýanynda göründi. Göz açyp-ýumasy salymyň içinde-de germewden aşdy hem-de eňňit bilen gös-göni jenap Hilasyň dalbaryna tarap aldygyna ylgap gitdi.

— Ýa Ýaradan! — diýip, aýylganç pikire gaplanan Hilas haýkyrdy. — Bu şol haramzada Göze ilmezekdir! Diýmek, barysy dogry eken!

Jenap Hilas üçin şeýle pikir şuny aňladýardy: derhal herekete girişmeli, ýokarky gatdan synlap duran aşpez zenan hojaýynynyň ýyldyrym çaltlygynda öýe eňşine öwelip duruberdi.

— Nämeden basga galdyka? — diýip, aşpez zenan madyrdady. — Dabanyna köz basylan dek uçup gelýä.

Gapylaryň şakyrdysy, jaňjagazyň jyňňyrdysy hem-de bokurdagyna sygdygyndan orlaýan jenap Hilasyň sesi eşidildi:

— Gapylary guruň! Penjireleri ýapyň! Ähli zady ýapyşdyryň! Göze ilmezek gelýä!

Şo pilläniň içinde tutuş öý gyk-bakdan, galmagaldan doldy. Jenap Hilasyň hut özi daşy aýlawly eýwanyň gapysyny ýapmaga eňdi, edil şu pursadam haýatyň aňyrsynda Kempiň kellesi, eginleri, dyzlary göründi. Ýene bir dakykadanam Kemp sersepil joýasyndan towsup, tennis meýdançasy bilen öýe tarap myçdy.

— Bärik gelmek bolanok — diýip, jenap Hilas sürgini itip durşuna gürledi. — Eger ol sizi kowalap gelýän bolsa, juda nebsim agyrýa, ýöne bärik salyp biljek däl.

Kempiň gorkudan ýaňa terzi üýtgäp giden ýüzi aýna basyldy. Ol eýwanyň gapysyny düňküldetmäge hem-de tutawajy gazap bilen çekelemäge durdy. Nahak ýere arrygyny gynaýanyna düşünibem, eýwan bilen ylgap, baga bökdi hem-de gapdaldaky gapyny kakyp başlady. Soňra böwürdäki gapyjykdan çykdy, öýüň daşyndan aýlanyp, ýol bilen ýazzyny berdi. Ýüregine howsala düşüp, şondan bäri penjiräniň öňünden aýrylman duran jenap Hilasyň gözünden ýitip-ýitmänkä, sersepilli joýany görünmeýän aýaklar rehimsizlik bilen torç etdi. Şu ýerde jenap Hilas basgançakdan ýokaryk eňdi hem-de aňtawyň — kowgynyň soňuny görüp ýetişmedi. Ýöne penjiräniň duşundan ylgap barýarka böwürdäki gapyjygyň tarkyldap ýapylanyny eşitdi.

Köçä atylyp çykan Kemp, elbetde, eňňitden ylgap gitdi. Bary-ýogy dört gün mundan ozal iş otagynda otyrka aldyrany bar ýaly alakjap gelýäni ýaňsyly nazar bilen synlapdy, ynha, indem hut onuň özi şeýle ýagdaýy başdan geçirýärdi. Yzygiderli türgenleşip ýörmeýän adam üçin Kempiň ylgaýşy hiç neneň däldi, dogry, reňki öçüp, gara dere batypdy, şonda-da seri durudy, oý-pikiri dürsdi. Ol ýorgalap çapýardy, oňaýsyz ýerler, büdür-südür daş bölegi ýa-da Günüň şöhlesine ýaldyrap duran gyýçak aýna bölekleri öňünden çykan mahaly gös-göni şolaryň üstünden eňýärdi, şeýtmek bilen yzyndan kowup gelýän aýakýalaň nägehanyň ýoluny bulaşdyrýardy, ony kürtdürmäge mejbur edýärdi.

Kemp ömründe ilkinji gezek baýryň üsti bilen barýan ýoluň çakdanaşa uzyndygyna, çoladygyna, baýryň eteginden hol şäheriň çetine ýetmek üçin ymgyr daşdygyna göz ýetirip galdy. Dünýäde hereket etmegiň ylgaw ýaly kyn hem-de haýal täri ýok bolsa gerek. Günortanyň güneşine «meýmireşip» oturan kaşaň ýaýlaglar, görnüşi ýaly,

mazaly petiklenendi. Dogry, jaýlar onuň öz görkezmesi boýunça berk gulplanylandy. Eýsem-de bolsa, ätiýaçdan ötri, kimdir biriniň bolup geçýän wakalary yzarlamak kellesine gelendir ahyry! Alysda şäheriň sudury görnüp ugrady, deňiz gözden ýitdi, aşakda adamlar bardy. Edil şol wagtam baýryň etegine at goşulan demir ýol ulagy ýetip gelýärdi. Şo taýda-da polisiýa müdirligi bardy. Oh-ho, yzdan aýak sesleri eşidilýän ýaly-la? Bady gataltmaly!

Aşakda duran adamlar ondan gözüni aýyrmaýardy; birnäçe adam ýazzyny berdi. Kempiň demi boglara gelipdi. Indi at goşulan demir ýol ulagy gaty golaýjakdady, «Şadyýan kriketçiler» çaýhanasynda gapylary şakyrdadyp-şakyrdadyp ýapýardylar. At goşulan demir ýol ulagynyň aňyrsynda çalpaw topragy çalykdyrmak üçin pürsdür üýşmek çagyl bardy. Kemp ilki at goşulan demir ýol ulagyna towsup, gapynam ýapmaly diýen hyýala mündi, ýöne soňra, iň gowusy, gös-göni polisiýa barmaly diýen karara geldi. Bir dakykadan «Şadyýan kriketçilerden» geçdi hem-de ýoluň aýagujunda, adamlaryň arasynda peýda boldy. At goşulýan demir ýol ulagynyň arabakeşi hem-de onuň kömekçileri atlary goşdan aýyrmagy goýup, oňa agyzlaryny öweldişip äňedýärdiler. Çagyl üýşmeginiň aňyrsynda duran ýer gazyjylaram ony haýran galyşyp synlaýardylar.

Kemp biraz badyny gowşatdy, ýöne yzynda kowguçynyň tapyrdysyny eşidip, ýene ylgawyny gataltdy.

— Göze ilmezek! — diýip, ol elini düşnüksiz yza salgap, ýer gazyjylara gygyrdy, saý-sebäp bilen bagty getiribem, ganawdan böküp geçdi, şunlukda, Göze ilmezek bilen özüniň aralygynda birnäçe daýaw pyýada galdy. Polisiýa barmak pikirini beýnisinden çykaryp, ol boýy uzyn bolmadyk darajyk köçä sowuldy, gök-sök satýanyň arabajygynyň duşundan şaglap geçdi, elgarama dükanyň ýanynda bir pursat sägindi hem-de esasy köçä çykarýan iki gapdaly hatar bag ekilen ýol bilen ylgap gitdi. Daragtlaryň kölegesinde oýnaşyp ýören çagalar ony görenden, çygyryşyp, duw-dagyn boldy, birnäçe penjire açyldy, gazaba münen eneler onuň yzyndan nämedir bir zat diýşip gygyryşyp galdy. Ol ýene-de at goşulan demir ýol menzilinden üç ýüz ýard töweregi aralykda bolan Hill-strite hasanaklap geldi hem-de bagyryşyp, ylgaşyp gelýän adamlary gördi.

Ol köçäniň uzaboýuna baýra tarap äňetdi. Özünden on iki ýard aralykda şilliň ýer gazyjy ylgap gelýärdi, özem pilini galgadyp, uly ili bilen gargynýardy; onuň yzysüresi at goşulan demir ýol ulagynyň ýolagçylara hyzmat edýän kişisi ýumruklaryny düwüp ýüwrüp barýardy. Ýaňkyň yz ýanyndanam gaty-gaty gygyryşyp hem-de kimdir birine ellerini gezeşip, başga-da adamlar ylgaşyp gelýärdi. Beýleki tarapdanam şäheri nazarlap erkekdir aýallar alňasaşyp barýardy, Kemp şo pursat eli taýakly bir adamynyň dükandan atylyp çykanyny gördi.

— Gabaň ony! Gabaň! — diýip, kimdir biri haýkyrdy.

Kemp ýagdaýyň düýpgöter özgerendigine birden düşünip galdy. Ol sägindi, demini dürsäbem, daş-töweregine garanjaklady.

— Ol şu töwereklerde — diýibem gygyrdy. — Daşyny gabaň...

— Ähä! — diýen Ses eşidildi.

Kempiň gulagynyň düýbi şeýlebir gyzdy welin, entrekläp gitdi; ol göze görünmeýän garşydaşyna tarap öwrülmäge çalyşdy, ýöne zordan aýak üstünde durdy hem-de

boşluga goluny salgady. Soňra äňine güýçli zarba degdi hem-de ýere düňderilip gitdi. Sähel salymdanam garnyna dyz direldi hem-de iki sany el gazap bilen bokurdagyndan ýapyşdy, ýöne gollaryň biri beýlekisinden gowşak hereket edýärdi. Kempe Göze ilmezegiň penjelerini ýazmak başartdy, güýçli iňňildi eşidildi, birdenem Kempiň depesinden ýer gazyjynyň pili göterildi hem-de ölügsi ses bilen aşak indi. Kempiň ýüzüne nämedir bir zat damdy. Bokurdagyny bogup duran eller birden gowşady, Kemp erkiň zory bilen sypdy, tapdan düşen garşydaşynyň çygjaran egninden ýapyşdy, göze görünmeýän çiginleri ýere gysybam, onuň üstüne labyryny taşlady.

— Men ony tutdum! — diýip, Kemp çirkin gygyrdy. — Kömek ediň, kömek ediň! Ol bärde. Aýagyndan tutuň oň!

Göz açyp-ýumasy salym geçdi — tutluşyk ýerine tutuş märeke ýňdaryldy. Muny keseki biri görenliginde nähilidir bir aldym-berdimli futbol oýny gidýändir öýdüp pikir etmegi mümkindi. Kempiň gykylyk-galmagalyndan soň, hiç kim ýeke agzam gürlemedi, diňe urgy zarbalarynyň düňküldisi, aýaklaryň güpürdisi, haşşyldy sesleri eşidilýärdi.

Göze ilmezege görlüp-eşidilmedik gaýrat, tagalla bilen üstünden birnäçe garşydaşyny zyňyşdyrmak başartdy. Kemp awçy tazy deýin ondan aslyşdy, onlarça elem göze görünmeýän jandary tutaklaýardy, ýumruklaýardy, çekeleýärdi. At goşulýan demir ýol ulagynyň ýolagçylara hyzmat edýän kişisi onuň boýnundan tutdy hem-de ýere pylçap urdy.

Ýene-de adam gürmegi emele geldi, çabalanmalar başlandy. Şuny boýun almak gerek, dözümsizlik bilen ýençmek-ýençdiler. Birdenem jynssyz dady-perýat eşidildi: «Rehim eýläň! Rehim eýläň!» — Ses derrewem iňňildä geçip, doňup galdy.

— Sammyklar, goýuň ony! — diýip, Kemp boguk ses bilen gygyrdy, märeke-de gaýra tesdi. — Size ol ýaradar diýip aýdyp durun. Çekiliň!

Ahyry toparlanyşyp duran ganygyzgyn pyýadalary gyrarak çekmek başartdy. Şonda bar kişi doktor Kempiň ýerden biraz sallanyp, dyzlaryna çökenini gördi: ol göze görünmeýän elleri gysyp durdy. Poliseýem göze görünmeýän aýaklary basyp durdy.

— Sypdyraýmaň ony! — diýip, ýer gazyjy gana boýalan pilini galgadyp gygyrdy. — Jögülige salýa!

— Jögülige salanok! — diýip, Kemp göze görünmeýän göwräniň ýanynda dyzlaryna galdy. — Onsoňam, men ony berk tutup durun. — Kempiň ýüzi bozulypdy hem-de eýýäm pakgaryp ugrapdy; ol zordan gürleýärdi, dodaklaryndan gan syrygýardy. Kemp elini göterdi, çaky ýerde ýatanyň ýüzüni sermeleşdirýän borly. — Agzy durşuna myžžyk — diýibem, ol birden waýkyrdy: — Ýa Ýaradan Biribar!

Kemp hasyr-husur ýerinden galdy hem-de ýene göze görünmeýän jandaryň ýanynda dyza çökdi. Gaýtadan itenek-çomanaklyk, basa-baslyk başlandy, ylgap gelen bilesigelijileriň dükürdisi eşidildi. Ähli öýlerden adamlar bosdy. «Şadyýan kriketçileriň» gapylary giňden açyldy. Az gürlenilýärdi.

Kemp, göýä, boşlugy sermeleýän dek elini aýlady.

— Demi gelenok — diýip, ol dillendi. — Ýüregem uranok. Onuň böwri... oh!

Uzyn ýer gazyjynyň tirseginiň astyndan jyklan haýsydyr bir kempir çirkin gygyrdy.

— Serediň! — diýip, ol mürşüp giden barmagyny uzatdy.

Hemmesi kempiriň görkezen tarapyna seredeninde ýeriň üstünde mejalsyz ýatan eliň suduryny gördi; gol, göýä, aýnadan ýalydy, ähli bogunlary hem-de gan damarlaryny, ähli süňkleri hem-de degna ulgamlaryny saýgarmak mümkindi. Olar durulygyny ýitirip, adamlaryň gözüniň alnynda bulaşyp başlady.

— Oho! — diýip, polisiýa wekili gygyrdy. — Ana, aýaklaram görnüp ugrady.

Şunlukda, haýaljakdan, elleridir aýaklaryndan başlap, ýuwaş-ýuwaş ähli zerur ýaşaýyş agzalary boýunça ýaýramak bilen göwräniň şeýle geň-taň görünýän ýagdaýyna geçişi dowam edýärdi. Munuň özi ýuwaş-ýuwaş ýaýrap barýan zäheri ýatladýardy. Ilki bedeniň gowşak suduryny emele getirip, inçejik ak nerwler göründi, yzyndanam başda çalarak ümür örtülen görnüşe geçip, ýöne dessine tutuksylanyp hem-de dykyzlanyp, çygynlarydyr derisi peýda boldy. Basym kül-owram bolan döşi, gerdeni hem-de persala edilen ýüzüň bulaşyk suduryny seljermek mümkin boldy.

Märeke ahyry gaýyrrak çekilenden hem-de Kemp aýak üstüne dikelenden soň, onda bärik üýşenleriň barysyna ýeriň ýüzünde serlip ýatan otuz ýaş çemesindäki adamynyň gözgyny, mazaly ýenjilen, persala edilen jesedini aýyl-saýyl etmek başartdy. Onuň saçdyr sakgaly akdy, gojalaryňky kimin çal däldi-de, eýsem, albinosyňky ýaly ap-akdy, gözleri nar mysaly dym-gyzyldy. Barmaklary bükükdi, gözleri peträp durdy, ýüzünde-de gahar-gazap hem-de lapykeçlik alamatlary doňup galypdy.

— Onuň ýüzüni beri ýapaweriň! — diýip, kimdir biri gygyrdy. — Taňryň haky üçin, ýüzüni ýapyň!

«Şadyýan kriketçiler» çaýhanasyndan getirilen ýukajyk örtgi bilen jesediň üstüni ýapdylar hem-de ony öýe geçirdiler. Şo taýda, göz-gülban düşekde, bolgusyz, alagaraňky otagda, nadan, kellesi göçgün märekäniň arasynda ýenjilen hem çylgym-çylgym ýara salnan, öz tutan ýoluna ygrarly hem rehimsizlik bilen öjükdirilen — adamlaryň arasynda ilkinji bolup göze görünmezligi başaran Griffin özüniň üýtgeşik hem-de aýylganç ömür ýoluny paýawlady. Griffin — zehini daş ýarýan fizikdi, onuň deňine ýetip biljek entek dünýä inen däldir.

## Sözsoňy

Göze ilmezegiň üýtgeşik, täsin hem-de soňy pajygaly, heläkçilikli synagy baradaky kyssa şeýleräk gutarýar. Beýewbar ol hakda köpräk bilmek isleseňiz, onda Port-Stouwyň ýanyndaky çaklaňja traktire baryň-da, onuň eýesi bilen hemsöhbet boluň. Bu traktiriň tagta ýazgysynyň bir gapdalynda şlýapa şekillendirilen, beýleki tarapynda — bir jübüt köwüş, onuň ady bolsa, şu kitabyň sözbaşysy bilen birmeňzeş. Hojaýyn — pessejik, uzyn burunly, irimçik saçly hem-de ýüzi çym-gyzyl ýognas adam. Köpräk harç etseňiz, ol ýokarda beýan edilen wakalardan soň özüne nämeleriň bolanyny, ýanyndan tapylan pullary kazyýetiň almaga çytraşyşyny jikme-jik gürrüň bermegi hossa bilmez.

— Olar şo pullaň kimiňkidigini kesgitlemegiň başartmajagyna göz ýetirenlerinden soň — ahow, özüňiz bir oýlanyp görüň — meni gazna öwürmeli diýip gürrüň edip başladylar. Hany aýdyň, meň, heý, gazna meňzeýän ýerim barmy? Soňam şu wakany

mýuzik-hollda — estrada teatrynda aýdyp berýänim üçin bir jenap maňa her gün bir gineýadan[23] hak töledi.
Eger onuň tükeniksiz ýatlamalaryny bada-bat togtatmak isleseňiz, onda size diňe şu gürrüň berilýän wakada haýsydyr bir golýazma kitaplaryň nepi degdimi diýip soraýmak galar. Şonda ol kitaplaryň, näme üçindir, hakykatdanam, bolandygyny aýdar, yzyndanam ähli kişi hamala, şol kitaplaryň, henize bu güne çenli özündedir öýtse-de, munuň galatdygyny, olaryň özünde ýokdugyny ant içip tassyklamaga durar!
— Göze ilmezegiň özi olary menden aldy, heniz ondan gaçan hem-de Port-Stouwda gizlenen mahalym olary nirelerdedir bir ýerde gizläpdi. Hamala kitaplaň mendedigini — bulaň baryny jenap Kempiň özi toslaýa.
Şundan soň ol her sapar oýa batýandyr, ogrynça sizi synlaýandyr, galagoplylyk bilen bulgurlary süpürişdirýändir hem-de ahyrsoňunda-da otagdan çykýandyr.
Ol syrma sallah, sallah häsiýetleri ir döwürden bäri süňňüne siňen, öýde-de ýekeje zenanam ýok. Özüniň ähli üstki geýimini, penjek-balagynyň böleklerini ilikler arkaly berkidýär — muny onuň ýagdaýy talap edýär — ýöne egnaşyr kemerlere hem-de içki eşiklerine gezek gelende ol henizem uçgurlary ulanýar. Işe gezek gelende beýle bir edenli däl, emma özüniň traktiriniň abraýy üçin welin juda aladalanýar. Onuň hereketleri haýal, hemişe oýa çümüp ýörendir özem. Şu töwereklerde akylly-başly adam saýylýar, onuň aýawlylygyna hemme kişi hormat goýýar, Günorta Angliýanyň ýollary hakda-ha ol size islendik ýol görkezijiden has köp maglumat berer.
Her ýekşenbe irden — ýylyň islendik döwründäki her bir ýekşenbede — her günem agşam sagat ondan soň ol eline bir bulgur şerbet alyp, myhman otagyna barýar, şundan soň gapyny ykjam gurýar, perdeleri sermeşdirýär, hatda stoluň aşagyna-da seredip çykýar. Özüniň tenha-täkdigine göz ýetiribem, yşgaby açýar, soň yşgapdaky gapyrjagy açýar, şo ýerden üç sany goňur gaýyş jiltli kitaby çykarýar hem-de olary neşeläp, stoluň ortasynda goýýar. Jiltler tüýdülipdir, ýaşyl heňe basyrylypdyr (çünki öz döwründe bu kitaplar çukuryň içinde galypdy), käbir sahypalaryny bolsa, hapa suw bütinleý haraplapdyr. Öý eýesi kürsä çökýär, haýran galyjy nazaryny kitaplardan aýyrmanam, haýallyk bilen toýun şybygyny doldurýar. Soňra kitaplaryň birini öňüne çekýär hem-de sahypalary bir görseň, başyndan soňuna çenli, bir görseňem, soňundan ahyryna çenli waraklap, ony öwrenmäge başlaýar. Onuň gaşlary ýygyrylan, özüne zor salmadan ýaňa dodaklary-da müňküldäp dur.
— Alty, ýokarda kiçijik iki, atanak hem-de çyrmaşyk. Eý, Hudaý, muň nähili kellesi bolan!
Biraz wagtdan soň onuň jan çekmesi gowşaýar, ol kürsä ýaplanýar hem-de hamala, otagyň jümmüşinde garamaýak adam üçin elýetmez bir zady görýän ýaly, şo taýyk nazaryny dikýär.
— Bärde syr kök-ä bar — diýip, ol öz-özi bilen gürleşýär. — Geň-enaýy syrdan gyrma... Wah, şolaň magadyna ýetip bolsady! Şonda men-ä şoň edişi ýaly etmezdim. Men welin... wah!..
Şu ýerde-de ol arzuwlaryň ham-hyýalyna, hiç haçan kalbyndan öçmejek jadylaýjy arzuwlarynyň ham-hyýalyna gark bolýar. Armany-ýadamany bilmeýän Kempiň tükeniksiz tagallalaryna garamazdan, göze görünmezligiň syry hem-de başga-da

[23] Gineýa — Iňlisleriň gadymy altyn puly (ter. bel.).

birgiden üýtgeşik, täsin syrlary özünde jemleýän bu kitaplaryň nirededigini traktiriň eýesinden başga dünýädäki hiç bir adamam bilenok. Muny tä ol ýagty jahan bilen hoşlaşýança hiç kimem bilmez.

**1897 ý.**

**Terjime eden Çary GELDIMYRADOW**